SAPARGELDI ANNASÄHET
INER OGLY

# KELTEGOŇUR KYSSASY

*(powest)*

# KELTEGOŇUR KYSSASY

*(powest)*

Çöl beýewanda atlaryny gorgunyna goýberip gelýän gyrmyzy donly, silkme telpekli bir toplum jigit «Ýirjikleriň ýaýlasy» diýilýän obaly-oturymly oýa aýak basanda, tüpeňi egninden sypyryp, öňüne keserdip aldy. Takyryň syrt kenarynda hatar tutan öýlerde neneňsi nägehan belanyň «geläýseň bolýar» diýip pynhan ýatanyny nireden bilersiň? Hernä, bolsa-da, ýataklarda iltelgi duran at-ulag-a göze ilenok. Ýalkap baýyň beýleki öýlerden gümmezekläp saýlanyp duran alty ganat ak öýüniň gapysy hem, görmäge, imisalalyk. Etjek işiňi dessalym, tarka-turkasyz edip gaýdybermeli. Kowalaýanyň garakçy-galtaman bolsa, munuň ýaly amatly pursat her haçan tapdyryp durýamy. Jigitleriň baştutany Gara Baýmyrat – Daşaýak lakamly dyzmaç, batyr syýak esger üzeňňä galyp:

– Sürüň-haw, ýigitler! – diýdi-de, öňden gümürdäp eňdi.

Gamçynyň şarpyldysyna ýel ýaly göterilen atlar salym geçmänkä oba aralaşdy. Baýyň öýüni töwerekleýin gallap, hamala, at däl-de, aždarha ýaly, agyzlaryny giň açyşyp, gyzgynyna gaýşaklaşyp, biri-birinden beter

bökjekleşdi. Daşaýak ýanynyň iki sany jigidi bilen uly şakyrdy turzup, işikden urrukdyryp girdi. Emma öýüň törüne gezelen bäşatardyr onbiratarlaryň niliniň öňünde, jigitleriň hyrsyz garaklarynyň astynda baýyň garry enesi, aýaly, gelni, ýetişen gyzy hem çülpe çagalary diýmeseň, başga adam ýokdy.

– Ýeňňe, Ýalkap baý nirede?

– Mal-gara aýlanaýyn diýip, Tüme gitdi.

Ýaşy kyrka ser uranam bolsa, juwanlyk görküni saklan baý aýaly Begsoltan ýaragly jigitlerden birjigem eýmenmän, gelşikli boý-synasyny dim-dik saklap, polat suwy berlen ýaly ýüzüni berk tutup, gaty ynamly hem merdemsi jogap berýärdi. Zenanyň owadan gara gözlerinde gandaryny gören adamyň ýangynly ýigrenç duýgusy ot-alaw bolup ýalp-ýalp çakylýardy. Hakykatdan hem, bu jigitler onuň ganym gandarynyň janalgyç jelladydy. Eýsem bular öten gyş Begsoltanyň ile belli galtaman dogany Dähede batyry ymgyr çölüstanyň Düňderilen düz diýen ýerinde atyşyp şehit etmänmidi. «Wah, Dähede dogan nähili ýigitdi!» diýip, ahmyrly zenan içini tutup jowranýardy. «Ýigidiň naýbaşy diýerdiler oňa! Özem dogan okaşan ýegre dosty Gulaly goňur bilen Alynyň ala meýdanyna

atlanyp çykanda, ol ikisi bilen ýüzbe-ýüz duruşmaga bujagaz jigdekçeleriň ömrylla bogny ysýamydy?! Ýöne, şol gezegem, şol armanly atyşykda-da, ony halys köpläp alaýypdyr namartlar. Her näçe edermen batyr bolanda-da, ýüz adamyň öňünde iki kişi durup bilmez ahyryn. Onsoňam Dähede bilen Gulaly oýtaksyz, tümmeksiz şyr takyrda ýatyp atyşmaly bolýar. Jigdekçeler bolsa titirligiň içinde şor tümmekleri pena edinip, özleri üçin amatly ýagdaýdan peýdalanyp, karam uruş eden. Gün ýere duwlanyp, iňrik garalanda, Dähede neresse ýazzy maňlaýyndan ok degip, amanady tabşyrýar. Birki ýerinden gyltyz ýaralanan Gulaly bolsa ýüzüni garaňka tutup gaçyp sypypdyr. Ol kyýamatlyk doganynyň ganyny almak üçin, häzirem bu ganymlara ulukjyn aldyryp ýör. Süýtdeş doganymyň kyýamatlyk dogany eýsem meniňem kyýamatlyk doganym bolmaýarmy? Ol meniň eziz doganymyň ornuny tutmaly dälmi?..»

Ondan-mundan gulaga degýän gürrüňlere görä, Gulaly goňur serhet aňyrsyndan ýurda darap giren mahaly, her gezek Ýalkap baýyň öýünde myhman düşüp geçýärmiş. Begsoltan bolsa ony gadyr bilen garşylap, edip bilen hyzmatyny edýärmiş. «Jan doganymyň janybir dogany gelipdir» diýip, söwüş goýun soýdurýarmyş. Ýanynda ýanaşyk oturyp, onuň

çaýyny agdaryp-guýup berýärmiş. Ugradanda başyna iňňeden çykma akgaýma jambörük geýdirip, egnine goşa gyrmyzdon ýapyp, aýagyna kamys ýaly ak dolak dolap, horjunyny gatlamadan hem ýahnadan dykalap dolduryp goýberýärmiş. Ýalkap baý bolsa aýalynyň bu edýän işlerine däl diýmeden geçen, gaýtam onuň özi hem Gulaly galtaman bilen dostsuran bolýamyş. Naýynsap baý dabarasy dag aşan galtamana arkalanyp, goňşy çarwalary ata-baba oturan ýerinden hem mal örüsinden gysyp çykarýarmyş. Ýeri, güýjüm ýetýär diýip, munuň ýaly göz-görtele sütem edibermeli bolarmy?! Bu zatlar türkmeniň gadymdan gelýän urp-adatyna-da sygjak zat däl ahbetin. Özem, düýp-teýkaryny yzarlasaň, belanyň körügi şu baýyň aýalynda bolmaly. Ýüz-gözi lowurdap duran bu gylykly zenan akyly, erkanalygy bilenem tapawutlanyp, öýüň bar ygtyýaryny öz eline alypdy. Ýalkap baýy bolsa-ha ol baryp ýaş gelinkä gyzgyn söýgüsi bilen jadylap, gapy guluna öwrüpdi. Däbe görä, uly baýlar başdaşynyň üstüne ikini-üçini alyp, dünýäniň sapasyny sürýändir welin, emma Ýalkap baýyň beýle zada milt edibem biljek gümany bolmaz. Häzir bolsa Daşaýagyň baştutanlygynda gelen bu jigitler otrýad komandiriniň orunbasary Mädoraz dypowyň ýa-da jigitleriň öz arasynda aýdyşy ýaly aýdanyňda, dypow

komandiriň buýrugy bilen galtaman ýarany Ýalkap baýy tutup äkitmelidi.

– Baýyň Tüme gidenine birki gün boldy – diýip, Begsoltan ýüzüni berk tutup, jigitleri äsgermeýän ýaly, ap-arkaýyn üstaşyr seretdi. Bu gepiň aç-açan ýalandygyna Daşaýagyň gözi ýetigem bolsa, aýal adamy nähili tär bilen dogry gepledip bolýandygyny bilip bilmän, jigit özüniň alaçsyz ýagdaýyna gaharlanyp durdy. Daşaýak özüniň gelşikli garaýagyz ýüzüni çytyp, şar gara gözlerini ünjüli gyrpyldadyp: «Bu aýjyna el urubam-a bolmaz. El urmasaňam bu kes-kelläm zat aýtmaz» diýip, çykalga gözleýärdi. Ol hiç haçan zenan maşgala el urup gören adam däldi. Beýle işiň häzirem onuň elinden gelmejegi bellidi. Şu ýagdaýda gury haýbat atan bolmadan başga alajam galanokdy.

– Biz baýyň obada bardygyny anyk eşidip gaýtdyk. Siz dogryňyzy aýtsaňyz, özüňiz üçin gowy bolar...

– Eziz doganymyň ganyna galaňsoňyz, men sizden gowulyga garaşar öýdýäňizmi? «Nähak gan ýerde ýatmaz» diýlendir. Ynha görersiňiz, kasas kyýamata galmaz! Hemmäňiziň serpigiňiz çekiler! Hudaý jan tepbediňizi berer! – diýip, Begsoltan gahardan ýaňa saňňyldap sürünýärdi, ýumrugyny ýumrugyna urup,

dişini gyjap, agzyndan ot saçýardy. – Wah, Taňrym meni aýal ýaradaýypdyr! Ýogsam, özüm ata çykyp, tä ölýänçäm siz bilen gidişerdim! Sizi gyryp, içimi sowadardym!..

Şu mahal baýyň aýalynyň köýneginden ýapyşyp duran iki-üç ýaşly körpeje gyzjagaz ejesiniň ýangynly gepleýşine agyzjygyny öweldip, howatyr bilen bakýardy. Daşaýak Ýalkap baýyň nirededigini aýtdyrjak bolup, gaýtadan gyssap başlanda, ýaňy dil çykaran gyzjagaz öýüň dulunda gök kürtäniň astynda güberilip oturan gelne bakan inçejik barmajygyny çommaltdy-da:

– Dätde, dätde – diýip peltekledi.

Hakyky ady Aýdogry Käşän bolsa-da, obasynda Änewli lakamy berlen tüňňümaňlaý, mölegöz, burunlak jigit gödeksi häsiýetine görä düňk edip, töre böküp geçdi-de, çalasynlyk bilen ýaşyl kürtäni silkip aldy welin, duranlar içini çekenlerini duýman galdy. Görseler, ýaşyl kürtäniň aşagynda gara dere batyp, selçeňje mor sakgalyny sallap, müzzerip oturan ýirjik tiresiniň arsyz baýy Ýalkabyň özi bolsa näme! Wah, türkmeniň adyna ysnat getiren peläket diýse! Beýdip janyňy gutaranyňdan-a müň kerem öleniň abraýly dälmidir?! Ýigitler atlaryny güpürdedişip gelende, gyssagarada

baýyň başyna kürte atan, megerem (günäsini it götersin welin), onuň basan ýerinden ot çykýan dogumly aýaly bolsa gerek. Indem ol aýal duýdansyz ýerden syrynyň paş bolanlygyna aljyrap, dili tutulan ýaly bolup durdy. Ýa, Hudaý, indi nähili borka? Bu gan ýuwdan janalgyçlar baýy alyp gidibirmikäler? Honha, gör, ol mölegöz murtlak päliýaman, baýyň ezeneginden çaňňaly urup, ony zöwwe ýerinden galdyrdy.

Bu öýüň garry enesem, uly gyzam, çülpe çagasam äkidiljek bolnup duran betbagtyň syýyndan asylyp, uly ili bilen «waý-da-waý» aglamaga başlady. Ýalkap ýirjigiň özem lopbuş ýüzüniň ganyny gaçyryp, monjuk ýaly togalajyk gözjagazlaryny depesine dikip, selçeň mor sakgalyny saňňyldadyp, öz ýanyndan öýüdir çagalary bilen hoşlaşyp durdy. Belkem, ol eýýäm janyndanam umyt üzendir. Emma şu ýerde düýbünden garaşylmadyk bir zadyň bolmagy hemmäni haýran galdyrdy.

– Atlanyň-haw, ýigitler! Bu öýde erkek göbekli ýok ekeni! – diýdi-de, Daşaýak gapyny şakyrdadyp, dazlap daş çykdy. Änewli bilen beýleki jigidem onuň yzyndan okduryldy.

Baýyň aýaly Begsoltan aňyna aýlanyp-aýlanman, işikden daşary garanda, jigitleriň tutuş toplumynyň

atlaryny ýüzin salyp, obadan saýlanyp barýandygyny gördi.

Şol günüň agşamy hem baýyň öýüne onuň husnubelent keýwanysynyň kyýamatlyk dogany Gulaly galtaman gelip düşdi.

***

Şäherdäki uly kerwensaraýyň giň howlusyny eýelän atly jigitleriň otrýady komandir bilen onuň orunbasarynyň öňünde irki nyzama düzlüpdi. Egni ykjam gaýyş kurtkaly, başy papakly, gapdalyndan mauzer asan Nazar komandir hatara atlylara, endigine görä, asudalyk bilen göz astyndan syn edýärdi. Jigitleriň pikiriçe, komandir her näçe talapkär hem bolsa, özi diwaly dogry kesýän, hak ýerinde jigidiň arkasynda durýan adyl adamdy. Emma komandiriň orunbasary diýlip täzelikde iberilen Mädoraz dypowyň näjüre kişidigine jigitler entek doly göz ýetirip bilenokdy. Çyn bolsa, hökümet hemme otrýadlara dypowdan adam iberip, olary syýasy taýdan berkidýärmiş diýen gürrüň bardy. Aýdylany ýaly, Mädoraz dypow gelen gününden syýasata agram berip başlapdy. «Galtamançylygy tutuşlygyna ýok etmek üçin diňe bir ýarag güýji ýeterlik däldir» diýip, ol häli-şindi nyzamyň öňünde

gaýtalaýardy. «Galtamanyň bilini oňurmak üçin has zarply serişdäni, ýagny syýasaty ulanmak zerurdyr. Biz halk bilen galtamanyň arasyndan çuňňur jar geçirmelidiris». Jigitleriň içinden garagol birisi «jar geçirmeli» sözüne düşünmediksirän bolup: «Näme, indi biz elimize pil alyp, gazy gazmalymy?» diýip, içýakgyç sorag beripdi. Emma orunbasar erkanalyga öwrenişen jigitleriň ýaňsydyr gülküsine üns bermän, etjek işini berk bilýän adam ýaly, gün-günden otrýadyň ygtyýaryny öz gysymyna gysyp barýardy. Ady tutulanda, köne endige görä, oňa «kiçi komandir» diýip ýüzlenýän bolsalaram, ol Nazar komandirden pes oturanokdy. Nazar komandiriň bolsa, bilmersiň näme üçindir, işden eli sowapdy. Ol başga käre geçjekmiş diýibem gürrüň edilýärdi.

Ynha, häzirem Mädoraz dypow arasy açyk goýlan ýuwansy bäbeneklerini süzgekledip, başyny yralap-yralap, uçursyz parasatly hem köp bilýän adamyň agras keşbine girip, öwrendegine görä, gep nokatlap, nyzamyň öňünde nokgy-nokgy sözleýärdi:

– Ýoldaş Baýmyradow! – diýip, ol Daşaýaga ýüzlendi. – Siz bilýäňizmi, Ýalkap baýyň kimdigini? «Ýoksullar häkimiýetiniň ganym duşmany» diýsek, siz ylalaşarsyňyz dälmi? Ýa-da «Gulaly galtamanyň

hemaýatçysy» diýsek, muňa-da garşy bolmarsyňyz-la? Şu ýagdaýda baýy tutup getirmek barada size gönüden-göni buýruk berildi. Dogry gerek? A siz nätdiňiz? Howply duşmany ele salybam, tutman gaýtdyňyz! Ýeri, muňa nähili düşünmeli?

– Aý, kiçi kemendir! Men heleý bilen uruş etmek üçin ata çykamok! – diýip, Daşaýak kejeňeklik bilen ýüzüni kese-kese sowup jogap berdi. – Namartlap, kürte berenen erkek kişi türkmençilikde heleýçe-de görülýän däldir! Ol bagty ýatany maslyk süýrän ýaly süýräp gaýdan bolsak, il-gün bize näme diýerdi? Hanha, haýatyň aňry ýüzünde ýurduň uly bazary wag berýär. Şoňa ýygnanan millet näme diýerdi? Şol bazaryň agzyna düşen gürrüň ertesi gün bütin Türküstana dolmaýarmy? Siz, gowusy, meni heleý üstüne ibermäň-de, Alynyň ala meýdanynda gapma-garşy, ýüzbe-ýüz durşup biljek gylyç gemren, gülle ýuwdan aždarhanyň üstüne iberiň! Türkmençilige sygmaýan zady buýurmaň!

– Päheý! «Türkmençilik» diýip bir zat tapdyň-a! – Mädoraz dypow ýalpak ýüzüniň ulumsyja, ynamlyja sypatyny üýtgetmän, gözlerini içýakgyç süzgekledip gepleýärdi. – Köne dünýäni teýim-takyra öwrüp, onuň ýumrulan harabasynda täze dünýäniň binýadyny tutýarkak, taryhyň çarhyny kommunizme tarap

burýarkak, şu tetelli galak düşünjelere ten bermek aýyp dälmidir? Köne dünýäni çagşatmagyň, ýykyp weýran etmegiň, ýumurmagyň hatyrasyna, biz hiç zatdan gaýtmaly däldiris. Baýlary, kulaklary, ruhanylary hem-de olaryň guýruklaryny köki-damary bilen köwläp ýok etmek biziň mukaddes borjumyzdyr! Synpy ýigrençden ýaňa biz dişimizi gyjap, daşa agyz urmalydyrys. Sizde bolsa, ýoldaş Baýmyradow, synpy ýigrenç ýok! Biler bolsaňyz, biziň paýymyza uçursyz hormatly taryhy wezipe düşendir! Taryhy wezipäni ýerine ýetirmek bolsa uly bagtdyr! Biz adamzadyň geljege barýan ýoluny arassalaýarys. Şu ýolda duşman näçe köp bolsa, şonça-da ony köp gyrmalydyr. Duşmana rehim etmek ynkylabyň işine göz-görtele hyýanat etmekdir. Biziň parasatly serdarymyz, ine, şeýle öwredýär. Siz düşünseňiz, munuň ýene bir emmasy bar! Şol peläket baý: «Meni para-peşgeş bilen boşatdylar» diýip gürrüň ýaýradaýsa, şonda näderis? Ýaňky bazar diýeniň bu gepi bütin Türküstana doldurmaz öýdýäňmi? Ýeri, şonda özüňi nädip aklarsyň?..

– Äň-ňini ýazdyraryn şonuň ýaly töhmet atanyň! Boýnuny sograryn – diýip, Daşaýak gazap bilen arlady. Ýigidiň gozgalaňy münüp oturan atyna-da ýetişdi. Janawar ýeňsesini tüňňerdip, jylawuny çeýnäp, duran

ýerinde towsaklady.

Kiçi komandir bilen harçaňlaşan Daşaýak bolman, başga biri bolan bolsa, onuň birçak temmisi berlerdi. Emma batyrlykda özüni tanadan, «söweşde oňa taý gelýän» Gara Baýmyradyň otrýadda aýratyn sarpasy tutulýardy. Ine, şu sebäpdenem Nazar komandiriň özi «ähem-ähem» edip, haýbatly ardynjyrady-da, ara goşuldy hem sypaýyçylyk bilen gürrüňi jemledi:

– Ýeri, bolýar! Kimi iberenimizde şol züwwetdin baýy tutup getirmeýär? Jigitleriň içinde gitmäge göwünjeňi hem tapylar-la!..

Komandir sözüni aýaklap-aýaklamanka, Meret sähne diýilýän beýnisi ýukarak, akly gelip-gitmeliräk, göterim, badyhowa jigit elini bykynyna urup, kellesini ulumsy gyşartdy-da:

– O ýumşy bize buýraýyň, kemendir! – diýdi.

Ýigitleriň hataryna pessaýja gülki bilen hümürdi ýaýrap gitdi. Atlylar «tüýs bolaýdy» diýen manyda biri-birine ümleşdiler, göwnüýetmezçilik bilen ýylgyryşdylar. «Haý, ýigid-ä jeňiň gürmegine wurjag-ow!» diýen ýaly kinaýaly sesler gulaga ildi. Aňsat ýerden abraý gözleýän, ejize ganym Meret sähnä heleý süýremeli, öý otlamaly, mal sürmeli bolanda iki paý berlen ýalydygyna

hemmeler beletdi. Ýalkap ýirjikden garaw görmejegini aňyp, ol gaty göwünjeň ýola düşdi. Özem on sany jigide baş bolup gitdi. Merediň «men gideýin» diýip, ilgezik topulmagynyň ýene bir sebäbi hem bolmalydy. Ol täze gelen orunbasar bilen gaty basym arany sazlapdy. Onuň Mädoraz dypow bilen hymy-symysy kändi. Şu gezegem ol baýyň yzyndan özüniň gitjegi barada-da dypow bilen öňünden maslahaty birikdiren bolmalydy.

***

Irki nyzamdan soň jigitleriň bir toplumyna bazara çykmaga rugsat edildi. Olar ikiden-üçden bölünişip, kimsi aşhanadan ýagly piti iýmäge, kimsi çaýhanadan nabatly çaý içmäge, kimsi-de waharman gawunyň lezzetini görmäge höwesekdi. Emma köpüsiniň gyzyklanýan zady ähli äleme meşhur bolan bu ümmülmez bazaryň hyň berýän göz gamaşdyryjy mähellesine, bu taýdaky görlüp-eşidilmedik geň-taň harytlara, täsin wakalara tomaşa edip gönenmekdi. «Müň bazar» adyny alan bu söwda-satyg dünýäsi her haýsy aýratyn bir giňişligi tutup duran ymgyr kän bazarlardan ybaratdy. Ynha, sary gawunlaryň, ala garpyzlaryň, palawkädileriň harman-harman üýşürilip goýlan bir bazary. Ondan aňyrda mäş, bürünç, bugdaý, arpa, jöwen, künji tümmek-tümmek. Ýene bir ýerde

howut-halyk, gaňňa-palan, irişme-şaldyr. Mal bazary, mata bazary, haly bazary... biri-birinden uly – aňyrsy görnenok. Alyp-satýan jemendeden ýaňa taýak atsaň ýere düşjek däl. Märekäniň wagyrdysy belende galyp, depäňde ýaňlanyp dur. Söwdagärleriň her bir ötegçä öwsünip-özelenişini görseň, olar edil harydyny zor bilen boýnuňa dakjak bolýan ýaly.

– Daraýy! Keteni! Çepbetew! Sowsany!..

Hataryň ugruny syryp gelýän iki jigidiň biri Daşaýak, beýlekisi Änewlidi. Olar uzyn dükanyň öňünden geçiberende:

– Kelebende gel! Kelebende! – diýen gykylygy eşitdiler.

Änewli özüne görä has düşünjeli diýip hasaplaýan hemrasyna ýüzlenip:

– Gardaş jan, onuň «kelebent» diýýäni nä jüre zad-aýt? – diýip sorady.

– Aý, bu bazarda ömrylla adyny eşitmedik zadyňam satylýandyr. Geň göresi zat ýok – diýip, Daşaýak şol zadyň nämedigini özüniňem bilmeýändigini mälim etdi. – Derýanyň ýakasy bilen aşak syryp gitseň, şo ýanda jan bazaryna-da gabat gelersiň. Adam jany

satylýan ýere!

– Nätdiň-aýt! – diýip, Änewli gözüni mölertdi. – Heý, adam jany hem bazara salnarmy?! Şony sen öz gözüň bilen gördüňmi? O neneňsi zat bolýar?

– Meň, tirýek, morpiý, kodein...

– Äh, şeýdiýsene! Men adam janynyň edil özüni çüýşe gaba salyp, damja-damjadan satyp durmukalar öýdüpdirin. Güp ynanaýsam näme!..

Emma şol pursatda jarçynyň çasly owazy bazaryň üstünde belent ýaňlanyp, adam janyna kesilen nyrhy şeýle bir aç-açan yglan etdi welin, iki dost haýran galyp aýak çekmäge mejbur boldy hem biri-biriniň ýüzüne seredişdi.

– A-ha-haý, ha-aw! Haý, halaýyk, ha-aw! Eşitdim-eşitmedim diýmäwergin, ha-aw! Garaýörmäniň kethudasy Aman serdar uly baýrak goýandyr-la, ha-aw! Kimde-kim Gulaly galtamanyň çep penjesini çapyp getirse, serdar oňa bäş ýüz goýun baýrak berjekdir-le, ha-aw! Her barmagyna ýüz goýun-la, ha-aw! Haý, Gulaly goňruň çep penjresinde nyşan bolmalydyr-la, ha-aw! Ogulhajatyny ok jontup, külem barmagyny hem ýalap geçen bolmalydyr, ha-aw! Haý, millet, bäş ýüz maňramaz guýrugyny göterip bilmän ýatandyr-la, ha-

aw! Gerçek-goç ýigitler bagtyny synap görsün-le, ha-aw! Haý, eşitdim-eşitmedim diýmäň-le, ha-aw!..

Süňkbaşy iri Änewli tolgunmadan ýaňa mähnet omuzlaryny oýmuldadyp, hyrçyny dişläp:

– Bäh! – etdi. – Bu niçik ahwalat boldy-ow?!

– Gulaly Aman serdary kölgeläp oturan pukaranyň gelnini süýräpdir-le, ha-aw! Serdar aga namys edýändir-le, ha-aw!..

Boý-syraty gelşikli Daşaýak, gara gözlerini süzüljiredip, birsellem, öz ýanyndan pikire batyp durdy. «Deslap kellesini togalamasaň, Gulalymydyr saňa çep penjesini çapdyrjak?!» diýip, ol içini gepletdi. «Gaýratyň bolsa, hany, onuň dyrnagyny gyrkjak bolup bir gör! Nädersiň, gulagyňy-burnuňy kesip, özüňe eşege ters mündürip goýberse! Onuň bilen Alynyň ala meýdanynda dulugyňy tüpeňiň gundagyna goýup garşyma-garşy ýatmaga atyň kellesi ýaly ýürek gerekdir. Emma müňbazarda şunuň ýaly jar çekiler öýdüp güman edýämidik? Gör ahyry, bu nirede urup çykdy?..»

Ýene birsalymdan Daşaýak bilen Änewli öňem birki gezek baran çaýhanalarynda nabatly gök çaýyň başynda jemagatyň gürrüňine gulak asyp otyrdy.

Köne zamanda ýurduň kazysy bolup diwal kesen ak selleli, ak sakgally ýaşuly çäýneginiň gapagyny oýnap, käýinjiräp gepledi:

– Ol-aýt, goňruň Gulalysy gäbi azyp, jynsy üýtgäp, guduz ite dönüp ýörmükä? Ady ýaman, pygly pis peläket indi çem gelen zada agyz uruberjekmikä? Türkmeniň namysyna degseň-ä, agzyň gum garbajagy belli dälmidir?! Obasyndan heleý süýrelse, Aman serdar bäş ýüz goýun-a däl, müň goýunam baýrak goýar!

Başga biri: porrugrak burnunyň asty pezzik murtly, gazalanan eňegi gök öwsüp duran pyýada tüfdanyň çägesini egri gaňyrçak barmagy bilen dörjeläp, nasyny byjyrdadyp dökdi-de, lagyr-lugur edip gürrüňe goşuldy:

– Päý, hökümetler byny gazýete-de jykaran eken: biz Gulaly pisint azgynlara gelin-gyzlammyzy depeletmeris diýipdir. Halkyň ar-namysyny goramak çura hökümetiniň mukaddes bo-ojydyr diýipdir. Gaty dürs aýdylan gürrüň-dä.

– Aman serdar Gulalynyň gülle ýalan penjesini müňbazaryň baş derwezesine çüýläp goýjakmyş. Bütin millete göz edip – diýdi-de, ýene biri alyp göterdi. – Hakyna baksaň-a, päliýamanyň özüni şol derwezeden başaşak asyp goýaýmaly! Diňe şonda halkyň içi sowap,

ýüregine ýerine gelse gerek.

– Wah, etmelisi şodur-la! Mundan buýankysyna göz bolardy!..

Şol wagt çaýhananyň töründe häliden bäri dymyp oturna pil ýaly mähnet pyýada laňňa ýerinden galagada, gysymyna gysyp duran gamçysynyň sapy bilen ädigininiň gonjuna pat-pat urdy-da, war-war gepläp, jaýyň içini ýogyn sesi bilen doldurdy:

– A-haw, jemagat! Aýdyp oturan gürrüňiňiz näme?! Gulalymydyr şonuň ýaly haramzadaçylyk etjek?! Ýagşam-da bir gep tapdyňyz! Kim diýse şony, galat aýdypdyr! Galat!

Goňruň galtamanyny ýerden alyp, ýere sokan hälki myjabatçylar dili tutulan ýaly lak bolaýmazmy. Gaba telpek, pişge murt, mähnet pyýada bolsa apaň-apaň basyp, çaýhanadan çykdy gidiberdi. Nätanyş adamyň yzyndan aňkarylyp galan köpçülik: «Kim-aý, bi-de, kim-aý, bi?» bolşup, bir-biriniň ýüzüne seredişdi. Onýança possun bazar tarapdan «Ýar, jan-haw!» diýip gygyrýan bagşynyň çirkin sesi eşidilip, jemagat şol ýana eňdi.

Änewli çaýhanadan çykyp giden mähnet pyýadanyň şeýle kesgitli aýdan sözüne nähili düşünjegini bilmän,

gür gaşlaryny çytyp, tüňňi maňlaýyny egdi:

– Bäh! Zalym ogly kişi kimin Gulalynyň arkasyny alybildi-aýt! Onuň gaňryşyna bir adam dagy bir mydyrt etsin-le! Ýogsa-da, halypa, şonuň aýdany dogrumykan-a?

– Eger onuň aýdany dogry bolsa, onda jar çekdiren bilen gazýede ýazanyňky ýalan bor-da! Seniň şuňa akylyň ýetenokmy? – diýip, Daşaýak ýoldaşyny haýalçyratdy.

– Şol-aýt, diýseň-diýmeseň, şeýle boljag-ow! Bäh! Beýle zadam ýalandan ile jar ediler oguşýa?! Ynsaba-iman sygjak zatmydyr bi?! Aý, ýok-la, bir emmasy bolmasa, bi giden bazaryň ümmülmez jemendesine jar çekilmezdi ahbetin. Dogry aýdýan dälmi?

Daşaýak sesini çykarmady. Ol gelşikli ýüzüni ünji bilen çytyp, böwrüni diňläp oturyşyna: «Dogrudanam, Gulalynyň gäbi azyp ýörmükän? Galtamanyň sergezden-sepil ýaşaýşy, hakykatdanam, adamynyň jynsyny üýtgedäýdimikän? Öňki salgyny eşitseň-ä, ol juda beýle hat-hata bermelem däl ýaly» diýip oýlandy. Gulalynyň ne sebäpden ata çykyşy, näme üçin galtamançylyga ýüz urşy barada eşiden zatlaryny ýatlady. Il içinde edilýän gürrüňler çyn bolsa, Gulaly ozal Goňur obasynyň şura

başlygy, bolşewigiň sarpaly adamsy bolanmyş. Baý-kulaklara mergi bolup gelen ýigrimi dokuzynjy ýylda ol öz obasyndaky gurply daýhanlaryň bir toparyna arka durup, olary dypowçylara tutdurmajak bolup synanan. «Bu adamlar öz gara zähmeti bilen gurplandy. Bular baýam däl, kulagam» diýen. «Şura hökümetiniň özi bulara ýer-suw berip, hemaýat etmedimi? Hany adalat? Hany hakykat?» diýip aýak dirän. Başyna giden dypowçylar, gulak asmadan geçen, gaýtam onuň özüne öjügenmiş. «Seniň özüň hökümet işine aralaşan duşman element bolmaly» diýip, gylyjyndan gan damýan adam iýijiler Gulalyny tussag edenler. Töhmet baryny ýapyp, «halk duşmany» diýip ile ýaýradanlar. Jyny düşen adamlaryny «halk duşmany» diýip şyltaklamak dypowçylaryň ökde käri-dä. Gulaly gaty dogumly adam bolansoň, atuwa alnyp barylýarka gaçmaga maý tapan hem ata çykyp, özüni heläklänleriň garşysyna uruş edip başlan. Şeýdibem bigünä bendeleriň arkasyny aljak bolup, özi bela galan.

Gulalynyň atan oky hata geçmeýän, guşuň gözünden urýan mergendigini hem jigitler bilerçe bolupdy. Goňruň galtamany bilen ak çägäni ýassanyp, ýüzbe-ýüz ýatyp atyşmaga atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi. «Kimiň gaýraty bolsa ýekme-ýek çykyşsyn» diýip, ol oturyp-

turan ýerinde gürrüň ederdi. Emma onuň garşysyna hiç wagt başa-baş çykman, mydam näçe esse köp bolup çykardylar. Ýerli-ýerden üstüne ok ýagdyryp, kellesini galdyrmaga maý bermezdiler. Şonuň ýaly bir gezekde ony kyýamatlyk dogan okaşan dosty Dähede bilen ýalazy meýdanda ahmallyga salypdylar. Dähedäniň ýazzy maňlaýyndan urup, onuň läşini seripdiler. Emma, geň galyp oturmaly ýeri, Gulaly nijema mergenem bolsa, şu çaka çenli jigitleriň birine-de ölüm ýarasyny salmandy. Onuň ýalaň sag çiginden urşuna haýran galyp oturmalydy. Syn etseň, edil ýörite edýän ýalydy. Jigitleriň dört-bäş sanysyny-ha ol şeýdip hatardan çykardy. Çiginden urmany başarýan kelledenem çüýläp biläýjek ýaly welin, ýa-da olar gandar bolmany ynsabyna sygdyryp bilmeýärmikän? Ony diýseňem, galtamanda-da ynsap barmy diýip üstüňden güljekler. Eger şol niýet bilen gan etmeýän bolsa-ha, onuňam nähilidir bir hakykata gulluk edýän boldugy bolýar. Aý, garaz, düşüner ýaly däl: bary bulam-bujar boldy-ow! Munuň ahyry näm bilen gutararka?..

Daşaýak şu pikirlere gümra bolup, ýanýoldaşy Änewli bilen çaýhanadan çykyp gaýdanda, jarçynyň jan bazary tarapdan ýaňlanýan sesi şindem üzlem-sapkam gulaga gelip durdy:

– Haý, jemagat, ha-aw! Baýrak goýandyr-la, ha-aw!..

***

Jarçynyň Müňbazarda waň-waňlap ýaňlanan belent owazy, onuň uly ile yglan eden ryswaýy-wejera gürrüňi agyzdan-agza geçip, ahyry Gulmuhammet ogly Gulalynyň gulagyna ýetdi. Namysjaň galtaman gahar-gazapdan ýaňa mähnet göwresini sandyradyp, gaty görmeden ýaňa örtenip-bişip, gapana düşen çöl gurdy dek goşaryny gemrip-çeýnäp urundy. «Bäh, bu nähili boldy-ow?! Elheder-aman!» diýip, ol kelebiniň ujuny ýitiren basga galdy. «Beýle-de bir heýwere töhmet bolar ekeni. Şu tetelli mojuk möhidiň astynda galanyňdan-a, depäňden şowurdap inen gara gylyjyň zabun demine düşüp, parçalanyp öleniňem ýüz esse abraýlydyr! Ýeri, indi sen lagnatly günäniň gara tagmasy ýazzy maňlaýyňa bazyrdadylyp basylansoň, nä ýüzüňe kişiniň gapysyndan sürüp bararsyň? Heleý süýrän zynahor garakçyny kim öýüniň törüne myhman edip geçirer? Baraňda salamyňy alman, ýüzlerini terse sowsalar nädersiň? Ölermiň-ýitermiň?! Ine, şu mahalam men Ýalkap baýyň öýünde hondan bärsi bolup güberilip otyryn. Eýsemdänim öý eýeleri halys ýüzden geçip bilmän, kowmanyň ugruny tapman, nalajy sypaýyçylyk edýän bolsalar bildiňmi? Hasam, diýýän-ä, şu Begsoltanyň öňünde ýaman

utanj-ow! Ol-a maňa «Şehit ölen Dähede doganymyň kyýamatlyk dogany» diýip, tüýs ýürekden gadyr eçilýär. Menem ynha, bir bigaýrat, barypýatan binamys, şu ýaman ada eýe bolanymdan soňam, munuň päkize töründe pisimi aşyryp, lapbarylyp otyryn-da! Begsoltan ýaly päk ýürekli gadyrdan zenanyň sylag-hormatyna men asyl-ha mynasybam däl ahyryn...»

Duýgur ýürekli gelin myhmanyň mähnet kellesini goýry salyp oturyşyndan, küti-ýumry irimçik ýüzünde ýowuz çytawunlygyň peýda bolşundan onuň kalbynda gopýan harasady aňypdy.

– Dogan jan – diýip, öýüň keýwanysy mylaýymlyk bilen myhmanyna gep gatdy. – Gözümden aldanmaýan bolsam, şu gün seniň öňki durkuň ýok ýaly görýän. Ýüzüň gaty gubarly.

Gulaly «hümm» edip başyny atdy-da: «Senem, heý, gözüňden aldanarmyň, mähriban uýam?» diýip içini gepletdi. «Seniň ajaýyp gözleriň dogruçyl nazary astynda paş bolman galjak syr barmydyr?!»

Myhman başyny agras yralap, ahmyr bilen hyrçyny dişledi. Soňra ýüzüni gara bulut ýaly gamaşdyryp ýerden göterildi-de, dembermez ýaraglaryny dakynmaga durdy: iňlis onbiratary, ýalaw gylyç, kümüş gynyna dürli

nagyşlar salnyp, zer çaýylan jöwher pyçak... Çölüstana hökmüni ýöredýän galtaman birdenkä ýarylyp, gazapdan ýaňa sandyraýan sesi bilen matlabyny daşyna çykardy:

– Şol pedernälet Aman serdaryň uludan-kiçä bar öwladyny gyran-jyran edip, tutuş obasyny ot-ýalna bermesem, meniň dert-azarymam egsilmez, içim sowap, ýüregimem öňki ornuna gelmez!

Näzenin gelniň çyraýly ýüzüne gum urlan ýaly boldy. Ol hopugyp, gyssanyp, töwella etdi, özelendi.

– Waý, doganym, saklanawer! Paýhas et! Seniň çigit ýaly günäň ýokdugyny men bilýän ahyryn!

– Sen ony nireden bilýämişiň?

– Wah, ýüregim aýdyp dur, ýüregim!

– Seniň şol ýüregiň aýdyp duran zadyny külli türkmene nädip ýetirjek?

– Ýetirmän näme! Geljek bazarda şol öňki jar çekilip ýaýradylan gürrüň ýalan töhmet diýägeden, täzeden jar çekdirjek! Öň bir adam jar çeken bolsa, indi iki adama iki ýerden zowladyň diýjek. Hakyny berseň, sesini gysganarmy şolar?!

– Haý, boldy-da welin! Meniň adymy gaýtadanam bir

gezek bazara ýaňlandyrjak diý-dä! Ýok, beýle ýol bilen özüňi aklajak bolmak elinden kär gelmez namardyň gylygydyr. Beýle gylyk maňa ýaraşmaz. Men öz etjek işimi ýagşy bilýän!

Gahar-gazaba ygtyýaryny aldyran galtaman ganguýma gözlerini ýerden galdyrman, gapa tarap ätmer-sätmer gadam urdy. Begsoltan işigiň öňünde gerlip duragada, Gulalynyň ýoluny baglasam diýibem bir hyýallandy. Emma onuň bolşundan eýmenip, üstümden urrukdyryp geçiberse näderin, bijaýrak galtaşyp dagy ötse, zenanlyk mertebäme nogsany degmezmi diýip saklandy. Saklanmagynyň ýene bir sebäbi: Ýalkap baýyň özem häzir öýdedi-de, aljyraňňy görnüşde tärime arkasyny berip, gürrüňe goşulyp bilmän, ellerini owkalap durdy. Onuň seljeňçe mor sakgaly titräp, kinniwan gözjagazlary gyrpyldaýardy. Galtamanyň bolşy oňa-da güýçli täsir eden bolmaga çemelidi.

Şu ýagdaýda ýene-de öýüň keýwanysy öňürti özüni dürsäp, akylyna aýlandy. Paýhasly zenan hasyr-husur nanmyň, gatlamamyň, toklyň kellesi ýaly gowurmaly garynmyň – tapan-tupan zadyny torba dykyp, adamsynyň eline tutduragada: «Atyny eýerlep ugramanka tiz ýetiş!» diýip yzyndan ylgatdy.

Gulaly iňläp ýatan giň çölüstanyň nirede janly-jemendesiz, çoladan-çola ýeri bolsa, şondan ýoluny salyp, giç ikindine çenli köp-köp ulgamlary aşdy. Alalyga aralaşdym-ow diýende, çerkez-çetili bölejik gumuň içinde täsir bir zada gözi düşüp, atynyň başyny çekdi. Görse, ynha, bir arryjak adam, megerem, gaňňadan agan bolsa gerek, eşeginiň gapdalynda, ak çägäniň üstünde boýnuny sallap bir gysym bolup otyr. Süňklek dyzlary iki egninden ýokarda somalyşyp dur. Tüýi bulaşyk gaba telpegiň astynda, göwşüllän pagtaly donuň içinde gymyldy-hereketden nam-nyşan bildirenok. «Bagty ýatan bende oturan ýerinde gatap galaýdymyka?!» diýdirýär. Ýel ýüregräk ötegçi-geçegçini-hä howatyr etdirmänem durjak däl. «Bu ýol-ýodadan uzak ýerde adam näme işlesin, arwah-jyn bolsa bildiňmi?» diýip, sandygyňa howp saljakdan.

Galtaman atyň üstünden aşak eglip, gamçynyň sapy bilen çölde azaşyp heläkçilige uçran eşekliniň ýagyrnysyna dürtüp goýberdi welin, betbagt ziňkildäp göneldi-de, «ihh» edip ysgynsyz seslendi. Gönelende, onuň eýmeşişk çal tüý basan hor ýüzi bilen çylpyklap, ýaşaryp duran büzük gözleri göründi. Onuň ahwalynyň gaty ebgärdigini aňan, häzir muny şu taýda taşlap gitseň eliň bilen öldüren ýaly boljakdygyny bilen atly

atyndan düşdi-de: «Özüme-de çaý-owkat edinere wagt boldy gerek» diýen pikir bilen ot ýakyp, tüňçäni goýdy. Hernä meşigindäki suwy ýarta golaý bar ekeni. Gulaly jöwen ýaly «gara dermany» çaýa ezip, sus oturan adama içirensoň, zaňňaryň çylpykly gözleri ýalpa-ýalpa açylyberdi. Oda gyzdyrylan nan bilen gowurmaly çaý-çorbadanam aňyrsyna ýagşy gonduransoň, ýüzüniň gürmek tüýüni gäwüş çalşy bilen deň gymyldadyp, hüň-hüň gepläp ugrady:

– Haram ölmeli bolamda... Hydyr ata ýaly ýetişdiň... Azaşyp, nirä düşenimem bilemok... Janymdan umydymy üzüpdim...

– Bu boluşda, bu halda ümmülmez beýewana sopbaş çykybermek bolarmy? Ugur hanjak?

– Uçmah ýaýlasyna, doganym! Uçmah ýaýlasyna!

– O taýda seniň näme işiň bar? Ogluň-gyzyň, dogan-garyndaşyň ýaşaýamy? Ýa-da Nurnepes piriňkä zyýarata barýaňmy?

– Wah, bildiň-le, halasgärim, bilebildiň! Men sadagasy boldugym, keramatly piriň öňünde dyzyma çöküp, onuň aýak tozuna ýüzümi sürtmäge barýan! Ine, şeýdip, ine, şeýdip! – Ol birdenkä garaşylmaýan zady edip geň galdyrdy: çök düşüp, öwran-öwran

ýüzüni çägä oýkady. Soň naýynjar owaz bilen ahmyrly gürledi. – Wah, meniň günämi ýer göteren sary öküzem göterip bilmez! Meniň günämi ölçemäge magşar güni mizan tereziniň daşy hem ýetmez! – Nätanyş şu ýerde bir sägindi-de, galtamanyň ýüzüne büzük gözlerini çiňerdip bakdy. – Sen meni ölümden halas edeniň üçin sogap gazanandyrynam öýdýänsiň?! Öýtmegin! Öýdäýmegin! Gaýtam sen meni şu egri gylyjyň bilen kerçem-kerçem edip çapyp giden bolsaň, ana, şonda haj sogabyny gazanardyň! Ýagşyzadalaryň hataryna goşulardyň! Kesewiň gögärdi!

Neşesi ýetip, damarda gany at salyp oýnaýan adam, häzir görseň, hälki eşeginiň ýanynda lapbarylyp oturan çalajan biçärä meňzänokdam. Onuň gepläýşini-dagysyny diýsene! Öz-özüni näletläp, tagnalap oturyşy-da geň galmazça däldi. Emma Gulaly ýaly öz derdi başyndan agdyk kişiniň keseki ykbalyna gyzyklanmaga eli ýetýärmi? «Bu meniň nä görgimdi?» diýen pikir gamaşdyryp oturyşyna göwünli-göwünsiz soran boldy:

– Nähak gan dökdüňmi? Garyp-pukaranyň malyna kast etdiňmi?

– Wah, onuň dagyňam çaky däl-le! Iň gabahat, iň pis iş edenem menden abraýlydyr! – diýip, nätanyş

alyp göterdi. – Gürrüň bermäge-de diliň aýlananok. Hawa, men Hokurdawuk obasynda arçynyň ýasawuly bolup ýörkäm, ižraýkomdan, dypow edarasyndan ýanbaşy mauzerli, gözi otlukly, aldajy peläketler gelip başlady. Birinji gün baýlaryň, işan-mollalaryň ispisegini düzdüler. Ertesi oba şurasynyň öňünde «Din halk üçin tirýekdir» diýen ýazgyly gyzyl mata gerdiler-de, şol ýerik obanyň uly-kiçi ilatyny sürüp getirdiler. «Täze dünýäni gurmakda ýoksullaryň ýoluna böwet bolýan dini päsgelçiligi böwsüp geçmek hakynda» hudaýsyzlaryň ýygnagyny geçirdiler. Ýumruklaryny galgadyşyp, kellelerini silkeleşip, dişlerini gyjaşyp, din-ygtykaty näletlediler, ýerden alyp-ýere sokdular. «Mundan bu ýana biziň Hokurdawuk obamyzda it üýrer, eşek aňňyrar, doňuz bögürer, emma azan sesi eşidilmez!» diýip ant içdiler. Soň milleti öňlerine salyp, işan aganyň öýüniň ýanyndaky metjidi ýumrup, onuň eziz görýän işanyny-da bala-çagasy bilen bile Syrderýa sürgüne ugradarys» diýdiler. Iň ýamany hem, metjit ýykmany musulmanlaryň hut öz eli bilen etmek üçin, her hili abaý-syýasata, hile-pirimlere ýüz urdular. Ýokardan gelenleriň arasyndan Mädoraz dypow diýilýän birisi aýratyn ilgezeksiräp, dyzmaçsyrap, göze-başa düşýärdi...

– Hany, dur-la! – diýip, Gulaly bir zat anyklamak üçin nätanşyň gürrüňini gap bilinden ýoldy. – Mädoraz dypow diýdiň dälmi? Ýogsa-da, Müňbazaryň kerwensaraýyndaky otrýada kiçi komandir bolup täze biri gelenmiş diýýäler. Şonuňam adyna Mädoraz dypow diýäýdiler öýdýän.

– Bäh, şo bolsa-ha, bijaý tüpbozar, hilegär, ýurtýykan bolmalydyr.

– Golaýda Ýalkap baýy tutup äkitmek üçin birtopar atly jigit iberen ekeni. Ýeri, ümsüm gezip ýören baý bilen näme işiň bar diýsene!

– Aý, ol peläketiň işiniň ýok adamy bolmaz! Baýy tutup äkidipmidirler?

– Ýok, äkitmändirler. Hernä gelen jigitleriň arasynda birki sany akylly-başlysy bar ekeni.

– Meniň tanaýan Mädoraz dypowymyň ýüzi awulyk bilen suwarylan ýaly bolmalydyr. Kellesini yralap-yralap, akyllysyran bolup geplemek häsiýeti bardyr. Hawa, onsoň şol öňki gürrüňimiň yzyny aýtsam, ýaňky bidin peläket: «Ýykyň, çekinmäň!» diýip, metjit ýykdyrjak bolup, jahyl-jeleňe meçew berýärdi. Emma Hudaýyň gazabyndan gorkýan millet metjide batyrynmaga batyrlyk edip bilenokdy. Muny aňan

hudaýsyzlar uly baýrak çykaryp, görümsiz garyplaryň nebsini otukdyrmagyň küýüne düşdüler. Kimde-kim ilden öňürti metjidiň synasyna kerki ursa, onuň birinji goparan kerpiji üçin, «Owlaksakar» atly jylawuna towsup duran, ilde ýok mes aty sylag bermegi wada etdiler. Ikinji kerpijine gözüň agyny iýip barýan jowur şempa telpek, üçünji kerpijine buzgunç ysy uçmadyk täzeje gyrmyzdon, dördünji kerpijine aýnagonç ädik, bäşinji kerpijine tirme guşak nyrh kesdiler, iki göwünli bolsaň agzyň suwarar ýaly etdiler. Päh, oba arasynda bezenip-beslenip, şempa telpegiň buýrasyny ülpüldedip, «Owlaksakar» ýaly jyns aty münüp gezmäniň diýseň keýpi bardyr-a! Bu meniň ömürboýy ýetip bilmän ýören arzuwymdy! Häli-şindi düýşümde-de toý mähellesiniň öňünden, gyz-gelinleriň alnyndan at oýnadyp öterdim. Ine, ömürlik arzuwym elimiň aýasynda dur. Alladan gorkmasam, nap-nagtja alaýmaly. Mädoraz dypow meniň ikirjiňlenýänimi aňdymy-nätdimi: «Bol, bol!» diýip, arkama kakdy. Menem: «Haý, näme bolsa şol bolsun-la!» diýägede, kerkiniň sapyna ýapyşdym. Metjidiň ed-dil mährabyna aýlap salyberdim. Men oburyp, kerpiç yzyna kerpiç goparýan, halaýyk bolsa häziriň özünde asmandan towky nälediň otly halkasy gübürdäp iner öýdüp, gorkusyna iki eli bilen

ýüzüni tutup dur. Mädoraz dypowyň ýasy-ýalpak mysalasynda gepini gögerden adamyň kanagatlanmasy görünýärdi. Ol başyny ynamly, ulumsy yralap, millete akyl öwredýärdi: «Gorkmaň! Eýmenmäň! Size bir zat bolsa, men jogapkär! Ýerem yranmaz! Günem tutulmaz! Gögem gürlemez! Men kyrk metjit bilen kyrk öwlüýäni dagy ýykdyrdym. Görüp durşuňyz ýaly, meniň bitimiň burnam gananok. Biz bolşewikler aýratyn berk polatdan ýasalandyrys! Bize Allanyňam, pygamberiňem, öwlüýäniňem edip biljek käri ýokdur! Atalyga-da hiç zat bolmaz. (Atalyk diýip ol meniň adymy tutdy). Gaýtam ol baýragyny alyp gönenip galar. Hany, getiriň bäri «Owlaksakary»! Gowşuryň Atalyga! Sylag serpaýyny geýip atlansyn! Şonda görersiňiz onuň neneňsi gerçek goç ýigitdigini!». Aýdyşy ýaly, men bezenip-beslenip, arzuwlan argamagyma mündüm. Şondan soň obanyň, raýonyň guramalary meni, bäý, götergiländirler-ä. Partiýa salyp, hudaýsyzlar jemgyýetiniň başlygy saýladylar. Menem komsomoly, köne döwürde ejir çekenleri daşyma üýşürip, birsalym baýlara, işan-mollalara ulukjyn açdyrdym. Namaz okaýan, oraza tutýan, nika gyýdyrýan, jynaza durýan, aý, garaz, Allanyň parzyny, pygamberiň sünnetini berjaý edýän musulman bendesi, hamana, gabahat iş

edýän ýaly, şo zatlary ogryn etmäge mejbur boldy. Sen-sen diýseler, baý, göterilendirin-ä! Atymy dükürdedip, sapançamy mazamlap, haýbat bilen oba arasyna çykamda, millet bary arslan-şir gören dek, öýli-öýüne sümlüp, işigini içinden temmelärdi. «Gudraty güýçli Hudaýym, şu gelýän belaýy-nägehany biziň duşumyzdan beri sag-aman geçireweri!» diýip dileg ederdiler. Obanyň aýallary aglak çagalaryny diňdirjek bolanda, «Gap sesiňi! Ýogsam Atalyk ýasawul atyna süýredip alyp gider!» diýip gorkuzardylar. Haý, edilen iş gaty köpdür-ow, aýdardan kändir! Bir ýola halaýygyň gözüniň öňünde gadymdan galan kitaplaryňam bir üýşmegini lowladyp ýakypdym. Şol kitaplaryň arasynda birnäçe sany Gurhanam bardy. Edil şol işi edip durkam dik depämden ýyldyrym urup, aýagymyň astynda ýer hopmaýşyny diýsene! Emma görjegim öňümde ekeni. «Kasas kyýamata galmaz» diýleni maňlaýyma geldi. Öňki-soňky eden etmişlerimiň jezasyny egnim bilen çekmeli boldum. Ylgap ýörenje ýaş oguljygym bardy. Dil çykaryşjygyna, her bir aýdan enaýyja sözüne guwanyp, üstünde kökenekdim. Atly gelemde öňüme alyp, öýümiziň daşyna aýlardym. Ine, bir gün neressejik goňşymyzyň gapysyndan daş guýa gaçyp öläýmezmi! Şundan soň görner-görünmez bela-beterleriň hemmesi

biziň maşgalamyzyň üstünden ýol salan ýaly boldy. Öňki awunanym ýadymdan çykmanka, öýümize ot düşüp, ýyl hassasy garry atam düşeginde ýatan ýerinde diriligine ýanyp öldi. Menem oglum bilen atamyň heläk bolşuny aýalymdan gördüm. Urup, sögüp, igenip, oňa azar ýamanyny berdim. Ahyry çydaman, olam atasy öýüne turup gitdi. Şundan soň şäherden Mädoraz dypow geldi-de, hudaýsyzlar jemgyýetiniň ýygnagyny geçirdi. «Aýalyna baý-feodal gözi bilen garaýan çüýrük adam» diýip, meni tankytlap ýere sokdular. Hudaýsyzlar jemgyýetiniň başlyklygyndan hem oba şuranyň ýasawullygyndan aýyrmaly diýen karar çykardylar. Men öz ýetişdiren şägirtlerimiň üstüme hüjüm edişlerini, ýat itiň dalanyşy ýaly dalanyşymy ýaman gaty gördüm. Mädoraz dypowyňam olara gylaw berýänligi hasam göwnüme degdi. Metjit ýykdyrjak bolanda-ha men oňa gerekdim. Meniň ýalylar köpelensoňam ol meni başyndan aýlap urdy. Arkalanýan adamyň dönüklik etse, ýagyrnyňdan pyçak sanjylan ýaly bolar ekeni. Şondan soň bar güýmenjäm göz guwanjym bedew atym boldy. Emma basym «Owlaksakary» hem elimden alyp, kolhoza tabşyrdylar. Gaharymy, öýke-kinämi içime salyp, sümelgämde sopbaş galyberdim. Halaýyg-a meni öňki eden etmişlerim üçin ýek ýigrenýärdi. Edil

gözünde oky bolsa urjakdy. Guramalaryň ýanynda-da maňa it degipdi. Il-günüň gözünden düşen ýigrenjidigimi bilenim üçin, öz-özümden göwnüm geçip, märekä barmaga zardym. Obadaşlarymyň gözüne ildigim: «O görbe-gör-ä gelýär-ow» diýjekleri gümansyzdy. Şeýle bolansoň, sygyr kümäniň öňüni dolan tünegimde busup oturmaga endik edipdim. Soň-soňlar halys was-wasa öwrülipdim. Endamym besse-besse agaryp pis açdy. Birnäçe gezek janymdan irip, özümi asmaga hyýallandym. Emma oňa-da gaýratym çatmady. Ahyram toba etsem, ärleriň-pirleriň aýagyna ýykylsam, Hudaý günämi ötmezmikä diýen umyt bilen ýola çykdym. Şu barşymam Nurnepes piriň hyzmatyna diýip ugraýşym. Baranymda ýüz bererem öýdemok. «Sen tetelli zandy käpiri görmegem dürs däldir» diýip kowup goýbermegem ähtimal. Ýeri, şonda nirä gidersiň diýsene! Dogrusyny aýtsam, meniň ýaly messebini ýuwudan, din-adatyny depelän ygrarsyz pelide rehim etmegem dürs däldir! Barysam şol Mädoraz dypowdan boldy-da! Şonuň alyna aldanyp, oýnatga öwrülenimi soň bildimem welin, indi ahmyrdan peýda ýok, wahh!..

Atalyk ýasawul özüniň ömür beýanyny aýdyp tükedýänçä ýadap lagşadymy-nämemi, egnini gysyp, boýnuny sallap lapbarylyp oturdy. Öçüşen oduň köreçel

şuglasyna onuň eýmeşik tüý basan ýagallak ýüzünde namutlyk alamatyny görmek bolýardy. Agşamyň gam-gussaly iňrigi barha goýalyp, töwerekdäki gandym-çerkezli ýapylary eýýäm gara sudura öwrüpdi.

Dembermez ýaraglaryň eýesi, sähranyň moýsepidi öz garşysynda oturanyň ýaňky gürrüňine hä-de bermän, hawa-da diýmän, ýüzüni gamaşdyryp, dommarylyp otyrdy. Onuň gyňyr sypaty, aýratynam dymmasy Atalygy az eýmendirenokdy. Ol öz ýanyndan: «Şu adam ýöne-möne adam bolmaly däl» diýip çak urup otyrdy. Birdenkä-de ýaragly adam dil ýardy:

– Sen hudaýsyzlaryň hemme günäsini doly aýtmadyň! – diýende, onuň haýbatly sesi gök gürlän ýaly bolup töwerege ýaňlandy. – Siziň günäňiz bilen millet bary ata-baba ýurdundan zir-zöwran pytrap gitdi. Nirdesiň Eýran, Owgan diýip, tutuş obalar, ýel süren bulut ýaly, garly daglardan aşdy. Allanyň öýi ýumrulýan memleketde dini musulmana durarlyk galýarmy? Halkyň eli ýarag tutanam hudaýsyzlaryň berýän azaryna çydaman, ata çykyp, çöle siňdi. Ar-namys üçin, azatlyk üçin gara kelläni orta goýdy. Olaryň köpüsinem hökümet goşuny yzarlap-kowalap gyrgyna berdi. Şeýdibem milletiň gözüniň ody alyndy, howalasy basyldy. Oňa burunnyk salyndy. Islän ugruňa

idibermeli edildi. Dogrumy şu aýdýan zatlarym?

– Gaty dogry!

– Dogry bolsa, menem şol hudaýsyzlardan ulukjyn alyp ata çykanlaryň birisi.

– Şeýdiýsene! Şeýlemikänem öýtdüm-le. Ýogsa-da, siz kim borsuňyz?

– Tanarsyň! – diýip, mähnet pyýada many bilen çep eliniň penjesini öňe uzatdy.

Atalyk oduň şuglasyna şol eli görüp tisginip gitdi.

– Gulaly goňur – diýip, ol gorkudan ýaňa hopugyp samyrdady. Gyzgyn gülle külembikeden ýalap, ogulhajatdan tamşanyp, bu elde üýtgeşik nyşan galdyryp giden. Eýsem giň çölüstanda bu eliň kimiň elidigini tanamaýan barmy?! Gulaly galtamanyň çep elini kesip getirene baýrak bellendi diýip, gören ýerde jar çekilip ýörmänmi? Häý, bagty küle çeken Atalyk! Sen janalgyç Ezraýylyň demir penjesine dis-dirije düşäýmediňmikäň? Hany, häli gürrüň başlanda: «Meni kerçem-kerçem edip çapsaňam heniz azdyr» diýen bolýadyň-la. Ýene-de tap-da şol gürrüňiňi! Nädersiň aýdyşyňdanam beter edip ötägitse!

Hernä Gulaly goňur öňküsi ýaly haýbat bilen

öldürmän, käýinjiräp gepledi.

– Din-messebini, nury imanyny ýeke gylýal bilen ýeke laý soýka satan namart diýerler saňa! Ýeri, gorkup-galpyldap oturma! Men seniň pis açan bedeniňe halal ýaragymy degirmen. Hudaýyň özi saňa göz görkezmek kemini goýmandyr. Toba edip, päliňden gaýdanyň çynyňmy, ýalanyňmy – onam Hudaýyň özi biler. Sen bolmaňda-da, meniň bu günde-ertede jeza bermeli adamym gyt däl. Päliýaman serdarlardan birini kowum-hyşy bilen wer-tarham etmäge çykyşym. Ol meni ile betnam edip jar çekdirdi. Menem resmimi bozup, agyr ýola çykmaly boldum. Aý, bu işiň soňam nirä degse, şoňa deger-dä. Görüberýäs, bu-da bir görmeli adamymyzdyr-da, hümm...

Gulaly özüne azap berýän agyr oýlary içine sygdyryp bilmän, daşyna çykarypdy. Ol bu zatlary Atalyk ýasawula aýtman, öz-özi bilen gürleşýän ýalydy. «Ýa Ýaradan perwerdigär! Sen meni neneňsi zabun güne goýduň?! Näme üçin şeýle ýowuz töhmediň astynda galdyrdyň? Indi men milletiň gözüniň öňünde özümi aklaýyn diýsem, gör, näme etmeli! Adam ganyny sil ýaly akdyrmaly! Ýaman ýeri, şunuň başga alajy ýok. Dil bilen ýa pul bilen bitjek iş däl...»

Öz başyndan ölüm howpunyň sowlandygyny aňan Atalyk ýesersiräp, galtaman bilen deň söhbetdeş ýaly bolup gürläberdi:

– Haý, Gulaly, başga zadyňy-ha bilemok welin, ýöne şu aýdýanlaryň hudaýsyzlaryň oýlap tapan tilki sapalagy bolaýmasa diýgin?! Aman serdary gaýym satyn alagada, oňa ýörite jar çekdiren bolsalar bildiňmi?! Şu dypowlardan çykmajak haýynlyk bolmaz, ynanaýgyn, men bulara beletdirin...

– Bardy-geldi, Aman serdar pula satylan bolsa, onda ol bagtyýatanyň ýazygy hasam çökder bolmaýarmy? Şol zerarly meniňem işim köpelmeýärmi?

– Şeýledigine-hä şeýle welin, ýöne şonda-da sen dypowlaryň oýnatgysyna öwrülýäň-dä. Olar aýdar: «Gulaly galtaman ilki bilen-ä Aman serdaryň obasyndan heleý süýredi, soňam onuň ýurdunda ýumurtga togalabermeli etdi». Ine, onsoň sen adalat üçin ata çykan adam bolman, gan içen garakçy bolup galybererersiň! Hudaýsyzlar maksadyna ýetip, heşelle kakarlar!

– Bäh! – edip, Gulaly goňur mähnet kellesini aşak egdi-de, nyşanly elini maňlaýyna ýetirdi. – Biçeme däl-ow. Güman etseň, edibermel-ow. Bigünä ýeriňden

enter-pelegiňi öwräýjekler-dä! Haý, pedernäletler!

Galtaman agyr güne galyp, ederini bilmän, gaýgy-hasrata batdy. «Gaýtam Begsoltanyň töwellasyny alyp öýde oturan bolsam, has abraýly boljak ekenim» diýip pikir öwürdi. Başga-da köp-köp oýlary aňynda aýlady. Emma bulaşan kelebiniň ujuny tapyp bilmedi. Ahyrsoňunda-da hezreti Nurnepes pirden dogry ýol salgy almak üçin, gijäniň içinde Uçmah ýaýlasyna bakan sürdi. Atalygam eşegini gyssap, onuň yzyndan galmady.

Gün adam boýy ýerden saýlananda bular terkidünýä ýagşyzadanyň mesgen tutan çolalyk ýaýlasynyň bir çetinden girdiler. Köpi gören galtaman ätiýajy goldan bermezlik üçin, ýaýlanyň daş ýany bilen aýlanyp, birlaý yz çaldy. At yzyna duşmansoň, dogrulap sürdi.

Uçmah ýaýlasy diýilýän mekanda sözen-sazak, gandym-çeti başyna gögeren ýaly belent boý alyp, biri-birine tutaşyp, eşeklinem, atlyna astynda gizlärçe bardy. Mukaddes ýere gelen iki ýol ýoldaş tokaýyň içinde, pessaý ýapylaryň arasynda ellerini, ýüzlerini çitenege çyzdyryp, esli aýlanansoňlar, bir ýerde tüsse göründi. Bärden barsalar, başy selleli, ala donly bäş-alty adam ullakan çöp kümäniň öňünde ot ýakyp, kellebaşaýak

ütüp, deri duzlap, öz işlerine gümra bolşup ýören ekeni. Selleposlar piriň sopulary bolup çykdy.

Myhmanlaryň öňünde çaý-nan goýlansoň, baş sopy pir hezretleriniň aýry bir çertekde täk-ýegana ýaşaýandygyny, nebsini öldürip, dünýäligi terk edip, namaz-orazadan, tagat-ybadatdan öňňe zada baş galdyrman oturandygyny mälim etdi. Atalygyň möhüminiň bitmesi has aňsat boldy. Pire hyzmat edip günäsini dökmäge gelenler şu sopulara goşulyşyp gezibermeli ekeni. Olar näme iş etse, täze gelenlerem şolara görä bolubermelidi. Yhlas görkezene uzagyndan piriň özi mübärek gollaryny uzadyp, penakärlik saýasyny salýardy. Emma pany dünýäniň gykylyk-galmagaly bilen pire ýüz tutmak aýyp görülýärdi. Öňürti baş sopynyň üsti bilen habar gatmalydy. Ine, şu maksadyna ýetýänçä, Gulaly çöp çatmada üç gün ýatyp, günde bäş wagtyna sopular bilen bile namaza durmaga mejbur boldy. Dördülenji gün diýlende baş sopy ony Nurnepes piriň huzuryna alyp gitdi. Ardynjyrap baranlarynda, Uçmah ýaýlasynyň ýagşyzadasy çöp çertegiň içinde asmandan düşen ak perişde ýaly bolup, süýnmek hor ýüzüni goýry salyp, gunda ýaly juwwar ak sakgalyny ýaýyp, Gurhany kerime ünsüni berip oturypdyr. Piriň hak nuruny saçýan aýdyň mübärek keşbini görende,

Gulalynyň galagoply kalbyna şypa beriji rahatlyk aralaşdy. Baş sopy galtamanyň onbirataryny, okly hataryny, egri gylyjyny sypyryp aldy-da, çertekden kyrk ädim gaýra çekilip garaşyp durdy. Pir töwir galdyransoň, geliberiň diýip myhmany çagyrdy, salam-helikden soň eglenmän onuň habaryny aldy. Gulaly öz başyna düşen agyr muşakgaty, Aman serdardan ýeten zabun töhmedi ýanyp-bişip gürrüň berensoň:

– Günäden sapdygym, töhmetden päkdigim hak tagala görnüp durandyr, pirim! Sizem hakyň saýasynda oturan erenleriň birisi. Hakykat size-de aýandyr – diýip özelendi. Birdenem ol, şert edýän ýaly, özüniň nyşanly çep penjesini piriň öňünde selin düşegiň üstüne goýdy. – Pirim! Eger siz meniň bigünäligime sähel şübhelenýän bolsaňyz, men size ynha, şu elimi çapyp bereýin! Sizem ony Aman serdara iberiň! Onam etmeseňiz, maňa pata beriň: serdaryň obasyna gan çaýkap gaýdaýyn!

Ýagşyzadanyň ösgün çal gaşlary, aýdyň asylly ýüzi çytylyp gitdi. Ol sary selniň üstünde ýatan arkasy gylly mähnet gara penjäni emaýlyk bilen göterdi-de:

– Bu elde ýazyk ýok, muny çapmak hebesdir – diýdi. – Ýöne, bilip goý, serdaryň obasyna gan çaýkap gaýtmaga-da saňa pata berilmez!

– Ýa, pirim! Bu niçik ahwal boldy? «Şerigatda şerim ýok» diýilmänmi? Yslamyň gylyjyny ýa aňry çalyň, ýa – bäri! Indi gan dökmän hakykata ýetip bolmaz. Maňa hakykat gerek. Siz külli zeminde Allanyň emini bolup otyrsyňyz. Diwal kesiň!

Gulalynyň gepini gögertjek bolup zomamasy, çürt-kesik etjek bolup dyzamagy piriň salykatly, saldamly äheňini üýtgedip bilmedi.

– Garadan gaýtmaz beg ýigit! Allanyň dergahyndan daş bilen urlup kowlan şeýtanlagyn seniň kalbyňy eýeläpdir. Zorluk, zalymlyk, zabunlyk şeýtanyň ýoludyr. Gylyç çalyp, gan döküp, hakykata ýetip bolmaz. Hakykatyň diýaryna kerwen tartan merdan ynsanperwerlikden, rehimdarlykdan, ýagşylykdan, geçirimlilikden, ýene şonuň kimin haýry-yhsandan ýüküni tutmalydyr. Ine, şonda hakyň hem hakykatyň ganym duşmany şeýtan maksadyna ýetip bilmän, örtenip-bişip, namut galar.

Ýagşyzadanyň öwüt-ündewi galtamanyň ýüreginde gopýan harasady köşeşdirip bilmedi. Goňur begi gaýtam öňküdenem janygyp gepledi:

– Ýa, tagsyr! Hudaýsyzlar Allanyň öýüni ýumrup, külli musulmany gyrgyna berýärkä, geçirimlilik etmek,

dözümsizlik etmek eýsem dürsmüdir?! Biz gaýtam olaryň özündenem bäş-beter bolmaly dälmi?

– Ýok, ýok! – diýip, Nurnepes pir özüniň gury süňk ýaly juw-ak hor penjesini daldalady. – Biz bihuda mynapyklyklaryň kesbini kesp edinip bilmeris! Kelamullada, «Käfirun» süresinde aýdylany ýaly, olaryň öz ýoly bardyr, biziňem – öz ýolumyz. «Dini küm wel ýedin» diýlendir. Allanyň öýüni ýumranlar bolsa şu dünýäde jezasyny çekerler. Olaryň kasasy kyýamata-da galmaz. Käbeýi agzamyň kastyna pil sürüp gelenler näme gördi?

Şu ýerde birdenkä Atalyk ýasawulyň şum ykbaly Gulalynyň güpbe ýadyna düşäýmezmi. Hudaýsyzlar jemgyýetiniň öňki başlygynyň gepe gidip, metjit ýykyşy, soňam zabun azaplara sezewar bolşy, dogrudanam, piriň aýdanyna gabat gelip durdy.

Pir hezretleri aýdyň ýüzlerinden parasatlylyk şuglasyny saçyp, dünýäniň düýbüne göz ýetiren ýaly, ynam bilen sözüni dowam etdi:

– Bu kerçeşmäniň, gyrlyşmanyň ahyry puçdur. Ýene elli-altmyş ýyldan häkimlerem, raýatlaram dyzyna urup ahmyr eder. «Gyrlyşyp bitiren işimiz bolmady» diýerler. Bitiren işleri atasy öldürilip ýetim galan

çaganyň bir katra gözýaşyna degmez! Ynsanyň bigünä balasy Hudanyň akganat perişdesi ýaly päk närsedir. Onuň ýüreginde melal bolmaz. Adam ulalanda-da şonuň ýaly bolup galsa bolmaýamy? Özüňde perzent-zürýat barmydyr?

Duýdansyz sowala myhmanyň uly göwresi tisginip giden ýaly boldy. Bu sowal onuň wawwaly damaryna degip, dert-azaryny gozgady. Onuň göwni söýen wepadar zeni, ýaňy ýerden saýlanyp ugran ejiz perzentleri gaýym gizläp goýan ýerinde başbitin gezip ýörmükä? Ýa-da hudaýsyzlaryň oba-şäher diýmän ysyrganyşyp ýören jansyzlary olary tapyp, rehimsiz jellatlaryň penjesine beräýdilermikä? Wah, şolaryň gaýgy-aladasy gijede-gündizde birsalymam Gulalynyň howsalaly kalbyndan çykanok. Ol öz zürýatlarynyň üstüne – bäş gyzy bilen ýekeje oguljygynyň depesine kökenek ganatymy gerip dursadym diýýär. Iň ýamany hem, hudaýsyzlar onuň maşgalasyny girew alagada, bigaýratlyk edip ölüm howpuny salsalar, Gulaly bialaç barmaly bolar. «Özümi nätseňiz şeýdiň-de, olary boşadyň» diýip dyza çöker. Ol atasy Gulmuhammet goňruň adyny dakan ýalňyz ogly Atajany boşatmak üçin, iň ýowuz jeza-sütemlere-de döz gelse gerek. Öten-geçenlerden galan gürrüňe görä, Gulmuhammet goňruň ady öňem bäş öwran

dakylan bolmaly. Şol Gulmuhammetleriň her haýsy segsen-togsan ýyl ömür sürüp, dünýäden öten. Bir-birine sepleseň, nesil köki, sözeniň köki ýaly uzap-uzap, gadymyl-eýýamlara siňip gidýär. Şeýle kökün̈ gyrylmagyna nebsiň agyrman bolarmy?.. Gulaly goňur öz pikirine gümra bolup, piriň soragyna jogap bermänide undupdy. Ýa-da gizlin syrynyň üstüni açmakdan howatyr edäýdimikä?

Keramatly pir onuň göwnündäkini aňan ýaly, jogapsyz galan soragyny gaýtalap durjagam bolmady. Ýagşyzada az salym oýlanyp oturdy-da, has wajyp gürrüňe geçdi:

– Ata-babalarymyzyň ýurduny hudaýsyzlara bermezlik üçin, milletimiziň saýyrdyň, namysjaň ogullary münläp-münläp ata çykdy. Hawwa, senem şolaryň birisi. Emma başyňyz birikmedimi ýa-da hudaýsyzlaryň ýaragy güýçli geldimi, bilmedim, näme üçindir, siz ýeňildiňiz, basyldyňyz. Ata çykan merdanlaryň aglabasyny hökümet leşgeri gumuň ak çägesine garyp, ýer bilen ýegsan etdi. Halkyň ýagşy ogullary saýpallap tükendi. Indi takyrda ten berip, toba etmeli zaman geldi. Haka sygnyp, hasap-hesibi ulug perwerdigäriň öz ygtyýaryna tabşyrmak gerek. «Oýunçy utulanyny bilse ýagşy» diýlendir. Il içinde ýene bir

gürrüňem ýaýrapdyr: dypowlar boýun bolmadyklaryň neslini pürrelejekmiş. Körpe balalaryňyza haýpyňyz gelsin! Şolary ganymyň ganly goluna bermäň!

Päh, öňler, howalasy belentkä, demi daş ýarýarka, goňruň galtamany piriň häzirki aýdyp duran zatlaryny eşiden bolsa, beýle sözleri ýaman gaty görüp ör-gökden gelerdi. «Siz maňa ýaragyňy tabşyr diýýäňizmi?! Hudaýsyzlaryň öňünde uly boýuňy kiçeldip dyza çök diýýäňizmi?!» diýip gygyrardy. Emma häzir ol her näçe gygyrasy gelse-de, gursagynda, demliginde gygyrmaga güýjüniň galmandygyna göz ýetirdi. Göreşde ýeňlen, uruşda basylan gözgyny kişiniň lapykeçligi, göwnüçökgünligi onuň uly göwresini gaplap alyp, salyny gowşatdy. Atajanyň üstüne abanýan howp bolsa ony basmarlap aşagyna düýrledi. Şonda-da, sesi hyýgyldap ysgynsyz çyksa-da, ol gepiniň bir bölegini gögertjek bolup elinden gelenini etdi.

– Pygamber ornunda oturan pirim! Sen maňa näme buýursaň buýur-da, emma öz eliň bilen ýaragyňy eltip ber diýme! Owalda-ahyrda nahak gan dökmedik halal ýaragymy haramylaryň alnyna taşlasam, gözümi tutmazmy?! Şol ýaraglar ençe ýyllap meniň demir galam bolup, daşymy gorady. Indem men olara biwepalyk kylaýynmy? Eger razy bolsaňyz, men olary

siziň mübärek goluňyza tabşyraýyn!

– Getiriň!

Haý, bigaýrat dünýe! Sen arslan ýürekli merdanlary hem gaýgyrmaýan ekeniň-dä! Gulaly goňruň ömründe şeýle ejizlän pursaty bolar diýseň, kim ynanardy! Ine, ol mähnet göwresiniň galpyldysyny gizlejegem bolman, hyrsyz ýüzüni egşidip, ýaraglaryna tarap ugrady. Baş sopynyň ýanyna baryp, dembermezlerini düýrläp aldy-da, bäri gaýtdy. Olary getirip, piriň öňüne taşlanda, ýüregi sogrulan ýaly bolup gyýlyp gitdi.

***

Çölüstanda täzeligiň tiz ýaýraýşyna haýran galaýmalydyr. Bilmersiň ony selinleriň ujunda şuw-şuw seslenýän gepçi şemal ýaýradýarmy ýa-da gözüň kaklyşan bada süýnüp gaýyp bolýan boz jerenleriň ýyndam toýnagy! Aman baýy çapmaga çykan Gulaly galtamanyň pälinden gaýdyp, Uçmah ýaýlasyna sowlany, üstesine-de Nurnepes pire gol berip, sopy bolany Ýalkap baýyň obasyna gelip ýetende, baýyň aýaly Begsoltan gelin, uly bir belanyň sowlandygyna begenip, Hudaýa köp şükür etdi. Emma onuň bu begenji uzaga çekmänkä başga bir ýagdaý ony has beter gynanja goýdy: Meret sähnäniň yzyna düşüp gelen jigitleriň

täze topary Ýalkap baýy aman-zamanyny bermän tutup äkitdi.

Ömrüne horluk çekip görmedik tosun, tultuk baýy şäher türmesiniň hapa kamerasyna taşlap, öňden tussag saklap ýören garawullara-da ynanman, demir gapynyň öňünde jigitleriň birini ýörite gözegçi goýdular. Mädoraz dypow: «Goý, içine salyp, gaýgy edip horlansyn» diýen ýaly, baýy bir-iki hepdeläp soraga-da çagyrmady, oňa barmysyňam diýmedi. Alagaraňky, porsy «ýeke adamlyk» kamera Ýalkap ýirjigi daş ýumrugynyň içinde gysyp-gowrup, owup-mynjyradyp, soka salma edip gynaýardy. Asly tebigaty züwwetdin gorkak baý gün-günden howsala galyp, böwrüni diňledigiçe dowul tapyp: «Bu jigtekçelerden oňlulyga garaşmaly däldir, bular adam atmany siňek öldürenden enaýy görenog-a» diýip sazanaklap otyrdy. Türmäniň koridorynda dagy aýak sesi eşidiläýdigi, özüni atuwa äkitmäge gelýändirler öýdüp, onuň bütin bedeni galpyldy tapynýardy. Peläket özüniň başyna düşen şumlugy ömürboýy edip gelen günäleriniň jezasydyr öýdüp: «Ýa, Ýaradan! Ýazygymy ötüp-geç! Müň kerem toba edýän! Gaýtmyşym! Gaýtmyşym!» diýip gaýtalaýardy. «Sadaka belany sowar» diýlen gürrüňi ýatlap, ähli mal-döwletini hudaýýoluna aýdýardy. Ol agras lopbuş ýüzüni sallap, monjuk ýaly

kiçijik, tos-togalajyk gözlerini bir nokada dikip, paşşyk burnuny myşşyldadyp, selçeň mor sakgalyny titredip, özüniň bilýänje gysgajyk dogalaryny sanaýardy.

Bir-iki hepdeden tussagyň nalyşy Perwerdigäriň dergähine gowuşdymy ýa-da Mädoraz dypowyň kellesine üýtgeşik bir hyýal geldimi, garaz, baýy öňküden giňräk kamera geçirdiler. Ýalkap täze kameranyň gapysyndan ätläp baksa, ynha, bir gürzelek çal sakgally, ýüzi peşeneli, burunlagrak, gözleri goçak daýanykly ýaşuly poluň üstüne donuny ýazypdyr-da, allanäme namaz okap dur. Baý ýüregini döküşere, derdini bölüşere hemra tapanyna, onda-da, görseň gözüň dokunýan ýagşyzada sypat kişä gabat gelendigine az-küş begenmedi. Husnubelent keşbi howuňy basýan ýaşuly gopbamsy ýa tekepbir bolman, gaýtam alçak, gadyrly adam bolup çykdy. Onuň ýanynda petir nan, gowurdak, gant diýen ýaly azyk-owkadam bar ekeni. Demir gapynyň daş ýüzünde duran saklawyň dilini tapyp, demlengi gök çaýam getirtdi welin, Ýalkap baý iýip-içip, etlek duluklaryndan burçak-burçak der akdyryp, derisi giňäp, gönenip galdy. Şondan soň mesawy gürleşip, tä gije ýarymdan agýança hümürdeşip oturdylar. Ýaşulynyň peşeneli sypatyna kybap maňzyňa batýan manyly gürrüňleri hem bar ekeni.

– Hazreti hak resul pygamber aleýhyssalam «Hadysy-şerifde» aýdypdyrlar ki: musulmançylyk on hisseden ybarat bolsa, şonuň dokguzysy halallykdandyr diýip. Owwaly bilen ynsanyň süňňi-bedeni, on iki synasy, ondan soň päli-öwzaýy, ýüregi-kalby päk bolmalydyr. Mömin-musulmanyň renjinde-ryzkynda, lebzinde, nikasynda, perzendinde, kesbinde-kärinde haram ýoky bolmaly däldir. Emma hany o zatlar? Hudanyň parzyny, pygamberiň sünnetini berjaý kylan närsäni ýer ýüzünden goluň çyragly gözläp tapmaly zaman geldi. Älemi kesapat tümlügi gaplap aldy. Millet halaly taşlap, harama topuldy. Kyýamat-ahyrzamanyň nyşanlary zahyr boldy: ganhorlyk, anthorlyk, bahyllyk, neşebentlik, zynahorlyk... Şeýtan şat bolup heşelle kakdy. Ine, şu agyr günäleriň jezasy diýip, Allatagala bolşewigi ýer ýüzüne inderdi. «Ýäjüç-mäjüç geler» diýlip, köne kitaplarda aýdylýan bela şu peläketdir. Taňrydan tagýyr tapýança munuň garşysyna durup bilen närse tapdyrmaz. Hawa, onsoň Ýalkap baý bolsaňyz, siziňem etmişiňiz az däldir. Nebsini öňüne salan adam ynsabyny undup, günäniň goýusyna bora-boýy bilen batyberýär. Dürs aýdýanmy?

– Wah, näsini aýdýaň, Jumamuhammet aga! – diýip, henizem janyndan gorkusy bolan baý özelendi. – Allanyň öňünde ýazygym köpdür! Puşeýman edip

aňyrsyna çykyp bilemok!

– Indi puşeýmandan ne peýda? Päliňden gaýdyp, günäňi ýuwmak gerek.

– Nädip ýuwaýyn?

– Owalky nädürs eden işleriňi indi dürs etmegiň gerek!

– Men bir goly bagly bendiwan ahyryn. Nädip edeýin?

– Netiň etmede bolsa, Allatagala ýoluny açar. Perwerdigäriň emri ýetişse, müşgiller asandyr.

Jumamuhammet aga özüniň ne sebäpden türmä düşüşini hem gizläp goýmady. Ony işan bolany üçin tussag eden ekenler. «Halkyň aňyny zäherläp gelen alahöwren ýylan» diýip sud edipdirler.

– Hamala, ulamalar halkyň aňyny zäherleýänmiş – diýip, ýaşuly garaňka gaplanan kamerada tagta naryň üstünde gyşaryp ýatan ýerinden haýpy gelmek bilen seslendi. – Ýeri, muňa näme diýip, näme aýdarsyň?! Iliňe kast etme, kesekiniň malyny ogurlama, arak-şerap içme, ýalan sözleme, agzynlyga-zynahorlyga küýüňi berme, ulyny syla, päliňi pes tut... Ine, biziň millete wagzy-nesihat edýän zadymyz. Eýsem şuňa halkyň aňyny zäherlemek diýip bolarmy?! Ýagşa ýaman

diýmek, aga gara diýmek hebes dälmidir?! Hakykaty melamata öwürmek melgunyň kesbi dälmidir?!

Şol wagt kameranyň demir gapysy şakyrdap açyldyda, koridordan düşýän köreçel yşykda nätanyş bir kişi garalyp göründi.

– Salawmaleýkim, işan aga! Serdar agamyz size köp dogaýy salam gönderdi. Sadakamyzdan dadyp aýattöwwir kylsyn diýdi.

– Haýsy serdar?

– Aman serdar – diýdi-de, nätanyş kişi getiren zadyny goýup, howlukmaç çykyp gitdi. «Satyn alnan saklaw» demir gapyny gürpüldedip ýapansoň, turup görseler, goýnuň kellebaşaýagy bilen omaça bary salnan uly kersen tümmek bolup dur. Hudaýyň gudrat bilen inderen ryzky diýmän, muňa näme diýersiň! Gaýym iýip doýansoňlar, işan aga uzyn-uzyn dogalar sanap, töwwir kyldy. Baýyň onçakly kesgir bolmadyk akyly täsin bir açyş etdi: «Görýän welin, bu işan ýöne-möne adamyň hilinden bolmaly däl. Seret ahyryn, şu garaňky zyndan hem onuň sarpasyny syndyryp bilenok. Gudrat bilen onuň nesibesi iň berk saklawdan hem böwsüp geçýär. Men bolsam bir hepdeläp surnugyp otursamda, hossarlarym garaşyk edip bilmedi...»

Baýyň göwnüne, garaňky kamerada goýazy ýaňlanýan ýakymly owaz işanyň sesi däl-de, göze görünmeýän keramatly perişdäniň sesi ýalydy:

– Garaçydan nazarkerde adam dörese, şonuň biri Aman serdar bolar. Jennet nyşanly, lebzi halal, hakykatçy, dürs adam. Emmaki, haýp, Gulaly goňur diýen päliazan bedasyl il halar serdaryň abraýly adyna çirk ýetirdi. Ara ar-namys düşmezden milletiň gelnini süýremek dini-musulmana sygmajak gabahatlyk dälmidir?! Şerigatda iň ýaman günäniň biri zynahorlykdyr. O dünýäde zynahoryň jaýy jähennemdir. Gulalyny içinden çiş ötürip, oda çirkizip, Sakar dowzahda azabennar kylarlar...

Gulaly barada il arasynda ýaýran bu wejera gürrüň öňem baýyň gulagyna degipdi-de, ýöne onuň muňa ynanasy gelmändi. Gulaly onuň öýünde ýatyp-turup gidýär ahyryn. Baý oňa Hudaýa ynanan ýaly ynanyp ýörmänmi?! Ondan zyýan geler diýip gümanam edenog-a. Ýeri, şeýle güp ynanar ýaly, ol seniň doganyňmydy ýa ýegeniňmidi?.. Ýüregine kül-küle düşen baý birdenkä aýaly Begsoltany göz öňüne getirip, heziliniň gaçýandygyny duýdy. Ýaşy kyrka ser uranam bolsa, ter ýaňaklary gyzyl alma ýaly lowurdap duran, gözleriniň balkyldysy ýüregiňi bökdürýän, synasy

syratly zenan baýyň gözüniň öňünde örboýuna galdy. Sataşan gününden ýüregini bendiwan eden, şunça ýyl bile ýaşabam höwesi öçmedik, ak öýüniň hökümli hany, ähli mal-döwletiniň eýesi Begsoltan baý üçin dünýäde iň gymmatly zat dälmidi näme?!. Ol nädip özüniň iň gymmatly zadyny yzyna it salnyp kowalanyp ýören galtamana, azgyn ýat bigänä ynanyp bildikä?! Wah, işigaýdan Ýalkap ýirjik! Sen bir köwek sähraýy betbagt bolmasaň şeýdermidiň?.. Betgümanlygyň ajy burugsysy Ýalkabyň kükregini gaplap, ýüregini endiredýärdi, akyl-huşuny basmarlaýardy. Işan aga bolsa öz gozgan gürrüňiniň kameradaş hemrasyny melamatyň ýamanyna goýanyny gümanam etmän, arkaýyn gepläp ýatyrdy:

– Serhetde tirýek ýükli tutulan bir eýranlyny üç-dört günläp meniň ýanymda sakladylar. Gep salgy, özi şo taýynyň şäher adamsy bolmaly. Peläket, biziň gaçakçy-garakçylarymyzy atma-at sanap otyr. Aňry tarapa geçseler, päsgelsiz ýaýnap gezýärler diýýär. Şire çekip, arak içip, meslikden ýaňa bolmajyny bolýarlar diýýär. Dünýäde bir keýp bolsa edilýän bolmaga çemeli. Bäý-bäý, Gulalynyňam tarypyny ýetirýär-ä! Aýdýan zatlaryny gulak eşider ýaly däl. Barsa, diýýär, bärde urup-çapyp gazanan bar puluny jelephanalardaky owadan lolularyň

öňünden-ardyndan geçirýär diýýär...

Bu gürrüňe Ýalkap baýyň gany hyňzap depesine urmazmy! Ol ýatan narynyň üstünde sähnelän ýaly yranjyrap dik oturdy.

– O ýurtlarda jelephana diýen ýere, çaýhana baran ýaly, aç-açan barybermelimiş – diýip, işan aga sözüni dowam etdi. – Hökümetem jelephanany gadagan etmän, gaýtam hojaýyn heleýden salgyt alýamyş. Azgyn zynahorlar şol heleýe puluny töläp, gözüne ýaran jelebi saýlap tutaýmalymyş. Gulaly şol gelinleriň üçüsini birden satyn alyp, ýap-ýagty jaýda çyp-ýalaňaçlap, oýun-bezim edýärmiş. Kyýamat ýakyn gelende, gör, nämeler bolmaýar?! Toba estagpyralla! Haram keýp üçin adamlar iblise imanyny satýar! Şu gabahat zatlary zybana getirmegem külli günä bolsa gerek! Toba! Toba! Jelepleri çyp-ýalaňaçlap tomaşa edýän zandyýaman zynahor soňky gün öz öýüne gaýdyp gelip, öz enesini egni lybasly görse-de, ony ýalaňaç suratda göz öňüne getirermiş. Wadaryga! Bak ahyryn munuň günäsine! Neneň asman inip, ýer çöwrülmesin! Neneň gün günbatardan dogmasyn! La höwle wela kuwata illa billäh! Hawa, Ýalkap baý, bu gün dünýäniň gürrüňini etdik. Indi kelemeýi-şahadatymyzy öwrüp ýataly...

Işan aga birsalymdan myrlap uka gitdi. Baýyň bolsa gözüne çiş kakylan ýalydy. Ol özüni namysy depelenen adam hasaplap, masgaraçylygyň azabyny çekýärdi. Käbir zatlary ýadyna salanda bolsa, jany örtenip öläýjek bolýardy. Anha, Gulaly onuň öýünde pil ýaly bolup, bir duly tutup ýatyr. Begsoltan onuň başyna iňňeden çykma jam börük geýdirip: «Dähede doganymyň kyýamatlyk dogany! Men seni süýtdeş doganym ýaly görýän!» diýýär. Ol haramy galtaman bolsa alma ýaňak zenany wagşyýana ýaldyraýan gözleri bilen diriligine ýuwdaýjak bolýar. Belkem, ol şonda, işan aganyň aýdyşy ýaly, Begsoltany çyp-ýalaňaç suratda göz öňüne getirýändir? Wah, haramzada! Nurnepes pire sopy bolşuna-da ynanyp bolmaz onuň! Şu mahalam ol baýyň tutulanyny eşidip, yzyna gaýdyp gelen bolsa biçeme däl. Eýesiz galan öýde hezil edip, eşret görüp ýatan bolsa bildiňmi? Gödeňsi gollary bilen baý aýalynyň dykyz çeýe bedenini mynçgylaýandyr pelit! Öwh! Öwh! Eliň syrma gylyçly üstüni basagada, kerçem-kerçem edip bir içiňi sowatsadyň!..

Daňa ýakyn irkilen baý erbet gara basyp, hopugyp turdy. Ýaraly gaplaň ýaly, kameranyň içinde iki ýana zowzuldap çabalandy. Işanam oýanyp, täret kyldy-da, namaz wagty bolaryna garaşyp otyrdy. Penjiräniň

demir gözeneginden görünýän asman süýt reňkine boýalanda, Jumamuhammet işan Allatagalanyň beýikligini, älemde ýeke-täk Taňrydan başga güýç-gudratyň ýokdugyny, ähli bendeleriň keremli Subhana sygynmalydygyny hem-de Kelamyllada görkezilen dürs ýoldan ýöremelidigini türmede oturan her jüre jenaýatçylara we olaryň daşyndan: serhetde tutulan garakçylara, aýallar azatlygyna garşy çykan baý-feodallara, şuralar hökümetini iňlislere satmakçy bolan dönüklere hem gaýry halk duşmanlaryna belent ses bilen jar etdi. Gep salgy, işan özüniň köne endigini – «Zähmetkeşleriň aňyny záherlemek» gylygyny tä ölýänçä goýjak däl bolmaga çemelidi.

Şu mahal demir gapynyň deşiginden ogrynça gözetläp duran ýalpak ýüzli, egni gaýyş kurtkaly adam bar ünsüni namaz okaýan işana bermän, baýa beripdi hem-de onuň ynjalykdan gaçyp, pelesaň urşuna heşelle kakýardy. Ol: «Hemme zat ölçäp-biçişim ýaly jaýba-jaý ýerine düşüpdir» diýip, begenjine elini owkalaýardy. «Gör-ä, wakalaryň bir-birine jebis sepleşip gidişini: Aman serdaryň adyndan kellebaşaýak gelýär welin, işan ony öwüp arşa çykarýar. Yzyndanam gürrüňiň nämä ýazjagy gümansyz bildirip durdy. Gürrüň, elbetde, serdaryň namysyna el göteren Gulala

ýazaýmalydy. Galtamanyň Eýranda edýän azgynçylygy bolsa depe-düz edip, üstüni doldurmalydy. Çintgäp otursaň, bu ýerde işan aganyň dyrnak ýaly hem günäsi ýok. O bende öz ýanyna salnan «tirýek daşaýjydan» eşiden zatlaryny Ýalkap baýa edil bolşy ýaly tüýbe-tüý gürrüň berdi ahyryn. «Eşiden gulakda ýazyk ýok» diýilmänmi, «tirýek daşaýjynyň» dogry sözländigini ýa egri sözländigini işan nireden bilsin? Aý, bu zatlar hiç-le. Ynkylabyň duşmanlaryna garşy göreşde näme etseňem halaldyr. Esasy, Ýalkap ýirjige gabanjaňlygyň otly donuny geýdirip bilenligimiz. Gör, onuň janyna jaý tapman çabalanaýşyny! «Dälä ýel ber...» diýipdirler. Soňunam görüberýäs...»

Ýalkap ýüzüne özünden göwnühoş bolmaklyk hem ulumsylyk çaýylan Mädoraz dypow pursaty elden bermän, baýy dessine soraga çagyrmagy müwessa bildi.

– Ýalkap baý! – diýip, ol ýene birsalymdan sorag jaýynda baýyň daşyna geçip otyrdy. – Çölde siziň agyp-dönüp ýören dowar süriňiziň, torumly-köşekli düýe malyňyzyň sany-sajagy ýok. Ýigrimi-otuz sany çopan-çoluk saklap, ýoksullaryň ganyny sorýaňyz. Şu çaka çenli şura hökümeti bu zatlara çydap geldi. Emma mundan bu ýan baýlary synp hökmünde ýok etmäge girişen ynkylap sizi öz ýolundan syryp-süpürip

taşlamaga mejbur bolýar. Düşnüklimi?

Baý hiç zat düşünmän, monjuk ýaly kiçijik gözlerini gyrpyldatdy. Onuň mor sakgally lopbuş ýüzi öňki nalajedeýin sypatyny üýtgetmedi.

– Bu zatlaryň üstesine-de, siz milletiň ganym duşmany Gulaly galtamana öýüňiziň töründen orun berip, gadyrly myhman hökmünde hezzet-hormat edýämişiňiz. Her gezek gelende gujak açyp garşylaýamyşyňyz...

Gulalynyň adyny eşidende baý gahary içine dolup, hum ýaly çişdi. Onuň kiçijik gözleri alakjap, hanasyndan çykaýjaga döndi. Lopbuş ýüzüne gan uranda, ýumry duluklary köseleç mor sakgaly bilen reňkdeş boldy. Baý bokurdagyna dolan gatyny zor bilen ýuwutdy-da, ýangynly gagyrdap:

– Owarra gitsin! Jähennem bolsun! Adyny eşitmäýin! – diýip gygyryberdi.

– Weý-weý, baý aga! Bu nä hekaýat? Bu nä boluş? Hany, siziň öýüňize Gulalyny heýwere gowy görýärmişler-ä! Töre geçirip, eziz myhmanyň ornunda oturdýamyşlar-a!..

Bu sözi eşidende baýyň ýüzi erbet egşäp, ol özüniň mor sakgalyna penjäni urdy. Häzir ol içiniň ýangynjyna

sakgalyny şarta-şarta ýoluberjek ýaly göründi.

– Siz näme üçin ony tutaňzok?! Eýsem ýüz sany atly-ýaragly jigit ýeke galtamany ele salyp bilmezmi?!

– Gaty dürs gürrüň. Ýöne ol heýwere sypjyk, hilegär hem köpbilmiş galtaman. Nirdedigini öňünden bilip, duýdansyz güpbasdy edäýmeseň, ony aljak gümanyň ýok. Nirede bukulandygyny eşitsek, biz häziriň özünde onuň üstüne dökülmäge taýyn. Gizlenýän ýerini aýdaýmaly welin, teý aýdanoklar-da!..

Aýgytly pursatyň gelendigine düşünen Mädoraz dypow: «Näderkä? Aýdarmyka?» diýip, sabyrsyzlyk bilen baýa çiňerildi.

– Aýtsaň, biz seni boşadarys. Şu günüň özünde öýüňe gaýdarsyň. Aýt-da gaýdyber! Çagalaryň garaşýandyr!..

– Aýtman näme! Meni boşatmasaňyzam aýdaryn! – diýdi-de, tultuk bedenine ygtyýar edip bilmeýän baý galpyldap gepledi. – Ol şumat Uçmah ýaýlasynda, Nurnepes piriň, dünýäni terk edip, ýeke özüniň mesgen tutan ýerinde gizlenip ýatandyr. Ýele salyp bilseňiz gaýgyrmaň şony! Atyň, öldüriň, ýere sokuň!..

Aýtjagyny aýdyp, içini sowadan baý, ýüki ýeňlän ýaly, uludan bir dem aldy. Haşşyldanda iki egni sallanyp, gaba

göwresi ýeli boşan böwen dek tultardy. Ikindinaralar ony türmeden çykaryp, öýüne goýberdiler.

***

Owal birmahal Gulaly goňur bilen Atalyk ýasawul ikisine: «Siz geljek ömrüňizde pire gol berip sopy bolýaňyz» diýseler, olar beýle zada ömür ynanjakmydylar?! Indi görseň (ykbal işine bak-a!), bularyň ikisem, takwa müritleriň hatarynda durup, «Niýet kyldym», «Ymama uýdum» diýip, günde bäş wagtyny yrman namaz okap ýörler. «Allahy ekber» diýip eglip-galýarlar, «Allahy ekber» diýip maňlaýyny sežde goýýarlar. Namaz ahyrynda baş sopy hemmeler üçin niýetlän ýaly edip wagyz-nesihat okaýar, emma bu öwüt-ündewiň hususan täze sopular üçin gaýtalanýandygyny aňmak kyn däldi.

– Eýa, dini yslamyň mübärek ýolundan gadam salan umydygär bendeler! Bu ýolda hergiz daş-töweregiňize ýaltaklaýjy bolmaňlar – şeýtany lagynny görersiňiz. Ol sizi, gol bulap, ters ýola çagyrýandyr. Myrada ýetgeý diýseňiz, Allahytagalanyň dergähine göz dikip, janu-teniňiz, akyl-paýhasyňyz, tutuş kalbyňyz bilen oňa bakan owsunyp ümzük atyň! Egerki, siz oňa tarap bir garyş süýşseňiz, ol size tarap bir gary süýşer; siz oňa

tarap bir ädim golaýlasaňyz, ol size tarap on ädim ýakynlar. Kimde-kim öz nebsini, tekepbirligini, dünýä höwesini, menligini öldürip bilse, Hudaýtagala onuň damagyndaky jan damarynda «Men hak! Men hak!» diýip tyrsyldap durgaý. Allanyň barlygyny, barça işlere amala edip durandygyny duýup-syzyp bilmeklik her bir mürit üçin iň belent keremdir, bagtdyr. Şony duýup-syzyp bilen ynsana bu dünýäde asla bir müşgil iş galmagaý...

Allanyň gazabyna uçrap, ondan gözi gorkan Atalyk çöl-beýewanyň her daban ýerine müň kerem maňlaýyny goýup toba etmäge kaýyldy. Pis açan gollaryndaky besse-besse tegmillere gözi düşende, özüni şu ýere gelmäge mejbur eden pajygaly wakalary ýatlanda, Haktagalanyň goly gürzüli perişdesi häzirem onuň üstüne abanyp, soňky zarbany urmaga taýyn bolup duran misillidi.

Gulaly sopy bolsa günämi ýuwaýyn diýip ölüp-öçübem baranokdy. Köpçülik näme edýän bolsa, olam il ugruna gaýtalan bolup ýördi. Ol Hudaýyň alnynda özüniň agyz dolduryp günä diýer ýaly günäsiniň barlygynam bilenokdy. Ady «galtaman» bolsa-da, ömründe bir gezegem nähak gan dökmedi ýa-da il-günüň mal-halyna el urmady. Kesekiniň heleýini süýredi diýibem oňa töhmet atdylar. Ine, şu sopularyňam

käbiri şol gabahat gürrüňe ynansa-da ynanyp ýörendir. «Ogram özüne osar, orramsam» diýleni-dä.

Öňki galtaman mähnet kellesini agras sallap, gep-gürrüňe goşulman, ýürek hasratyny çekýän sypatda kürşerilip otyrdy. Gysymyna gysan ürgün çägesi onuň küdüň ýaly ýumrugyndan syzyp akyp dur. Hamana, bu onuň aňyndan geçýän muşakgatly pikirleriň üznüksiz akymy ýaly. «Öýümiň diregi ejiz naçarym bilen körpe balalarym aman-esenmikä? Ýa-da o biçäreler eýýäm hudaýsyzlaryň penjesine düşüp, jebri-jepaga duçar boldularmyka?.. Ýa, gudraty güýçli Taňrym! Meniň başyma neneňsi hupbatlar salsaň sal, men çydaryn. Ýöne, çülpelerimi öz penaňda sakla! Käpirler olary ýer-ýesir edip alyp gitmesin!..»

Ýene bir öwrümde küpür bolup, has erbet zatlary göwnüne getirýärdi: «Ýa, Biribarym! Eger-de käpirler meniň balalarymy alyp gitdi diýen habar gulagyma ýetäýse, onda gaýtadan ýaraga ýapyşyp, öňde-soňda etmedik işlerimi etmeli bolaryn! Hudaýsyzlaryň öýüni başyna ýumrup, olaryň haram ganyny derýa dek akdyraryn! Meni şeýtmekden özüň sowawer, Hudaýym! Gahar-gazap atyna atlandyrma, zalymlyk ýoluna iterme!..»

Gulalynyň göwnündäkini ýüzünden aňan baş sopy agşam namazyndan soň ony garaňkynyň içinde tokaý tutup oturan beýik sazaklaryň arasyna çekdi-de, mylaýymlyk bilen söz gatdy:

– Eý, meniň dindei, mezhepdeş doganym! Bir etege ýapyşan pirdeşim! Gudraty güýçli Taňrytagala ten berip, onuň emrine kaýyl bolmagyň gerek. Bu dünýäniň gülüm-ýalymyna aldanmak hebesdir. Kurany kerimde aýdylyşy ýaly, ýaradan Alla behişdiň ähli eşretini biziň ezizi pygamberimiz Muhammet Hak resul aleýhyssalamga bagyş kylandyr. Pany dünýäniň tutuş lezzeti howzy-Köwserniň bir katra suwuça bolup bilmez. Biziň pygamberimiz bolsa ummatlarym behişte girýänçä özüm girmen diýenmiş. Gör, ne ajaýyp arkadagymyz bar biziň! Müň kerem elhamdylylla! Şonuň dek arkadagymyz barka, biziň göwnümiz giň, janymyz rahat, keýpimiz çag bolmazmy?! Sen näme üçin agyr gussa çekýäň, Gulaly sopy? Dök etegiňden daşy!

Gulaly biragyz dil ýarman, mähnet kellesini yralady-da, garaňkynyň içinde aňyrsyna öwrüldi. Onuň agyr ezýet çekýändigine düşünip haýpy gelen baş sopy: «Hudaý rahmet etsin! Ýaradan giňlik bersin!» diýdi-de, bialaç dolanyp gaýdyberdi. Pire gol beren galtaman

bolsa, özüni çola çekmek üçin, bir depeden aşyp, eňňitden çäge akdyryp, çuň gola eňdi. Goluň düýbünde çök düşüp oturyşyna çar tarapdan seňňerläp abanan ümmülmez dünýäniň dem-düýtsüz dymmasyna üstüni basdyryp ýegşerildi. Ägirt uly älemiň dymmasy hem ägirt bolar ekeni. Gulak perdäňden ötüp, akyl kädiňe kürsäp urýan bu eýmenji ses-sedasyzlyk gara basan ýaly labyryny atyp, sandygyňa howp salyp, hopukdyryp alyp barýardy. Bu elheder aldyryjy bela nägehan, megerem, bijanlygyň, ölümiň, ýoklugyň alamatydyr. Mundan başyňy gutarmak üçin, belkem, gara basýan adam ýaly, allaniçigsi gygyryp turmalydyr? Gulaly şu alada bilen nätjegini bilmän otyrka, geň galmaly zat, iňňän uzakdan, ýedi gat ýeriň teýinden, üznüksiz bir iňňildi eşidilip başlady. Bu ýürek gyýyjy zaryn iňňildi kem-kem güýjäp, ölüm getiriji dym-dyrslyk bilen göreş edýän ýalydy. Gulaly: «Garry zemin iňňildeýär, çöl-beýewan eňreýär» diýip oýuňa getirýär. «Bu nämäniň zarynlamasyka? Bu nämäniň agysyka? Megerem, türkmen topragy özüniň armanly ölen nazarkerde perzentleri Eziz Çapyk, Hojaguly han, Ata Mäneli, Dähede batyr üçin gussa çekýändir! Hudaýsyzlar bilen deň bolmadyk göreşde guma garylan müňlerçe şehitleriň ýasyny tutup eňreýändir!..»

Gulaly şu halyna näçe wagt geçeninem bilmän, gussa batyp otyrka, ýokardan adam sesini eşidip, başyny göterdi. Goluň belent erňeginde, ýyldyzly asmanyň ýüzünde Atalyk ýasawulyň bigörk egri sypaty garalyp görünýärdi. Hudaýsyzlaryň öňki baştutany Gulalyny ýassy namazyna çagyrýardy.

Ertesi günorta naharyna üýşülende sopularyň arasynda oňat görülýän gürrüňleriň biri – günäňi ýuwmagyň hem ýalkanmagyň aňsat ýollary hakynda gep gozgaldy. Sary sopy diýilýän arykdan uzyn köseleç kişi larky göwresini yralap: «Zerreden ýalkaryn diýipdir» diýip başlady-da, öňde biriniň günäden saplanyşy dogruda hemmäniň öňden bilýän tymsalyny gaýtalady.

Bu gürrüňiň täsiri ýetip gozgalaň tapan Atalyk sopy gara çyny bilen alyp göterdi:

– Onuň ýaly bolsa, gidägeden, höküwmediň ketdelerinden birini kaklap gaýdybersem, belkem, menem ýalkanaryn?..

– Siz ýalkanmak isleseňiz, deslap öz ýüregiňizdäki şeýtany öldüriň! – diýip, baş sopy onuň al-petinden aldy. – Kalbyňyzdaky bet pygyllaryňyza, ýaman niýetleriňize garşy uly jihad urşuny kylyň. Günäden sabamagyň

şondan ýagşy usuly bolmaz.

Baş sopy bu zatlary Atalyk sopy üçin aýdýanam bolsa, onuň sözleri hemeden beter Gulala şaplap degýärdi. «Wah, iň kyn ýerem öz-özüňe emr edip bilmek dälmi?!» diýip, täze sopy ahmyr bilen içini gepledýärdi. «Taňrytagala meniň ýüregimi ýüz ýerinden, müň ýerinden eziz perzentlerime baglan bolsa nädeýin? Ýüregimiň şol baglaryny gyryp taşlamaga meniň güýjüm ýetmese, nä alaç edeýin? Ejizlerimi «maňlaýlaryndan görsünler» diýip, Allanyň penasynda galdyrmany başarmasam nirä gideýin? Bu, megerem, meniň Biribara doly bil baglamaýanlygymyň nyşanydyr. Eýsem guş-gumrular, hozanaklar-çekirtgeler, garynjalar-gurçuklar, beýleki dürli-dürli jandarlar Ýaradanyň saýasynda gün görüp ýaşap ýörmänmi? Meniňem gaýrata galmagym gerek. Bir ýagdaý etmegim gerek. Gyzgyn gülläniň öňünde sarsman durubam, şu ýerde ejizleýşimi diýsene!..»

Gulaly işe gümra bolanda az-kem aladasyny unudýandygyny bilip, guýudan suw çekmelem bolsa, töwerekden jagrama odun ýygnap getirmelem bolsa, ýadamany-ýaltanmany bilenokdy. Onuň has gowy görýän ýumşy sadaka diýlip getirilýän bäşlek-üçlek dowary gum içindäki obalaryň garyp-gasaryna, ýetim-ýesirine piriň tabşyrmagy bilen eltip gaýtmakdy.

Çöwürmesini gözüniň üstüne berk çümren, göwşüllän donunyň daşyndan biline ýüp guşan, bir bölek goýnuň yzynda taýagyny süýräp barýan çopan sypatly bu geplemezek pyýada şol birmahallar çöle owazasy dolan galtaman diýseň, häzir hiç kimem ynanjak däldi. Sulhy öçüp, eginleri sallanyp, göreňde üýşendirýän öňki nazarkerde, batyr syýagyndan nam-nyşan galmandy.

Gulalynyň soňky sapar sadaka gowşurmak üçin sorag salyp tapan garaja oraçasy gum obasynyň iň çetinde garaguruma basyrylyp, ýere ýepbeşip otyr ekeni. Daşyndan görmäge onda janly-jemende ýaşaýana meňzänokdy. Emma Gulaly bäşlek-üçlek dowaryny küş-küşläp, ardynjyrap bärden baranda, oraçanyň sallam-sajak eňsisi galgap serpildi-de, onuň aňyrsyndan ululy-kiçili bir toplum çaga bosup çykdy. Hemmesi aýakýalaň, başaçyk, biri-birinden hor hem eleşan. Gyz, oglan gatyşyk, uluraklary tur-otura ýaran, kiçijikleriniň arasynda ýaňy aýak bitenem bar. «Päh, pir hezretleriniň sadakany nirä ibermelidigini jaýdar bilşine seret! Edil hemme zady gaýybana görüp oturan ýaly-ow!» diýip, sopy göwnüne getirdi.

– Habarlaşar ýaly kim bar?

Çülpeler: «Enemiz bar-da, enemiz bar» boluşdylar.

Salam berip işikden ätlän Gulaly gurum baglan oraçanyň içinde oda atsaň tütär ýaly goşuň ýokdugyny görüp, gap böwürde şyrrygy çykan köne deriniň üstünde oturan ebla kempiriň bolsa ene-atadan dökülip galan şu ýetimlere ýeke-täk howandarlyk etmeli adamdygyny aňyp, amana-toba geldi. Ol: «Eý, Keremli Taňrym, seniň edýän işiňe biz at dakyp bilmeris! Elbetde, özüň ýagşy bilýänsiň» diýip, küpür bolmakdan zordan saklandy.

Hyk-çok edip kynlyk bilen oturyp-turýan ebla kempiriň sadaka gelen zady şu ýetimlere oňaryp iýdirip bilmegi hem gümandy. Bu ýagdaýy görüp duran Gulaly goluny çermäp işe başlady: eşegine taýlap ýüklän bogdak uny bilen suwly çelegini düşürip, çoluklaryň edişi ýaly, öňi bilen gazanda hamyr ýugurdy. Hamyry alýança, gapyda, ürgün çägäniň üstünde çagalara ot ýakdyrdy, özi bolsa sürüp gelen dowarlarynyň arasyndan semiz bir toklyny hasyr-husur soýup şakgalady. Onsoň hamyry ýasylap, tegeläp, gora gömägeden, gazanda buglama atardy. Munuň gapdalyndan, özi çaý içip nepesini durlamak üçin, suwly tüňçäniň böwrüni tümmek köze diräp goýdy. Dogramça-dogramça akja guýruk bilen sözen çybygyna aralaş düzülen bagyrmyň, böwrekmiň otda jyzyrdap, dumly-duşa tagamly ys ýaýradyp, agzyňy suwardyp alyp barýardy. Şu mahal

aç ýetimleriň hoşgylaw «daýynyň» daşynda pelesaň urşuny görseň, olaryň oda düşmegindenem howatyr etmezçe däldi. Gulaly ýagy damyp duran gyzgyn kebaby çybykdan syryp alýardy-da, eliniň aýasynda üfleşdirip, dumly-duşdan özüne bakan serlen horja gollara tutdurýardy, arasynda maý tapsa öz agzyna-da taşlap, lokuladyp ýuwdup goýberýärdi. Basym kemsiz bişen gömme nanam gordan çykarylyp, küli kakylyp, dört gül edilip kesildi. Eti gopup, süňki eliňe gelip duran buglama-da gazany bilen orta alyndy. Ýalmawuz bary, guş sürüsi gonan ýaly, saçagyň daşyna üýşende, esli wagt burunlaryň myşşyldysyndan, agyzlaryň şapbyldysyndan başga hiç zat eşidilmedi. Ebla kempir titrewük eli bilen ýetimleriň iň körpejesine – iki ýaşynyň içindäki oglanjyga iýdirjek bolup azara galýardy. Rehimdar myhman rowgatsyz kempire: «Siz özüňiz iýiberiň!» diýdi-de, oglanjygy öz gujagyna aldy hem oňa öz golundan iýdirmäge başlady.

Ine, şu pursatda öz oguljygy ýadyna düşüp, Gulalynyň ýüregi pagyş-para eräýmezmi! Atalyk mähri inip, bütin bedeni gowşap, ol hyjuw bilen kesekiniň ýetimçesini bagryna basdy. «Atamyň adyny dakan göz guwanjym!» diýip, uzakdaky perzendine ýüzlendi. «Sen şu mahal nirede ýörsüň? Ýa-da ýykylyp-sürşüp,

agzyň gum garbap, hary-zar haldamyň? Rehimsiz duşmanlaryň golunda ýer-ýesir bolmasaňam ýagşy!..» Ynsanyň merdi, sähranyň gurdy gozüni balkyldadyp, ýetimçäniň başyny dözmezlik bilen sypalady, özüniň ejizläp oturanyny ýanyndakylar duýan bolmasyn diýen gorky bilen göz astyndan birlaý garady.

Gemmik agzyny kümşüldedip iýýän ebla kempir «Hudaý baa-da... Hudaý baa-da...» diýip, göwnündäki pikire görä seslendi. Gulaly garrynyň näme diýjek bolýandygyna birdenkä düşünip haýran galdy. Kalbynda gümmürdäp galan ägirt uly bir duýgy gümmezekläp, çogum-çogum çişip, asmany-zemini püre-pür doldurdy. Kurany kerimiň «..Kursiýuhüssemawaty wel arzy» diýen sözleri sopynyň gözüniň öňünde hakykata öwrülip, arşy agladan belende göterildi. Gulaly, baş sopynyň aýdyşy ýaly, janly-jandaryň howandary Ýaradan Allanyň nagt barlygyny, onuň gaty golaýdalygyny ömründe ilkinji gezek teni bilen syzyp-duýup, özüniňem ýönekeý ynsanlykdan has beýgelendigini aňdy. Täsin ýeri, uç-gyraksyz älemlere gudratyny ýöredýän Patyşa ýer ýüzündäki iň maýdaja mör-möjekleri-de gözden salanokdy. Hakykatdan hem, barça zat Allanyň eradasyndady.

Ruhy göterilen Gulaly şular ýaly joşgunly

duýgularyň deňzinde ýüzýärkä, garny doýan ýetimçe onuň gujagynda ymyzganypdy. Oglanjyk pökgüje dodajyklarynyň öweldip, gözjagazlaryny ýuman bolsa-da, ol myhmanyň ýeňine eljagazyny sokup, barmajyklary bilen onuň gylly goşaryny sermeýärdi. Şu goşar bilen Allanyň rahmetiniň gelendigini onuň aňy kesmese-de, belkem, kinniwan, tyrsyldawuk ýüregijigi duýýandyr. Belkem, şu mahal Gulalynyň körpeje zürýady Atajan hem, Ýaradanyň gudraty bilen, ýat bigänäniň gujagynda ymyzganyp, onuň mährini janyna siňdirip imrinip ýatandyr. Eýsem şu gaýypdan gelen imrindiriji mähribanlyk Haktagalanyň bütin dünýä howandarlyk edýänine şeksiz şaýar dälmi?! Gulaly sopy uly bir hakykata ten berip, şowky göterilip, täze bir ynsana öwrülen ýaly boldy. Öz ömründe üýtgeşik bir zamananyň başlanandygyny aňyp, öýle namazyndan soň müň öwran «Elhamdylylla», müň öwran «Subhanalla», müň öwran «Allahy ekber» aýdyp, Taňrytagalany alkyşlady.

Gulaly Uçmah ýaýlasyna gaýdyp gelende, baş sopy onuň ýüzünden öňki ýowuz sypatyň öçendigini görüp begendi. Kalbynyň öýünden turýan ruhlanma sopynyň irimçil gödeksi keşbini mylaýymlandyrypdy. Ol öňküsi ýaly kürşerilip, tüňňerilip ýörmän, beýleki

sopular bilen hoşgylaw gürleşýärdi. Şu zerarly ol ilkinji ýola uly hormata mynasyp boldy. Baş sopy Uçmah ýaýlasynyň ak perişdesi hazreti Nurnepes piriň çola ýerde özbaşdak dikilen çertegine ugranda, täze sopyny hem ýany bilen alyp gitdi. Baş sopynyň golunda nanly saçak bilen naharly okara, Gulalynyň golunda bolsa suwly küýze bardy. Sadagasy boldugym pir olaryň elten nygmatlaryny gadyr bilen kabul edip, özlerine-de köp ýagşy dilegler kyldy. Gaýdyşyn baş sopy: «Rahmete uçraganyň gutly-mübärek bolsun!» diýip, Gulalyny gujaklap özüne dartdy, sag egnini sag egnine, çep egnini çep egnine çakyşdyryp aýyrdy. Bu ýokary sylagyň, belent mertebä mynasyp bolmagyň alamatydy.

Agşam çaglary çöp kümäniň öňünde ýanýan oduň pessaýja şemala oýnaklaýan ýalny halka gurap oturan sopulary kä garaňkydan saýlap, kä garaňka batyrýardy. Ömründe köp günä edeni üçin özüni müýnli duýýan Atalyk sopy ak selleli, gaba sakgally dindarlaryň daşyndan aýlanyp, olara hyzmat edýärdi: gara kündükden çaý guýup berýärdi. Ondan-mundan urlan gürrüňçilik ahyry bir ugra gönügipdi. Enbiýalaryň kyssasyny ýagşy bilýän Sary sopy her zaman-her zaman yslamyň kasdyna döreýän sütemkärleriň öz möwriti ötýänçä musulman bendelere köp zulumlar edişini

aýdyp otyrdy.

— Hazreti pygamberimiz Muhammet aleýhyssalamnyň mukaddes kowumlaryga jebri-jepalar berip, ganlar ýuwtduran pelide Ýezidi lagna ibn Magauwiýa diýenler. Oşol käpir Kerbela jeňinde ymam Hüseýiniň ýetmiş iki esgeriniň garşysyna gurat ýaragly dört müňlük leşgeri urşa goýberen. Ýowuz söweşde pygamberiň eziz agtygynyň mübärek tenlerine sansyz ýerinden sanjylan-çapylan ýaralar düşen. Ol şehitleriň patyşasy bolup, behiştde Allanyň tagtynyň ýakynynda müdimilik mesgen tutýar. Ýezitler ymam Hüseýiniň hem onuň ýaranlarynyň başyny kesip alyp gidende, Allahytagalanyň magşar azaby iner gorkusyndan ýedi gat ýer endiräp-sandyrap, asman elenip, pelekde melekler nala-perýat kylypdyr.

— Neneň kylmasynlar?! Toba, estagpyrylla! Toba, estagpyrylla! – diýen sesler, haşşyldap dem almalar eşidildi. Hasratdan ýaňa odam öçen ýaly bolup peseldi, sopularyň ýüzi garaňka duwlandy.

— Hudanyň resuly körpe agtygyny şeýle bir söýer ekeni! Jan-dilden oňa muhabbet nuruny saçar ekeni! – diýip, Sary sopy sözüni dowam edende, ýürek joşgunyndan ýaňa onuň bokurdagynyň dolandygy

duýuldy. — Ol hatda namaz okalýan mahaly, körpe balajygy gelip dyzynyň üstünde oturanda-da ýa arkasyna hopba bolanda-da, ony aýyrdyrmazmyş! Namazyny bolubam: «Ýürekleriň aramy sen! Ýigitleriň serdary sen!» diýip söýermiş!

— Wah, wah! Pygamberiň ezizi! Hudanyň halany! Gör, ne ezýetler çekip şehit bolupdyr! Hiç dözer ýaly, çydar ýaly däl! Ýedi yklym neneň elenmesin?!

Hälki çaý guýup berýän Atalyk ýasawul boşan gara kündügi dik duran ýerinden ýumşak çägäniň üstüne dükledip oklap goýberdi-de, gaharly gürledi:

— Şeýle ýowuz süteme Taňrytagala nädip ýol berdikä?! Güýji ýetmedimikä? Hany «La howle wela kuwwata illa billah» diýilmänmi? Beýle adalatsyzlygyň bolmaga haky ýog-a! Men şuňa düşünemok! Nädip düşünjegimi bilemok!

Atalyk ýasawul içiniň ýangyjyna gykylyklap dur. Sopy boldy-da, din ýoluna halys başy bilen berläýdi bu Taňrynyň bendesi. Şu adam ýaňy-ýaňylaram hudaýsyzlar guramasynyň başlygydy diýseň, häzir hiç kim ynanjak däl.

— Atalyk sopy! – diýip, baş sopy pessaýdan berk gepledi. — Size-bize küpür sözlemek külli aýypdyr.

Kurany kerimde aýdylany ýaly, Alla has uzakdan görýändir, has aňyrdan ölçeýändir! Allanyň kylan işi hemişe dürsdür! Hemişe adalatlydyr! Hemişe belentdir! Siz oňa çirk ýetiriji bolmaň! Aýdan gepiňize toba eýläň!

Atalyk sopy agzyndan sypdyran bijaý gepini pygamberiň söýgüli agtygyna dözmezlik edip aýdanlygy bilen aklajak boldy. Emma baş sopy onuň bu tutarygyny kabul etmän, müň kerem estagfyr aýtmagy buýurdy. Şunuň bilenem gyzykly gürrüňçilik ýürek gysgynjyrak tamamlandy.

Ýassy namazyndan soň her sopy aýratynlykda öz isledigiçe tagat okaýardy. Olaryň käbiri gijäniň agramly bölegini Ýaradanyň adyna hamdy-senalar aýdyp geçirýärdi. Haktagalanyň özüne tarap rahmet nurunyň tejelli bolup saçylýandygyny kalby bilen syzýan Gulaly sopy hem, ak alaňlaryň çägesi näçe müň-müň zerre bolsa, şonça-da subhan aýtmak arzuwy bilen joşýardy. Ol şu islegini berjaý ede-ede, gijäniň ikinji ýarymyny hem ortalanda, namazlygynyň üstünde bir ýanyna gyşaryp uklap galdy. Şu ýatyşyna-da täsin bir düýş gördi.

Edil oýalykdaky ýaly aýdyň-oraşan görnen bu düýşde Gulaly, hamana, öz öýünde, çagajyklarynyň

arasynda parahat durmuşda gaýgy-aladasyz ýaşap ýörenmiş. Ynha, ol öýüniň dulunda namazlyk ýazyp, ikindisini okap durmuşyn. Sežde edip bolup, çöküne düşende (ýeri, nireden ýadyňa düşdi diýsene!), körpeje oguljygy gelägede, dyzynyň üstünde oturyberýämiş! Edil pygamberiň agtygynyň gelip oturyşy ýaly! Päheý, eşiden zadyňy düýşüňde görüp ýörjek bolsaň, nätmeli bor-aý! Onsoňam, namaz okaýanyň başga zada göwni bölündigi, onuň namazy bozulýar-a! Namaz okanyňda akyl-huşuň, pikir-duýgyň, tutuş durkuň Biribaryň dergähine gönügmeli ahyryn! Gulaly sopynyň bolsa ýüreginiň mähir-muhabbeti tutuşlygyna körpe guzujygyna tarap ýňýar-da, şoňa siňip dur, şoňa siňip dur. Sopynyň diliniň senasy üýtgäp: «Gözümiň guwanjy! Ýüregimiň karary!» diýen sözlere öwrülýär. Onuň mähnet penjesi, küti aýasy dyzynyň üstünde ümsüm oturan körpe balajygyň sary galpagyny sypalaýar. Ýeri, ynha, şu-da bolşy! Aýaly bilen gyzjagazlary hem bu hezillige guwanyp, ýylgyryp bakýar.

Eger bu düýş edil şu ýerinden kesilip tamamlanan bolsa bolaýmajakmydy! Onda Gulaly sopy düýşünde ýüregi ýukalyk edip, perzent söýgüsiniň öňünde ejizläni üçin özüni günäli hasaplap, toba edip oňaýmaly bolardy. Emma düýşüň soňy has howsalaly bolup, maşgalanyň

atasyny diýseň ynjalykdan gaçyrdy. Gulalynyň ganym duşmanlary, hökümediň atly jigitleri, duýdansyz ýerden çozup girdiler-de, onuň aýalyny, gyzlaryny, oguljygyny ýesir sürüp gitdiler. Özüni bolsa, «Itden çykarmak üçin», elini arkasyna baglap, depäniň aňyrsyna alyp ugradylar. Ine, şu ýerde-de namazlygynyň üstünde uklap galan sopy hopugyp oýandy.

Bu bulam-bujar düýş Gulalynyň eňter-pelegini öwürmezmi! Düýnki göwün rahatlygyndan, Huda rahmediniň hözirini görüp ýörmesinden nam-nyşan bir galsyn-da! Ony Taňrydan daş düşürmek üçin, şeýtan peläketiň al salşyna bak-a! Iň dözmezini, eziz balasyny ara goşuşyny gör-ä! Soňundanam aýal-oglan-uşagyny başbitin ganymlaryň goluna berip goýberişine sered-ä! «Ýüregiň daşdan-demirden bolmasa, şu zatlara perwaý etmän nädip durup bilersiň?! Onsoňam Allanyň rahmedine duçar bolmak üçin, hemme zatdan geçmeli diýleni dürsmükän berin? Ýogsa-da, düýşümde gören şol pajygaly wakyýam – çagajyklarymyň ýer-ýesir sürlüp äkidileni hakykatda bolan däldir-le. Hudaýym, meni şol belaýa bir giriftar kylmaweri! Sen meniň ejizlerimi öz penaňda gorap sakla, menem saňa tä ömrüm ötýänçä tagat-ybadat edeýin! Daň-säher çaglary, rahmet işikleriň açylan wagty, meniň dileglerimi kabul

kyl, Biribarym! Belent başymy özüňden başga bir närsä egdirme, Hudaýym!..»

Ertir namazyndan soň çöp kümäniň kölegesinde sopularyň hemmesi toplumy bilen iýip-içip otyrkalar, baş sopy bir zat aňan ýaly, Gulalynyň ýüzüne siňe-siňe seretdi. Düýş gören sopy syr bildirmejek bolup, aladasyz sypatda görünmäge jan etdi. Ol müýnürgeme bilen: «Beh, ýüzüm üýtgäýdimikä?» diýip, özüni oňaýsyz duýdy. Her zat bolsa-da, töweregindäkiler bilen hoşamaý gürleşmäge, olaryň ýüzüne açyk göwün bilen bakmaga, ýylgyrmaly ýerinde ýylgyrmaga güýç tapdy. «Biribara pugta bil baglamagym gerek, Onuň penakärligine jan-dilden berilmegim gerek...» diýip, ol öz-özüne göwünlik berdi.

Uçmah ýaýlasy oba-garadan uzakda bolsa-da, keramatly piriň at-owazasy bu ýere ýygy-ýygydan zyýaratçylaryň gelip-gitmegine sebäp bolardy. Sadaka aýdylan mal-garany, baýlaryň hüşür-zekadyny getirýänlerem bardy. Olaryň käbiri bir salkyn, iki salkyn düşläp, myhman bolup galardy. Sopular olardan ýurtda bolýan üýtgeşik wakalary, il-ulusa ýaýran del gürrüňleri eşiderdi. Ine, häzirem şonuň ýaly myhmanlaryň biri, Ahal ilinden gelen alagöz, buýrasakgal, geplemsek ýaşuly geň-taň täzelikleri ýetişibildiginden madyrdap

eňterip otyrdy.

— Älhepus! Gün geldikçe gulagyň gowy zad-a eşidenog-ow! Bu dünýäň gowgasy artyp gidip barýar-ow! Hudaýsyzlar ýurdy ele aldygyça milletiň üstüne beterden-beter dyzap gidip otyr-ow! Päli azyp, jynsy üýtgäpdir pelitleriň! Gör, ahyry edýän işlerini! Şäheriň ýakasyndaky gadymy galalardan biriniň daşyny berkidip, derwezesine tüpeňli garawul goýanmyş. Hökümetden gaçyp-tezip ýörenleriň dogan-garyndaşlaryny, aýal-ebtadyny, çaga-çugasyny girewine aldym edip şol gala dykyp durmuş. Millet şol gala eýýäm adam dakypdyr. «Ýesirgala» diýýäler...

— Toba, Hudaýym, beýle-de bir masgaraçylyk bolar ekeni!..

— Hökümede gelişýän zat däl! Çaga-çugany ýer-ýesir edip...

— Aý, tersanyň hökümedidir-dä. Heý, onuň gowulykda görnen mahaly boldumy?!.

— Biziň könelemmizde «Gaçany kowuja bolma» diýen gep bardyr welin, bu namartaý onuň ýaly zadam bilenok...

— Garazhaý, milleti mundan beýlägem horlajak-da...

Sopularyň hersi bir zat diýensoň, geplemsek myhman madyrdap, gaýtadan alyp göterdi.

— Il arasynda dowul düşüpdir. Halk janyna jaý tapanok. Her kim özi gizlenjek, çagasyny obadan gaçyrjak. Golaýda men şol «Ýesirgalanyň» duşundan geçemde, nebsim-janym agyrdy. Yzlaşyk, eňreşik. Yllaki goýun sürüsiniň üstüne guzusy çozdurylan ýaly...

Şum habardan ýaňa Gulaly kellesine taýak degen ýaly sähneläpdi. Ol hyrçyny dişläp, uly göwresini bir gysym edip müzzerilip otyrdy. «Agşamky düýşüm düýşem däl ekeni, çagalarymyň dady-peryady ekeni» diýip, ol galagop pikirlere berlipdi. «Meniňkilerem eýýämhaçan ele salaýdylarmykan? Eger entek ele salmadyk bolsalar, men olaryň ýerini üýtgedip ýetişermikäm? Gumuň jümmüşine siňdirip, goňur baýlarynyňkyda gizläýsem näderkä? Gaty tiz äkitmesem, soňuna galaýmagymam daş däldir. Pirden rugsat sorasam, gitme diýmez-le. Perzentlerimi goramak Hudaýyň öňünde meniň parzym-borjum dälmi?..»

Gulaly indi terziniň üýtgändigini baş sopudanam, beýlekilerdenem gizlejek bolup duranokdy. Içinden turýan howsaladan gizläp saklamaga häzir onuň asla ýagdaýy ýokdy. Baş sopy hem onuň ahwalyna düşünen

bolmaga çemelidi: indi öňküsi ýaly gyjalatly, yzgytsyz nazary bilen iýip baranokdy. Gaýtam tersine, sopular işli-işine darganda, ol Gulalyny bir çeti çekdi-de, oňa iňňän adamkärçilik bilen söz gatdy.

— Gudratly Taňrym müşgilleriňi asan eýlegeý, balalaryňny öz penasynda aman saklagaý, eshabyl-käpler kimin ýaman gözden gizlegeý. — Baş sopy ýüzüni aşak salyp, az wagt oýlanyp durdy-da, soňra başyna iş düşen söhbetdeşiniň göwnünde umyt uçgunyny döredip, täze bir röwüşde gürledi. — Öňräkden bäri pirimiz bilen geňeş etsem diýip küýüme salyp ýördüm. Indi barmaly wagtym boldy gerek. Oňa aýtmakçy zadym seni höküwmet bilen ýaraşdyrmagyň gürrüňi. Özüm welaýata gidibersem diýýän. Netim ijraýkomda gulluk edýän birinden sorag salmak. Eger Gulaly ýaragyny tabşyrsa, onuň günäsi ötüljekmi – şony aç-açan aýdyň diýip bilip gaýtmak. Kimden, nireden habar gelendigini duýdurmakçy däl. Tanşyň tanşynyň üsti bilen iş görmekçi. Ijraýkomda meniň ýegenimiň doganoglany gulluk edýän bolmaly. Şonuň üsti bilen sorag salmakçy. Eger ijraýkomda «Gulaly ýaragyny tabşyrsa, biz onuň günäsini geçýäris» diýseler, onda seniň bagtyň getirdigi. Arkaýyn gezibermeli borsuň. Aslyýetinde, seniň ötülmez-geçilmez ýaly günäň

barmy?! Öldüreniň-ýitireniň ýok ahyryn!

Gulaly baş sopynyň ýüzüne uly minnetdarlyk bilen garap, oňa öz ykbalyny hem maşgalasynyň ykbalyny ynanýandygyny duýdurdy. Şol günüň agşamy sopularyň kethudasy nirädir bir ýana gürüm-jürüm boldy. Gulalydan hem pirden başga hiç kim baş sopynyň nirä gidenini bilenokdy. Baş sopynyň dört günde, bäş günde yzyna köwlemänligi çöp çatmanyň hudaýhon ýaşaýjylarynda köp-köp çaklamalar hem sowallar döretdi. Pir hezretleriniň hyzmatyna gatnap başlan Sary sopy hem bu sowallara jogap bererden ejizdi.

Şunça günläp ýola göz dikip garaşýan Gulaly bolsa, gaýgy-hasratdan hem näbelli ýagdaýdan ýaňa dälilik hetdine ýetipdi. Gündizlerine janyna jaý tapman, gijelerine gözüne uky gelmän, Uçmah ýaýlasyndaky sazaklyk tokaýyň içinde zowzuldap aýlanyp ýördi. Wagt-wagt baş sopynyň dolanyp gelerine-de garaşman, maşgalasyny halas etmäge eňibermäniň küýüne düşýärdi. Birdenem, belkem, baş sopy ýagşy habar bilen geler diýip inçe tama bolýardy. Şu zeýilli nalajy ýagdaýda horlanyp, bir hepdäni arka atanda, şuralaryň üstüne ilçi bolup giden kethuda ahyrsoňy yzyna gaýdyp geldi. Baş sopynyň ýüzüniň salyklygy, keýpiniň synyklygy ýoluň argynlygy bilen bagly bolmaly däldi. Onuň tutuş

sypatynda göwnüne deglen adamyň çuňňur nägileligi bardy.

— Näletkerde käpirler! – diýip söze başlanda, onuň çal sakgalynyň gahardan ýaňa sandyraýany bildirdi. — Beglik ýeten bedasyllar! Sen adam ýaly töwella edip barsaň, olar gyýrjanlaryny ýakalaryndan çykarýalar! Nämemiş – güýçleri ökdemiş! Ýeňleniň ýeňsesinden basjaklar, masgaralap keýpini görjekler! Türkmende «Göni gelen keýigiň iki gözünden başga aýyby ýok» diýilmeýänmidir? Emma bu doňuzlaryň aýdýanyna bak-a! Sen şäheriň Teke meýdanynda bazar güni uly mähelläniň öňünde dyza çöküp ýaragyňy tabşyrmalymyşyň! Urşup ýeňlen it ýaly guýrugyňy ýamzyňa gysyp çyňsamalymyşyň! Bedasyl haramzadalardan ötünç soramalymyşyň! Şondan soňam ýaragyňy eliňden alyp, jemagatyň öňünde süýt etjekmişler. Süýt näme jeza berse, şoňa-da kaýyl bolmalymyşyň.

— Özüm barman! – diýip, Gulaly çürt-kesik jogap berdi.

— Ýör, onda piriň ýanyna!

Baş sopy alyp gelen habaryny, gaharyny ýuwda-ýuwda, pire-de gürrüň berdi. Ak guş ýaly bolup oturan

ýagşyzadanyň gan-koksuz süýnmek ýüzünde çala bildirýän çytawunlyk göze kaklyşyp gitdi. Ol gunda ýaly juw-ak sakgalyna uzyn süňklek barmaklaryny ýetirdi-de, başyny ýaýkap:

— Men müridimi ölüme ýollap bilmen. Käpire ynanmak janyndan ireniň işidir – diýdi.

— Gaty dürs aýdýaňyz, pirim! – diýip, baş sopy gyzmaçlyk bilen alyp göterdi. — Olaryň bolan bolşuny göremde, edil özümiňem goluma ýarag alyp çöle çykasym geliberdi. Meniň diýenim bolsa-ha, Gulaly sopynyň elini boş goýbermäň, pirim! Çagalaryny has ynamdar ýerde gizläp gelýänçä, onbirataryny beräýseňiz näder?

— Ýaragyň zamany ötdi. — Pir göwnünde saldarlaýan oý-pikirleriniň agramyna görä çalaja yranjyrap gepledi. — Käpir biziň ýurdumyza doly eýe boldy. Indi onuň döwran sürmeli zamanasy başlandy. Hudanyň beren möwritini sürüp gutarýança, oňa hiç zat kär etmez! Wagty gelende, buz erän ýaly, pagyş-para bolup gider.

Şondan soňky hezreti Nurnepes pir Gulaly sopa gol göterip ak pata berdi. «Möhümiňi bitirip, aman-esen gaýdyp gelgeýsen» diýip ýagşy dileg etdi.

Gulaly goňur Uçmah ýaýlasynda otlap-suwlap ýören

atyny sypalap-sermeläp eýerledi-de, agşam çaglary ýüzüni garaňka tutup, çöl-beýewana çykdy.

***

Gyrak-çetine gözýetmez giň alalykdan barýan otrýad birdenkä asmanyň eteginde emele gelen ajaýyp mugjyzany görüp, haýran galmakdan ýaňa aňk bolup, at başyny çekip durdy. Bu görünýän jadygöý tebigatyň söz bilen waspyny ýetirip bolmajak belent sungatydy. Ine, görseň, bir-birinden owadan, bir-birinden haýbatly ak mermer köşkler, gök gümmezler, haşamly minaralar başyny asmana diräp, adaja endireýän howada behişdi-anber sereşdiň ymaratlary ýaly akylyňy haýran edýärdi. Atlara gamçy çalsaň, sanly salymda alkymlap baragada, derwezesini tark-tark kakyp açdyraýjak ýalydyň. Bu täsinlige uçursyz göwni galkynan Daşaýak gapdalynda üzeňňisini çakyşdyryp duran Änewlä garap joşup gepledi:

— Hydyr gezen çölde, bak, ne gudratlar bolar ekeni! «Isgender, Jemşit saldyran beýik binalar görüner...»

Hemişe öz ýörelgesinden başga ýörelgäni äslemeýän Mädoraz dypow salgymyň manysyny derrew özüne ýordy:

— Ýok, ýok! Bu ýerde Hydyr-pydyra dahylly zat bolup

bilmez. Hakykatyny aýdanyňda, bu surat gadymyýetiň suraty däl-de, biziň şanly geljegimiziň suratydyr! Biziň şu günki gurýan täze jemgyýetimiziň misilsiz keşbidir! — Dypow öz sözünden ylham tapyp, ýasy ýalpak ýüzüni goýazylandyryp, endigine görä, başyny yralap-yralap gepleýärdi. — Görýäňizmi, nähili ajaýyp, nähili owadan?! Biz, ine, şunuň ýaly geljegiň hatyrasyna barlyşyksyz göreş alyp barýarys. Şu ýowuz göreşde biz san-sajaksyz duşmanlarymyzy ýer bilen ýegsan etdik. Indi olaryň gala-galmasyny hem kül-peýekun ederis! Muňa şek-şübhe bolup bilmez!

Köpçüligiň oýlanmak endigini galypa gapgarjak bolmak mydama-da bar zat. Emma Daşaýagyň hötjet beýnisi şunuň ýalyda hemişe tersine işleýär: «Dogrudanam, ýom-ýok etmegiň-ä kemini goýamzok — diýip, ol içinde küpür bolýardy. — Ýöne şu aýdylýanlaryň ýerine düşjegine kepil geçip bormuka? Bardy-geldi bu dökülen ganlar biderek bolup çykaýsa, şonda näderkäk? Munuň soňuny görüp gelen ýok ahyryn. Salgymdaky köşgi-eýwanlaryň, gümmezdir minaralaryň hakykata öwrülip, gözümizi guwandyrjagyny kim bilýär...»

Salgyma aňkaryp birdem daýanan otrýad häzir ümmülmez alanyň içi bilen gezerine goýberip eňip barýardy. Atlaryň toýnagyndan zyňylýan gumbaýrak

ýagyş gurbagasy ýaly bökjekläp düşýärdi. Daşaýak öz pikirinden özi alada tapynyp, ünjüli gözlerini öňe ümzük atýan alaşasynyň şabram ýalyna dikipdi. «Siňek öldüremzog-a... Adam öldürýäs. Onda-da iň edermen, iň dogumly ýigitleri saýlap gyrýas. Häzirem Gulalyny çölüň çaýkellerine şam etmäge barýas...»

Daşaýak birdenkä başga bir zat göwnüne gelen ýaly, hälki salgymy gören ýerine ýalt edip bakdy-da, öňki ajaýyp köşkleriň, haýbatly gümmezleriň, belent minaralaryň sypba-sypyrylyp ýitirim bolandygyna haýran galdy. «Edil-aýt ýaňyja-da mesaňa-mälim görnüp durdy diýseň, şu mahal hiç kimem ynanmasa gerek! Hamala, düýbünden bolmadyk ýaly! Asla hiç haçan bolmajagam ýaly!..»

Heran-haçan ýol ugrunda duş gelýän çakyr süňkler bir mahal bolup geçen hasratly wakalara şaýat bolup çagşap ýatyrdy hem bu ümmülmez çölüstanyň öňünde janly-jandaryň gaty ejizdigi barada oýlanmaga mejbur edýärdi. Käýerde kiçeňräk depeleriň başyny eýeläp oturan mähnet guşlar geçip barýan atlylara biperwaý garap: «Ýüz ýyllyk ömrümizde siz ýalylaryň gözüni köp-köp çokalandyrys-a. Ýene-de çokalar ýaly, biri-biriňizi köpräk öldüriberiň!» diýýän misillidi. Çölüň asman bilen tapyşýan sepgidinde, uzak-uzak gözýetimde,

süýnüp barýan keýik sürüsimi ýa-da ala buludyň kölegesimi, çala göze kaklyşyp ýitip gidýärdi. Bu täsinlikleri synlap barýan Daşaýak: «Çölem bir gudrat-ow! Munuň göwsünde näçe gezseňem, asla özüne öwrenişdirenok!» diýip, öz ýanyndan içini gepledýärdi.

Giç öýlän atly jigitler hol öňlerinde bir gara gördüler. Kowup ýetseler, ynha, bir eşekli goja. Ýagyrnysyny tüňňerdip ýaýkyldap barýar. Iki egni gulagyna ýetäýjek-ýetäýjek bolýar. Şu gözgyny halyna onuň il-ulusdan uzaklaşyp, şeýle howply ýola çykyşyny geň gören jigitler:

— Häý, goja! Ugur nirä-haw? Oba-garadan ýaman arany açypsyň-la! Sen özüň Hydyr ata bolaýma? Hernä, habarlaşman, gözden gaýyp bolup gidibermegin! – diýip, ýerli-ýerden sorag ýagdyrdylar.

Kerlew goja bir bada soraga düşünmän, çöňňelen gözlerini gyrpyldadyp bakdy. Gaýtalap gatyrak soransoňlar aglamjyraýan ýaly naýynjar ses bilen jogap berdi:

— Uçmak ýaýlasyna barýan, balalarym.

— Uçmah ýaýlasynda näm bar?

— Uçmah ýaýlasynda uçmahyň ak perişdesi, sadagasy boldugym Nurnepes pir bar. Men onuň

odun-suwuny daşap, külüni atmaga, aýak tozuny togap etmäge barýan. Ölmezimden öň günämi döküp, sogap gazanaýyn diýip barýan.

Nurnepes pir isimli, hudaýhonlyk hem takwalyk resiminde deňi-taýy bolmadyk ýagşyzadanyň çölüstanyň jümmüşinde, uzak ýaýlada, çöp çertekde ýaşaýandygy owalam jigitleriň gulagyna degmän duranokdy. Il içinde ýaýran gürrüňe görä, Nurnepes pir pany dünýäniň gykylygyndan gaçyp, galan ömrüni üznüksiz tagat-ybadatda geçirmek maksady bilen, çola ýerde mesgen tutanmyş. Bu dünýäniň nygmatyndan el üzüp, nebsini öldüren diri öwlüýäniň selälikde höregi bir tokga gurt, bir döwüm nan, bir käse suwmuş. Ol her günüň daňdany günäkär zeminiň üstüne dogmak islemeýän altyn güneşi töwella-tagsyr bilen dogdurmak üçin, özi ýaly gudratly pirler bilen bilelikde ak guşa öwrülip uçup gidýärmiş hem yzyna gaýdyp gelýärmiş.

— Nurnepes pir Hudaýyň halany, pygamberiň saýlanydyr – diýip, eşekli goja bu gürrüňleri halamaýan dypowyň içini byjykladyp, sözüni dowam etdi. — Sadagasy boldugym aý-güni dogduryp durmasa, zemini gaflat tüni basar. Musulman-käpir heläk bolup, zir-zibir dargap gider.

Mädoraz dypow gahardan ýaňa çişip, eşekli garryny jylaw çeýnäp bökjekleýän atyna depeledäýjek bolup, oňa gödek darady:

— Eý, akyly çaşan goja! Sen bar-da, şol piriňe aýt: biziň oňa çigit ýalam minnetimiz ýok! Elinden gelse, goý, asmany aşak çeksin! Zemini düňdersin! Kyýamat goparsyn! Biz köne dünýäniň harabasynda ýalpyldap göz gamaşdyrýan täze dünýä gurarys! Siziň köne dünýäňize müň degýän ajap dünýäni bina ederis!

Misli urşup aýrylan ýaly, nämedir bir zada jany ýanan dypow atyna gamçy çaldy-da, toplum jigidiň öňüni çekip gitdi. Eşekli goja ýol üstünde aňk bolup galyberdi.

Alalygyň demirgazyk ýakasyny parawuzlan gum ulgamy alys uzakdan salgymlap göze ilende, düýeli biriniň yzyndan sürüp ýetdiler. Sorap görseler, bu düýeli adam hem keramatly piriň aýagyna ýykylmaga barýan ekeni. Muny eşidende dypow öňküdenem beter ýüzüni kürşerdip, hüňürdäp-gargynyp, ýene atyna gamçy çaldy. Daşaýak onuň bolşuna düşünmän: «Bi, näme, milletiň pir diýip yňyp barşyna göriplik edýärmikä? Halky öz aýagyna ýykjak bolup gabanýarmyka?» diýip pikir öwürdi hem: «Megerem, şeýledir» diýip, belli netijä geldi.

Ilkagşam guma aralaşan otrýad çetilik ýapylaryň arasynda dem-dynç almak üçin düşledi. Şu ýerde ýatyp-turup, daň bilen ugradylar-da, Gün naýza boýy galanda Uçmah ýaýlasyna gadam basdylar. Uçmah adyny alan bu ýaýla neneňsi ýerkä diýip barsalar, ynha, sazagy-sözeni tokaý bolup giden ýapy-ýapy pessaý gumluk. Nurnepes piriň çöp çertegini gözläp tapýançalar, atyň kellesine ýetýän gum agaçlarynyň içinde ep-esli aýlanmaly boldular. Uzyn-uzyn sözen pudaklaryndan gurnalyp, daş-töweregi, üsti çöp-çalam bilen ykjam basyrylan çertegiň darajyk agzyndan içine garasaň, düşek deregine ýumşajyk urkaçy selin ýazylandygy görünýärdi. Ortarada diýseň syratly, diýseň nazarkerde, emma gaty hor kişi juw-ak sakgalyny döşüne saçalandyryp, ak peşini tegeläp, gansyz ýüzüni goýry salyp, Kuran kerimi okap otyrdy.

— Habarlaş! – diýip, Mädoraz dypow atyň üstünde oturan ýerinden çöp çertegi ädigininiň ökjesi bilen depip goýberdi. Çöp çertek çagşyldap sarsyp gitse-de, nazarkerde ýaşuly bir oturyşyny üýtgetmedi. Jigitler atdan düşüp, komissar bilen piriň arasynda nähili gürrüň bolarka diýip heşerlenişip durdular. Onýança Nurnepes pir iki eliniň aýasyny ýüzüne sylyp, «Allahy ekber» etdi-de, kitaby ýapyp, äwmän-alňasaman daş

çykdy.

— Essalamaleýküm, huda bendeleri! – diýip, ol uzyn hor synasyny saýhally göneldip durdy. — Geliň-de, myhman boluň! Gadamyňyz mübärek! Soýara söwüş goýnum ýok. Ýöne, isleseňiz, Allanyň nury rahmedini saçaýyn üstüňize!

— Sen, ýaşuly, din zäheriňi kimiň üstüne pürkseň şoňa pürk! Emma ony bize hödürleme! Sen, gowusy, Gulaly galtamany nirede gizleýäniňi aýt! Din-adaty perdelenip, halk duşmanyna hemaýat edeniň bilinmeýändir öýdýäňmi? Sömelip durma-da, tiz jogap ber!

Mädoraz dypowyň bu haýbatly sözlerine ýaşy segsene ser uran husnubelent goja parh etmedi. Ol asylly agras ýüzüni, hormata mynasyp salyhatly sypatyny, özüne ynamy bolan ynsanyň mertebeli görnüşini üýtgetmän, dolanyp içeri girdi-de, hakyky iňlis onbiratarуny okly hatary bilen alyp çykdy. Jigitler muny görüp, öz gözlerine ynanmajak boldy. Kurandan başyny galdyrman oturan terkidünýä pir kim, munuň ýaly dembermez ýaragyň bolmagy kim?!

— Alyň, merhemetli musulmanlar! – diýip, pir hezretleri onbiratary dypowyň eline berdi. — Men size

Gulaly goňruň ýaragyny tabşyrýan. Hudaýyň gudraty bilen ol meniň huzurymda toba kylyp, pälinden gaýtdy: mundan bu ýana şura hökümeti bilen uruş etmäni goýýan, gahar-gazabymy ýuwudýan diýdi. Siziň galtaman diýýäniňiz gol uzadyp, dyza çöküp, sopy boldy. Menem oňa päk ýürekden ak pata berdim.

Jigitler bu gürrüňe haýran galyp, bir-biriniň ýüzüne seredişdi. Gulaly ýaragyny taşlady diýseň kim ynanar?! Bu bolup biljek zatmy? Emma welin, honha, gundagyň inçe boýnuna göz-dilden goraýan alaja ýüp oralypdyr ahyryn. Hut Gulalynyň onbiratarynda şol misilli alaja bolmaly diýip gürrüň edilmeýärmidi?

— Indi, ýagşy ýigitler! – diýip, Nurnepes pir sözüni dowam etdi. — Sizem Gulalyny yzlap-kowlap ýörmäň-de, welaýata gaýdyberiň. Birek-biregi gyryp, hakykata ýetilen ýeri ýokdur. Zorluk nadanlykdyr. Zulum körlükdir...

Pire sözüni soňlamaga maý bermän, dypow oňa azgyryldy:

— Goý-aýt, goja! Sen oňa-muňa toba etdiren bolup, synpy göreşiň gün-günden möwjeýän galkymyny syndyraryn öýtmegin! Biz seniň tutup goýan guşuňy birçak ütüp gidendiris! Sen gan içiji synpyň wekillerini

diri galdyrjak bolýansyň welin, onyňdan netije çykmaz! Gulaly ýaragyny taşlady-taşlamady, biz üçin parhy ýok! Raýkom bilen ijraýkomyň bilelikdäki mejlisinde Gulalyny ýok etmek hakynda karar kabul edildi hem bu kararyň ýerine ýetirilmegi şu aýyň iş planyna goşuldy. Otrýad bu tabşyrygy wagtyndan ileri berjaý etmek barada öz üstüne möhüm borçnama aldy. Jigitler Gulalyny ýok eden bada, biz ýokary organlara maglumat bermeli.

— A-haý, ýaşuly! – diýip, çylkasyz Meret sähnede gapdaldan goşuldy. — Gulalynyň kellesi üçin epesli baýragam garaşyp dur. Bardy-geldi, sen bizi şol baýrakdan dagy kesjek bolaýsaň, aýtdy-aýtmady diýme, özüm-ä seni pir-öwlüýä diýip sylaman! Aýt, nirede gizlediň Gulalyny?!

— Gulaly gum içinde!

— Haýsy oýda? Haýsy ýaýlada? Haýsy çopanyň goşunda?

— Pir müridini belaýa giriftar kylmaz.

— Onda özüň bela giriftar bolarsyň – diýip, dypow piriň mübärek sakgalyndan penjäni urup dartdy. — Eziji synpyň haýyn wekili.

Aýak üstünde zordan duran ysgynsyz goja ýüzüni üýtgetmän merdemsi gepledi:

— Maňa eziji synpyň wekili diýmegem galatdyr. Bolşewik ýurdy alandanam bir ýyl ileri, erbet açlykda men mal-döwletimi ýetim-ýesire üleşdirip, nebsimi öldürip, ine, şu çertekde mesgen tutdum. Meniň bir baýlygym ruhy-rowanym bilen nury-imanymdyr. Men müridimiň haýsy ýerdedigini aýdabilmen. Aýtsam, imanymdan jyda düşerin.

— Aýtmabilseň aýtma! – diýip, Mädoraz dypow Meret sähnä ümledi. Kelesaň jigit ysgynsyz gojanyň arkasyndan baryp, bir depende ony ak çägäniň üstüne serreltdi-de, gamçy bilen şarpa-şarpa inläp başlady. Garry biçäre bolsa rehimsiz urgynyň astynda naýynjar towlanjyrap, janhowluna ümzügini öňe atyp, süýrenip sypjak bolýardy. Jellat ýürekli Meret sähne ony ömür sypdyrjakmydy!

Dypow ädiginiň burny bilen gojanyň bili diýmän, başy diýmän dözümli depýärdi:

— Aýt! Aýt! Aýtmasaň, Uçmah ýaýlaňy dowzah ýaýlasyna döndärin!

Agzy gum garban gojanyň gymyldysy galansoň, oňa ezýet bermelerini bes etdiler. Edil şol wagtlaram

komandiriň ýörite iberen üç sany atly nökeri tüpeňlerini gezeşip, piriň sopularyny öňlerine salyp sürüp getirdiler. Ýesirleriň arasynda baş sopyny, Sary sopyny, Atalyk ýasawuly hem başga-da birnäçe hudaýhon kişileri görmek bolýardy.

Allanyň dürrüýä nurdan ýaradan eziz perişdesiniň gum-gursa garylyp, depgilenip, har bolup ýatyşy bu görjegi ýaman betbat sopularyň ýüregini ýarmazmy! «Waý, pirim! Jan pirim!» diýşip, olar waýkyryşyp eňşeşdiler, dyza çöküp gol serdiler. «Maňlaý dirän medetkärim! Taňrynyň dergähinde howandarym! Diri bolsaň, tirsegiňe gal! Mübärek didaryňy görkez! Hak senasyn zyban kyl! Käpiriň golunda bizi ýetim goýup gitme!..»

Sopular dady-perýat bilen pirlerine tarap ümzük atyp, dyzanaklaşyp süýşdüler. Otrýadyň komandiri olaryň howuny basmak üçin, öňlerini gabalap durdy-da, mauzerini pagladyp atdy.

— Bes ediň! Haýýar jögüler! Gan içen synpyň şermende wekilleri! Siziň bu kejeňek gojaňyz Gulaly sopyny nirede gizländigini aýtmajak bolup öldi. Eger aýtmasaňyz, sizem ölersiňiz! Aýdyň! Aýdyň! Sen aýt! Saňa diýýän!..

Otrýadyň komandiri «Sen aýt!» diýip, mauzeriniň gögümtil öwüsýän gara nilini baş sopa çenedi. Hudaýhonlaryň çalsakgal kethudasy eýmenip, el bilen ýüzüni penalady.

— Men bilemok, kemendir! Men bilemok!

— Ýalan aýdýaň! Sen hökman biläýmeli! Aýtmasaň, ala sakgalyňy otlaryn, iki gözüňi köwlärin!

— Gulalynyň nirä gidendigini, şu mahal nirededigini bilmeýänligime ant içýän!

— Alladan, Kurandan, din-imanyňdan ant iç!

— Hemmesinden ant içýän! Hemmesinden!

Komandir baş sopynyň antyna ynanyp, onuň başyndan sowuldy-da, Sary sopyny gyssap ugrady. Olam ant içip beladan gutulansoň, Atalyk ýasawula gezek ýetdi. Hokurdawuk obasyndaky hudaýsyzlar jemgyýetiniň öňki başlygy Atalyk özüne gep gatylmanka öňürtiläp, komandire ýüzlenip:

— Salowmaleýkim, Mädoraz Agaöwezowiç! — Atalygyň sesinde merdemsilik hem içi ýananyň ýaňsy äheňi duýulýardy. — Köne şägirdiňizi tanamadyňyzmy? Aý, tanar ýaly hem bolan däldir-le. Päli azan, jynsy üýtgän, pis açan näletkerdäni tananyňyzdan

tanamanyňyz kem däldir!

— Kim borsuňyz? Derrew özüňizi tanadyň! – diýip, Mädoraz dypow hemle urdy. — Köp ýaňrasaňyz, ýeke oka tabşyraryn!

— Ýok, sen meni ataýyn diýseňem atyp bilmersiň! — Atalyk özüne ynamly, gaty arkaýyn gepleýärdi. — Gulaly goňruň şu mahal nirede gizlenip ýatanyny kim bilýär? Ýeke men bilýän! Eger meni hem atyp dynsaň, kim ony saňa aýdar? Hiç kimem aýtmaz! Ýöne menem içimi boşatman, göwün solpymdan çykman, saňa gerekli zady aýdyp goýbär öýtme, hawwa! Zorluk etseň-ä, asylam aýtman!

Gulalynyň kellesi üçin goýlan baýragy almagyň höwesindäki nökerleriň birnäçesi Mädoraz dypowa basalyk berip geplediler.

— Degme, komandir! Isläniçe ýaňrasyn! Soňundan bize gerek zady aýtsa bolýar.

— Batyr jigitler! Men ýaňramok-da, hakyky bolan işleri ýatlap durun. Ine, siziň şu komandiriňiz maňa din-yslama kast etmäni, metjit ýumurmany, ata-babalarymyzyň mazaryny depelemäni, arak-şerap içmäni, kesekiniň gelin-gyzyna göz gyzdyrmany, aý, garaz, nirede bir haramzadalyk bolsa, şony öwretdi.

Asly haramzadanyň öwredýäni hem haramzadalyk bolar ekeni!

Dypow nökerleriniň ýanynda özüne «haramzada» diýilmegine çydaman, ýaragyny göterdi. Emma nökerler:

— Hiç zat bolmaz-laý! Goý, geplesin! – diýip, ony ýene-de sakladylar. Atalyk ýagdaýdan peýdalanyp, hasam beterine tutdy:

— Siz şu doňuz oglunyň yzyna düşüp, kime garşy söweş edýäniňizi bilýäňizmi? Öz ýurduňyza, öz halkyňyza, öz-özüňize, ähli mukaddes zatlara! Hawwa! Emma ahyrynyň näme boljagyny bilerin diýseňiz, ynha, meni göräýiň! «Kapyra jan çekeniň muzdy gara gylyç» diýlendir. Täze durmuş gurýas diýlen zadyň düýbi çüýrükdir. Eýsem, milletiň iň naýbaşy ogullaryny gyrybam täze durmuş gurulýanmydyr?! Ýok, bu ýalan gürrüň! Milleti goýun sürüsi ýaly garawsyz üýşmeleňe öwrüp, onuň üstünden agalyk sürmek üçin şeýdilýär. Mädoraz Agaöwezowiç ýaly, kesekä satylan haýynlaram...

— Bes et! Bes et! Häzir seni bar-a...

Dypow özüniň wejeralanmagyna çydaman, gahardan ýaňa ýasy-ýalpak ýüzüni egşedip, şu sapar Atalygyň

ýazzy maňlaýyndan otlarly göründi. Emma otrýadda sarpasy tutulýan edermen esger Gara Baýmyrat ara düşdi-de, töwellaçy bolan boldy.

— Komandir! Sen bi düşünjesiz adam bilen deň bolma! Soň kemini goýman hasaplaşarys! — Daşaýak lakamly bu esger dypowyň masgaralanyşyna göhi gelýän ýaly, gara gözlerini garagollyk bilen oýnakladyp ýylgyrdy hem ýaňra sopynyň üstüne gygyran boldy. — Senem-how, tizräk tüket sakyrdyňy! Aýtjak bolsaň, aýt-da dyn Gulalynyň niredediginі! Halys ýürege-de düşdüň!

— Tükedýän, häzir tükedýän! – diýip, geplemsek sopy özüniň pis açan alabeder gollaryny köpçülige tarap uzatdy. — Ine, görýäňizmi, şu pis maňa Mädoraz Agaöwezowiçden ýokuşdy. Emma men daşymdan pis açan bolsam, bu ylhanat içinden pis açandyr. Şura hökümedi buýursa, munuň etmejek zady bolmaz. Hiç zatdan gaýtmaz: atasynam, doganynam gaýgyrmaz! Hatda ejesine-bajysyna el urmalam bolsa...

Dypow sopynyň sesini sem etmek üçin pagladyp atdy welin, hernä Daşaýak onuň elini sowup ýetişäýdi. Atalyk ýasawul, hamana, hiç zat bolmadyk ýaly, ýene arkaýyn gepläp dur.

— Indi atsaňyz atyberiň. Galan ömrümde Mädoraz diýen doňza gaýtadan duş gelmek arzuwym bardy. Göwnümdäkini aýdyp içimi sowatsam diýip ýördüm. Şol maksadyma-da ýetdim men şu gün. Indem pirimiň eteginden ýapyşyp, Allanyň dergähine barsam, arman ýok janymda. Gulalynyň niredediginem bilemok men. Aýtjagymy aýdýançam, bilýän diýip aldadym sizi...

Daşaýak gara gözlerini gülümjiredip, aradan aýryldy. Bolan işe göhi gelýän ýaly: «Dypowyň-a ýagşyja pedigulusyny berd-ow! Nökerleriň öňünde ony ryswa etdi-ow!» diýip göwnüne getirdi. Şol pursatda-da mauzeriň gürpe-gürpesi Atalyk sopynyň kükregini gyzgyn gülleden doldurdy.

Mädoraz komandir beýleki sopulary gyssajagam bolman, özüniň abraýdan düşürilen ýerinden tiz daşlaşmak üçin, atlanyp göterildi gaýralygyna. Jigitlerem onuň yzy bilen eňende, çertek tarapdan bir şatyrdy eşidildi. Daşaýak gaňrylyp baksa, Meret sähne gojanyň tünegine ot beren ekeni. «Uçmah ýaýlany dowzah ýaýlasyna döndärin» diýen gepi zalym ogly hakykata öwrüpdir. Daşaýak atynyň başyny aýlaga-da, çertege tarap ýüzin saldy. Baran badyna böküp düşdi-de, gum garbap ýatan piri arkan agdardy. Gojanyň ölüdigini-diridigini aňşyryp bilmän, her zadam bolsa, ony ot

çabrar ýerden daşraga süýredi. Soňra lowlap, towlanyp galýan ýalna çiňerilip, nämedir bir zat güpbe ýadyna düşen ýaly, sen-men ýok, urdy özüne oduň içine. Edil urşy ýaly hem tiz çykyp, geýimine ýapyşan ot-ýalny söndürmek üçin ürgün çägä togalanyp agynaklady. Daşaýak eliniň hem ýüzüniň jyz-jyz awuşaýandygyny syzyp ýerinden galanda, onuň gujagynda otdan halas edilen Kuran bardy. Jigit keramatly kitaby goltugyna salyp atlandy-da, hemralarynyň yzyndan kowup ýetdi.

Gorkudan ýaňa haýýady göçen sopular bolsa, Atalyk ýasawulyň maslygynyň ýanynda zähre-telek bolup galypdylar. Otrýad gözden ýiten badyna, olar pirlerine tarap waýkyryşyp topuldylar, dem-düýtsüz ýatan jesediň aýagyna ýüzlerini sürtüp, Uçmah ýaýlasyny ýaňlandyryp eňşeşdiler.

Nurnepes piriň patasyna uzak-ýakyn ýaýlalardan hem-de welaýatdan kän adamyň ýygnanandygy agyzdan-agza geçip, şu günlere gelip ýetipdir. Emma, çyn bolsa, sopularyň uzak ýaşan birisi, ýaňy-ýaňylaram könäni ýatlan mahaly, başga bir täsin gürrüňi «Gözüm bilen gören zadym» diýip aýdyp bererdi. Şonuň aýtmagyna görä, sopular pir hezretlerini ahyret ýoluna ataryp bolup, soňundan Atalyk ýasawuly depin etmekçi bolanlarynda, görseler, Hudaýyň gudraty bilen, hakykaty

aýdany üçin zalymlarça atylyp öldürilen sopynyň elinden-aýagyndan, ýüzünden-boýnundan, bütin jesedinden pis açmanyň besse-besse tegmilleri jan beren pursadynda ýom-ýok bolup ýitip giden ekeni. Mugjyza gören sopular içlerini çekişip: «Hakykatdan hem hiç bir närsede Allanyňky ýaly güýç-kuwwat bolanam däldir, bolubam bilmez!» diýip haýran galanlar. Soňra bolsa (heý, ömrylla ýadyňa düşjek zatmy?!) hudaýsyzlaryň owalky baştutany Atalyk ýasawuly sopularyň iki dünýä howandary keramatly Nurnepes pir bilen ýanaşyk mazar edip jaýlanmyşlar.

***

Çagalaryny gizlemek üçin ygtybarly ýer gözleýän Gulaly uzak çölüstanda mekan tutan adybir garyndaşlarynyň obasyna sürüp baranda, dört töweregini gum depeleri gabsan at gaýtarym oýda toý jemendesi göz gamaşdyrýardy. Hatar öýleriň arka ýüzündäki ak urpakda pälwanlar çyzganyşyp, göreş tutupdy. Eşigi sypyrylan bir öýde ýaglyga towsulýardy. Ýene bir ýerden bagşynyň sesi eşidilýärdi. Toplum-toplum toý mähellesi, gaýmalaşýan çaga-çuga haýsy tomaşa ýetjegini bilmän, ondan oňa agyp-dönýärdi. Çapuwa goýberiljek satanlak bedewler takyryň içinde gezim edýärdi. Janly soýulýan ýerde, bugarýan

gazanlaryň arasynda dogumly ýigitler çalasyn hereket edýän bolsa, tamdyrlaryň ýanynda ot goýberýän, nan ýapýan aýallar öz işine gümrady, suw daşaýan gelin-gyzlar kak bilen aralykda sallanyşyp gatnaýardy.

Kelte goňruň kethudasy Pereňli baý Gulalyny garşy alanda, onuň boldumly agras ýüzünde kanagatlanma alamaty göründi. Ol özüniň hormatly myhmanynyň iň sylagly ýaşulularyň oturan öýüne saldy. Gapydan ätlände içerdäkilere ýüzlenip:

— Buşluk, adamlar! Toýumyza sähranyň arslany-şiri geldi! Gulmuhammet ogly Gulaly beg biziň welaýatly goňurlarymyzdan. Gandüşer garyndaşymyz. Gumda-tümde onuň adyny eşitmedik ýokdur – diýdi.

Sähranyň eýesi maldar baýlar, özüni keramatly öwlüýä sanýan işan-mollalar Gulalynyň adyny eşideninden gürre örüp, onuň bilen ýekän-ýekän görşüp çykdy. Sarpasy belent tutulan hormatly myhman amanlyk-saglyk soraşylansoň, ýokary orunda güberilip oturdy. Emma onuň pil ýaly göwresinde öňki görlen haýbatly, sussuňy basyjy sypat bolman, gaýtam nähilidir bir göwni synyklyk göze ilýärdi.

— Garyndaşlar! – diýip, Gulaly aňyrsyndan hyňzap gelýän güýçli joşguna basalyk berip gürledi.

— Men pälimden gaýdyp, Nurnepes pire gol berdim. Onbiratarymy, okly hatarymy oňa tabşyryp gaýtdym. Meniň ýaragsyz gelşime synyňyz düşmedi öýdýän. Men kim, ýaragsyz gezmek kim?!

Bu oslagsyz habara haýran galan ýaşulular bir bada aýdara söz tapman, dymşyp oturdy.

— Sen ýaragyňy taşlasaňam, bolşewik ýaragyny taşlamaz ahyryn – diýip, Pereňli baý agras ýüzüni çytyp gepledi. — Bolşewik seni günüňe goýmasa, şonda nädersiň? Ýaňadan goluňa ýarag alarmyň?

— Ýok, ýok! «Men ömrylla ýaraga ýapyşman» diýip, pirimiň öňünde kasam içdim. Hakykatyň ýoluny ýarag bilen yzlaman, ynsap bilen yzlamalydygyna men köp-köp oýlanyp göz ýetirdim. Şu ýolda näçe horlugam bolsa, ajy ölümem bolsa, men dözmeli bolaryn.

Sähranyň şiri bolup gezen gerçek goç ýigidiň bu günki ejiz halyna gyýlan kişiler:

— Gulaly sopy, tutan işiň mübärek bolsun!.. Ýaradan ýaranlyk etsin! Pygamber-öwlüýäler hemdem bolsun!.. – diýşip, oňa göwünlik berdiler. Gulaly özüne aýdylýan ýagşy dileglere: «Omyşalla! Omyşalla!» diýip jogap gaýtardy hem göwnüçökgün, päli pes görnüşde ýüzüni sallap oturdy. Şol wagt ak telpekli bir ýigit çekinjeňlik

bilen gapydan yşyklap, nämedir bir zat aýdarman boldy. Pereňli baý onuň bilen iki agyz gürleşensoň:

— Gulaly garyndaş! Oglanlar seniň atyňam çapuwa goýberäýsek diýýär. Niçik görýäň, goşsunlarmy? – diýip sorady. Emma atyň eýesi bu gepi unamady:

— Men Allanyň dergähinde iň asgyn, iň ejiz, iň pukara bende bolup barmalydyryn. Mundan bu ýana bäsleşik, tutluşmak, ýaryşmak maňa ýaraşmaz.

— Myhman, seniň bu gepiň bir bidelil ýeri bar – diýip, goňur ýaýlalarynyň iň abraýly işany inçe ýülmek ýüzüni sypjykladyp gürledi. — At janawary myradyndan mahrum kylmak külli günädir. Goýber, bagtyny synasyn! Ýüreginde arman galmasyn! Nesline abraý getirsin! Dünýäde at galdyrsyn!

Ýaşulular ýerli-ýerden işany goldap: «Goýber-de-goýber!» boluşdy. Başdaşy, syrdaşy, ýaman günde ýoldaşy bolan bedewiniň özbaşdak ykbalynyň, aýrybaşga bagtynyň bolup biljekdigi Gulalyny heýejana saldy. Häzir onuň ýüregi darka iki bölünýän ýalydy. Ol Nurnepes pire onbirataryny tabşyranda-da şunuň ýaly ýüreginiň awap gidendigini syzypdy. Emma bütin dünýäni, ýaşaýşy terk eden müridiň nämedir bir zada ýüreginiň awamaga haky barmydyr? Öz ýüregine emr

edip bilmeýän kişiden hem ulug piriň sopusy bolarmy? Gulaly şu pikirler bilen dessine özüni ele aldy-da, atyny ýaryşa goýbermäge razy boldy.

— Gitse gitsin, goýberiň – diýip, ol ýüzüni galdyrman hümürdedi.

Ogul agtygy bolup, oňa-da atasynyň adyny dakan Pereňli baýyň bu günki toýunyň tutumy uly diýseň bärden gaýdýardy. Nahar çekilip başlananda, däbe görä, işan hezretleriniň öňünde kellebaşaýakly çanak goýuldy.

— Siziň piriňize barabar keramatly ýagşyzada türkmeniň çölünde tapylmaz. Oňa sopy bolanyňam sarpasy aýrybaşgadyr. Sizden burun almaga hetdimiz bolmaz, alyň! – diýdi-de, işan tagamy Gulalynyň öňüne süýşürdi. Myhman piriniň hatyrasy orta atylansoň, bialaç bolup, bir agyz datdy hem kellebaşaýagy köpçülige geçirdi. Soňra çekdirme, buglama, gömme, keýik etinden ýapylan kebap, palaw – adyny tutan tagamyň yzy üzülmän geldi durdy. Içeňde gaňşyrawugyňy tütedýän agaranly düýe çaly hem ýany bilen. Soňky döwürde ykmanda durmuşdan halys ýadan Gulaly adam şekilli iýip-içip, gözi ýerine gelen ýaly boldy. Töwir galdyrylansoň, uly-uly baýlar ýogyn-ýogyn gägirişip,

dünýä gürrüňine başlady.

Birsalymdan myhmanyň atyny ýaryşa goşmagy sorap gelen hälki ak telpek ýigit ýene-de gapydan yşyklady. Pereňli baý onuň bilen habarlaşdy-da, howsalaly görnüşde bärsine öwrüldi:

— Adamlar! Otrýad gelýär. Näderis? Myhmany nirä gaçyrarys? Üstümizi basdyraýdyk öýdýän.

Öýdäkiler gozgalaň tapyp, ornunda oturyp bilmän, howatyr bilen gapydan garady. Görseler, honha, ilerki gumdan çykan otrýad obanyň üstüne abanyp gelýär. Atlylar iki bölünip, garaguşuň ganat ýaýşy ýaly, saga-çepe ýaýraýar. Megerem, obany töwerekläp, gabawa salmaga niýetini diken bolsalar gerek.

— Baý aga, alada galmaň! – diýip, Gulaly parahat gepledi. — Bu zatlar Alladandyr. Takdyra ten berip, başa näme gelen bolsa görübereris.

Gorkudan ýaňa ýüzüne öliniň reňki uran işan Hudaýa sygnyp, çäresiz oturmany ýeterlik hasap etmän:

— Şunuň ýaly howp abananda, musulmany käpiriň zulmundan halas kylmak parzdyr – diýdi-de, Gulalynyň telpegini selle bilen çalşyrmagy zerur diýip tapdy.

Telpegindenem jyda düşende, Gulaly ýene bir gezek

hapa boldy. «Ilki demir galam – ýaragym, soň uçar guşum – bedewim, indem başymyň abraýy – telpegim golumdan gitdi. Hudaýym, ýene niçiksi muşakgatlar maňa garaşýarka?» diýip, ol gyýlyp oturdy. Emma onuň aýra düşen has gymmatly zatlary hem bardy: wepadar ömür hemrasy — aýaly, ýürekbagy — perzentleri. Gulaly olary uzak Ahal ýurdunda daryndaşlarynyňkyda gizläpdi. Bilseler, onuň naçaryny, çül-çagasyny synpy ýigrenjiň oduna ýakarlar: ýat illere zir-zöwran sürgün ederler. Goý, olaryň bardygyny hiç kim güman etmesin! Hatda Gulalynyň özi hem güman etmeli däldir! Eger olaryň diri galmagyny islese, Gulaly olary ýüreginden, aňyndan, huşundan sogrup taşlamalydyr! Ömürlik, ömürlik unutmalydyr! Goý, ýetimler öz ykbaly bilen ýaşasyn! Öz ykbaly bilen!..

Jigitleriň bir topary obany gabawa salsa, galany baýyň alty ganat ak öýüniň işigine toplumy bilen dykylyp geldi. Pereňli baý atlylary açyk ýüz bilen garşy aldy:

— Ýagşy ýigitler, tüweleme, gaýym toý üstüne geldiňiz. Düşläň, myhman boluň, dem-dynjyňyzy alyň. Hyzmat etmesi biz bilen.

— Gan içiji synpyň hyzmaty bize gerek däl – diýip, Mädoraz dypow baýyň ýüzüni dalady. — Sapalak atma-

da, sen bize dessine Gulaly galtamany tapyp ber!

— A-haw, kemendir! Sen oňa «galtaman» diýýäň welin, hany, ol pire gol berip, sopy bolanmyş-la. Aýagy mesili, başy selleli, goly kündükli namazhony sen nämäňe ýaratjak?

— Pereňli baý! Aýtdy-aýtmady diýmegin: gürrüňi köpeltseň, toýuňy dargadyp, obaňa ot bererin! Çar tarapdan pulemýot goýaryn-da, aýal-ebtadyňa, garry-gurtyňa, bala-çagaňa çenli paýhynladaryn! Goňurlaryň bir gyrylmak uçugy bar diýip, owaldan gürrüň edip ýörüs! Bol, tap Gulalyny! Tap, ýogsamam ynha, gitdiň!

Mädoraz dypow mauzerinii baýyň ýazzy maňlaýyndan çenände, töwerege üýşen mähelle elheder alyp düýrükdi. Baýyň haýýady göçüp, ýüzünden adam ruhy uçdy. Işikde toplum bolup duran işan-mollalar: «Ataram şü peläket. Atmazam öýtme» diýip, öz ýanyndan howp etdi. Betbagtlygyň labyry jemagaty basmarlap maýrara getirdi! Halys çydamaz ýaly bolanda, Gulalynyň özi işan-mollalaryň arasyndan saýlanyp öňe çykdy-da:

— Geregiň Gulaly bolsa, şol-a, ynha, men! Näme kasdyň bolsa, gel, menden çykar! Ýöne, başga kişä azaryňy ýetirme! Milleti gününe goý! – diýdi.

Dypow komandir gözüni ümländen, jigitler

Gulalynyň daşyna hüwwe üýşdi. Ony märekeden çete çykaryp, goluny arkasyna baglady. «Howply galtamany» tutup öwnerlik edinen Mädorazyň ýasy ýalpak ýüzüni ýyljyrakladyp, şu wagtky begenişini bir görsediň! Indi onuň Pereňli baý bilenem, baýy toýy bilenem işi ýokdy. Şu wagt jemagat, üstüne suw sepilen ýaly ýuwaşlap, gynançly halda ýüzüni aşak salyp durdy. Bolsa-da, ýaryşa giden atlaryň gaýdyp gelýän habary köpçüligi biraz janlandyrdy. Hanha, ýaryşyň öňi takyryň günbatar başyndan girip, bäri süýnüp gaýtdy. Höwesekler: «Haýsy öňde-de, haýsy öňde?» bolşup, daraklygyna galyp, atlaryň gelýän tarapyna boýnuny süýndürdi. Çapyşygyň gyzgalaňy hälki sus mähelläniň içini byjykladyp, ruhuny göterip, başga zady ýadyňdan çykardy. Köpçülik ýerli-ýerden göçgün tapyp, şowhun turzup başlady. Gulalynyň atynyň birinji bolup atylyp gelýänligi, belkem, jemagatyň ýüregini hasam joşdurýandyr.

— Haý, Gulalynyň aty öňde-le, haw!

— Baý aga, baýragyňy taýynla, haw!

— Wah, at diýibem şuňa diýäýseň!

— Ýyldyrym jan bolgun-a!

— Jigitlerem at çapyşygyna gyzygyp, takyryň günorta

ýakasynda toplumy bilen heşerlenişip durdy. Gulalynyň atynyň ozup gelýäni Mädoraz dypowyň gonjuna gor guýupdy. Ol ýalaňaç mauzerini depesinde bulaýlap, takyryň ortasyna gykylyklap eňdi:

— Galtamanyň gylýalynyň ozmaga haky ýokdur! Gan içijileriň ozýan döwri bir mahal ötüp geçendir! Hany, şonuň ozuşyny bir göreli-le! Ozaýmanjyk geçmezmikä!

Gök howany parlap, şowurdap böwüsýän okkesdirme bedew temegini taýzardyp, dypowyň duşundan sozulyp geçiberende, ol yzly-yzyna mauzerini patladyp, janawaryň içini gyzgyn gülleden doldurdy. Pelläni alkymlan at ýer süsňäp agdaryldy-da, takyryň ýüzüne şalkyldap degdi. Üstündäki çapyksuwar oglan tüwdürilip ýere düşdi.

Agyr mähelle üstünde ýyldyrym çakan ýaly tisginip gitdi. «Wah-heý! Wah, arman!» diýen ýangynly sesler göterilip, wagyrda öwrüldi:

— Päheý, myratyna ýetirmed-ow!

— Ganaty gyrdy-da!

— Ýüregini para-para etdi!

— Bagtyna baran ýagdyrdy!

— Wah, eliňden azar çekesiň!

— Aýbygadym haramzada eken!

— Türkmençilikde görlen zat däldir!..

Jemagatyň ýigrenji-gargynjy, gahar-gazaby barha joş alyp, dypowyň üstüne güwläp gaýdarly göründi. Ol gaty eýmenip, tizräk jigitleriň ýanyna çekilenini kem görmedi hem eglenmän ýola düşmegi buýurdy. Gulaly ýaly galtamany ele salansoň, indi onuň bu ýerde işi ýokdy.

Otrýad maýdalyna sürüp, garaňky gatlyşanda odunlyk bir ýere gabat geldi hem şol ýerde düşlemäni müwessa bildi. Bäş-alty ýerde ot ýakylyp, aşpezler nahar-çaý atardy. Jigitler kowçum-kowçum bölünip, her topar bir oduň daşyny gallap otyrdy. Uzyn gününi eýeriň üstünde haltyldap geçiren Änewli bilen Daşaýak hem çigreklije agşamda oduň hözirini görüp, maňlaýyny çygjardyp, ajy gök çaý süzýärdi. Daşaýak gözüni gyzyl közüň üwmegine dikipdi-de, bir nokatdan aýranokdy. Günortandan bärde bolan wakalar onuň paýhas eleginden elenip geçip durdy. «Gulaly-ha tutuldy welin, ýöne şol ýyldyrym süýnüşli bedewiň zalymlarça atylmagy ilde-ummatda görülmedik naýynsaplyk, namartlyk, hyýanatçylyk dälmidir?! Bigünä janawary toýnagynyň güýji bilen halal gazanan ýeňşinden namut

goýmak! Ynha, göräý, şu waka agza düşse, biziň barymyz ile betnam bolup galarys. Men şular ýaly ryswalyga şärik bolmak üçin ata çykyp, goluma ýarag aldymmykam?..»

Ýatmazdan öňürti daňyda oturan galtamana garawul durjak adamlar bellendi. Boýdan-başa ýaragly bolan bir toplum jigidiň ýanynda ýeke kişini gaçyrman saklamagyň näme kynçylygy bar? Gezek-gezegine ukyňy alyp saklabermeli bor-da.

Daşaýagy ukudan oýaranlarynda, gije ýarymdan agypdy. Ilkagşamky dury howa, häzir görseň, tanar ýaly däldi. Günbatardan köwsarlap öwüsýän ýel çöp-çalamyň başynda şuw-şuw ses edýärdi hem alaňlaryň depesini çaňadýardy. Tozan gözüňi açdyrman, dişiňde gyjyrdaýardy. Gijäniň gamaşyk bedroý sypaty ýüregiňi gysdyryp, göwnüňi gussadan doldurýardy. Gulalynyň ýogyn sazaga arkasyny berip, ullakan kellesini sallap, sargy astynda irkilip oturyşy hem her dürli garjaşyk pikirleri oýuňa getirýärdi. «Şeýle gujurly, edermen, akylly adamy nebsiň agyrman, gyzgyn güllä tabşyraýmak bormy?» diýip, Daşaýak öz ýanyndan şübhelenýärdi. «O günki salgymda görnen ajaýyp mermer köşkleri, gök gümmezleri, beýik minaralary hakykata öwürmek üçin gaýtam şunuň ýaly zor adamlar gerek bolmazmy? Älhepus, bu dünýäniň işlerine düşüner ýaly-ha

bolmady-ow!..»

Garawul jigit çelekden suw guýdy-da, doly kürüşgäni goly bagly bendiwanyň agzyna eltdi. Lebine öl degende tisginip oýanan Gulaly üstüne abanyp duran jigide haýallyk bilen ýüzüni galdyrdy hem tanajak bolýan ýaly siňe-siňe seretdi. Soňra üç ýola agzyny çaýkap tüýkürensoň, suwy başyna çekdi-de:

— Taňryýalkasyn, Daşaýak inim! Sen mert ýigitsiň! Mertligiňde durgun! – diýdi.

Ýagşyzadanyň senasy ýaly eşidilen bu söz jigide şeýle bir güýçli täsir etdi welin, onuň kalbynda Gulala bolan janköýerlik duýgusy joş alyp gomlap galdy. Häziriň özünde daňysyny kesägede, bendiwany boşatmak islegi ony pyçaga ýapyşmaga mejbur etdi. Emma daş-töwereginde uklaşyp ýatan hemralaryna ertir jogap bermeli boljagyny ýatlanda, özüniň bu pälinden el çekdi. Daň bildirip-bildirmänkä Daşaýak garawullygy başga bir jigide tabşyrdy-de, ornuna geçip gyşardy. Ol kellesinde gaýmalaklaýan pikirlerden sabap bilmän, esli salym ýeliň şuw-şuwuna diň salyp ýatdy. Daňdanyň süýji ukusyna batansoň, bilmeýär näçe wagtlap uklanyny, birdenkä turdy, bir gykylyk-zenzele. «Haý, gitdi-de, haý, gitdi!» Tarkada-turka. «Zalywat

sypdyrma!..» Zöwwe galyp baksa, töweregi som-saýak. Kimsi eýýäm atlanyp eňip barýar, kimsi atlanjak bolup başagaý. Ýel öňküdenem güýjäpdir. Ýerden göge sowrulýan, daşyňda köwsarlap aýlanýan tozanyň içinde zat saýgarmak hem aňsat däl. Gepsalgy, Gulaly gaçan bolmaly. Muny Mädoraz dypowyň mauzerini bulaýlap gygyryşyndanam aňmak bolýardy:

— Tiz boluň! Gyssanyň! Dumly-duşa ýaýraň! Gollaryň içini, sazak-sözeniň gür ýerlerini barlaşdyryň! Uzaga gidermän alalyň! Ýaraty adam uzaga gidip bilmez. Garawulyň atan oky oňa degen bolmaly.

Daşaýagam atlanyp, il ugruna ýüzin salyp barýarka, Gulalynyň şol zabun daňydan sypyp gidişini geň görüp, akylyna sygdyryp bilenokdy. Düýe bolup dyzasaň hem ondan boşar ýaly däldi. «Zalym ogly nädip sypdyka? Ýa-da kimdir biri daňyny kesäýdimikä? Ilki menem bir hyýal etdim-de, soň ýöwselledim-dä. Ýöne, il içinde mendenem ilgezik pyýadalar bar ekeni. «Sag sagynýança däli ogluny iki öýär» edäýipdirler. Gör, zaňňarlary!..»

Garawulyň gözüne çöp atyp, ýyldam alaşany münüp gyp basan Gulaly, yzyndan tüpeň sesi gümpüldäp eşidilende, eýýäm goşdan ýüz metr arany açypdy. Gurt ýaly dogumly belany bir ýola goluňdan sypdyraňsoň,

gijäniň bimahal çagy çaň-tozanly çölüstanyň içinden ömür ony gözläp tapýaňmy?! Kowguçy giden jigitler Günüň ýeri gyzaranda ygym-sagym gelip ugrady. Gözlegden netije çykmandygyny eşiden dypow komandir gahardan ýaňa guduza döndi. Ol ýüpüň kesilen ýerini jigitleriň gözüne sokaýjak bolup gykylyklady:

— Bu dönügiň işi! Biziň aramyzda dönük bar! Gan içiji synplaryň içalysy bar! Men ony hökman paş ederin! Ynha, görersiňiz!..

Gulalynyň yzyndan tüpeň atyp galan jigit, gümpüldi çykanda, atyň üstünde ýapyrylyp barýan gaçgagyň ziňkildäp gidendigini, garaz, oňa atylan okuň degendigini ynam bilen gürrüň berýärdi. Emma oňa ynanýan azdy: «Garaňkyda, çaň-tozanyň içinde sen onuň ziňkildänini nädip görüp bildiň?» diýýärdiler. Jigitleri üç-üçden maýdaja topara bölüp, komandir gözlege iberdi. Gaçgak tapylmasa, otrýadyň welaýata gaýtmajakdygyny aýtdy.

— Ýere girenem bolsa, asmana uçanam bolsa, şu günüň özünde ony meniň gözümiň öňünde gögerdiň! Diriligine ele salyp bilmeseňiz, maslygyny kese basyp getiriň! Kellesini kesip äkideris-de, bazaryň

derwezesinden asyp goýarys. Millete göz ederis.

Üçbir-üçbir bölünen jigitler täzeden gözlege çykanda, ýel ýatyp, howa çaň-tozandan mazaly saplanypdy. Ümsüm ýatan depeler, gollar gijeki harasatdan soň özüni dürseýän ýalydy. Naýza boýy galan Günüň gyýtak şöhlesine sazak-sözenleriň kölegesi zyra-zyra ak çägäniň üstünde uzalyşyp ýatyrdy. Gezerine sürüp barýan üç atlynyň biri Daşaýak, biri Änewli, ýene birisem Siňren diýen ýaş ýigitdi. Bular, buýruga görä, Ýyldyz boýlanyň çyrlasyny barlap, ondanam aňyrda Düňderilen düzden geçip, Gözoýugyň tümüne ýetip gaýtmalydy. Ýoluň uzakdygyny bilýän jigitler atyň arkasynyň mylaýym yralanyşyna aram-aram irkilip, tä gün günorta bolýança jylawy çekmän, uzyn menzil aşdylar. Onsoň bir towşanlyk çöketde düşläp, ot ýakyndylar-da, şara edinip iýdiler. Atlar garbanýança ondan-mundan mesawy gürrüň edişip oturdylar.

— Daşaýak akga, käýemeseň bir zat aýdaýyn-la – diýip, Siňren atly saryýagyz ýigit ýazykly görnüşde ýeňsesini gaşady. — Aý, öňräk bir mojuk iş boldydaraý. Hiç kime aýtmaly dälem diýdiler welin, aýtmasamam içimi ýaryp barýar. Gownüme, şu ymgyr çölem üstüme abanyp: «Aýt! Aýt!» diýip, hemle urup duran ýaly.

— Aýdar-da, dynarlar! – diýip, Änewli Daşaýakdan öňürdip ara goşuldy. — Aýtmasaň, içiňde dert galar. Aýdyp goýber!

— Aýtmaga-da utanýanlaý – diýende, Siňreniň ýuwansy saryýagyz ýüzi uýaljyrap sypajaklady. Şonda onuň erni bilen burnunyň aralygynda ýerleşen peşehordanyň solak yzy müňküldäp-müňküldäp gitdi. — O baýak Meret sähne gijäniň biwagt çagy on jigidi ukudan oýaryp, aýratyn jaýa ýygnady-da: «Jigitler, komandir bize aýratyn tabşyrygy ýerine ýetirmegi ynanýar, agzyňyza bijaý bek boluň!» diýip alyp gitdi. Şol onlugyň içinde menem bardym. Biz ýeriň pesti bilen bir obanyň çetinden bardyk-da, baştutanymyzyň öwredişi ýaly, bir öýe çozup girdik. Gaýtawul beren ýigidi urup ýykagadan, täzelikde gaýdyp gelen ýaş gelni süýräp alyp gitdik. Ýigitleriň köpüsi bagty ýatan zenany peçan edensoň, ony gumuň içinde göz-gülban ýagdaýda taşlap gaýtdyk. Men hernä el urmakdan saklandym. Hudaý abraý berdi...

— Dur! Dur! Dur! – diýip, Daşaýak janygyp garysyna galdy. — Siz Aman serdaryň obasyna baran-a dälsiňiz?

— Şoňa bardyk-da!

— Wah! – edip, Daşaýak hyrçyny dişläp buruljyrady.

Gürrüň berýän ýigit sözüniň üstüni ýetirdi:

— Jigitler zorluk edip durka, Gulalynyň adyny birnäçe gezek gaýtalap, hamala, bu wejeralyk Gulalynyň emri bilen bolan ýaly edip görkezdiler.

— Häý, haramzadalar! Neneň ynsabyňyz çatdy diýsene? — Daşaýak zöwwe galdy-da, gahar-gazabyna bäs gelip bilmän, kökünde guran garry sazagy gara güýji bilen depip goýberdi. Içi pide bolup giden sazak pakyrdap ýykyldy.

— Bäh, görlüp-eşidilen zat däl-ow! Heý, beýle-de bir pidullyk bolar eken! – diýip, gödeksi Änewlem gürmek gaşlaryny çytdy. Siňren bolsa pajygaly wakanyň soňuny aýdyp tamamlady:

— Ine, biz şu tär bilen Gulalyny iliň gözünden düşürmekçi bolduk. Ýogsa-da, Meret sähne näme diýýär-ä? «Şu eden işiňiz üçin göwnüňize çigit ýalam melal getirmäň» diýýär. «Ganym duşmany ilata ýigrendirmegiň uly moral-syýasy ähmiýeti bardyr» diýýär. «Halkdan arasy üzülen duşmany ýeňmek ýüz esse aňsatlaşýandyr» diýýär. «Onsoňam, hiç zatdan çekinmäň, Mädoraz komandir arkaňyzda dag ýaly bolup durandyr» diýýär.

— Wah, belanyň körügi şol deýýus dypowda dälmi?!

– diýip, Daşaýak ýene-de jowranmak jowrandy. — Ýezidiň oýlap tapan zadyna sered-ä!

Änewli Gulala ýapylýan şyltaklara özüniň turuwbaşdan ynanmandygyny ýaňzydyp:

— Ýadyňdamy, halypam? Bazarda jar çekişlik bolanda, ikimiz çaýhanada otyrdyk. Şo wagt men aýtjagymy aýtdym ahyryn – diýdi.

— Seniň näme aýdanyň ýadyma düşenok welin, ýöne meniň göwnüme-hä çiglik gidýärdi: Gulaly ýaly adamam şu tetelli iş edermi diýip, ýüzbe-ýüz ýatyşamyzda-da ol ajal okuny atmajak bolup, ýalan sag çiginden urýardy ahyryn. Bäh, adamy nädäýýärler-ä? Ýaman horlaýalar-ow! Adam adama şeýle birehim daramaly bor oguşýa! «Synpy ýigrenç» diýip tapdylar bir zady. Ýigrenç diýeniň görübilmezçilik, içigaralyk bor-da. Ýeri, içigaradan näme tama etjek? Ynha, göräý, bu zatlaryň soňy oňlulyga eltmez!..

Gulalynyň kastyna guralan mojuk ahwalaty näletläp pislänsoň, üç hemra ýene-de atlanyp ýola düşdi. Özlerem tä giç ikindine çenli dymşyp, içlerini hümledip gitdi. Ahyry Siňren dymyşlygy bozdy. Ol atyny ozduryp, öňde keserip durdy-da:

— Daşaýak akga! – diýdi welin, onuň saryýagyz

ýuwansy ýüzi berkäp, çynlakaý bir zat aýtjagy mälim boldy. — Menem ýenem bir iş etdim. Şonam aýdyp dynmasam – hiç bolanok!

— Aýt, inim! Egleme!

— Öten agşam Gulalynyň daňysyny kim kesendir öýdýäň?

— Oňarypsyň, inim! Öňki günäňi ýuwupsyň-da!

— Ýuwdugym bolýa gerek?

— Kemi galmaýa. Günäni ýagşylyk bilen ýuwman, dagy näme bilen ýuwjak?

Änewlem ýaş ýigidiň öwgüsini ýetirdi. «Sen-aýt, daşyňdan göreniň ýaly däl ekeniň» diýdi. Bular Ýyldyz boýlan ýaýlasyna ýetenlerinde, golaýdan jaň sesi eşidildi. Oýa inseler, honha, çopan bilen çoluk agyr sürini agyla saljak bolup dur. Iki sany mähnet goýun iti lowhuldaşyp bäri gaýdanda, çopan bilen çolugam atly jigitleri görüp, goýunlaryny unudan ýaly boldy. Olar atlylara aňkarylyp, doňup galdy. Myhman gelende türkmençilikde ite-guşa haý-küş edilýändir welin, bular beýle zady bilmeýärmikä? Ýa-da garakçy dökülendir öýdüp dilleri tutulaýdymyka? Goýunlary sürler diýip ýüregi bükgüldidemikä? Aý, şu eýýamda hiç zady geň

görer ýaly hem däl. Çöl gaty zaýalanypdyr.

Jigitler adam şekilli salam berip bardy. Atlary suwa ýakyp, özleriniňem düşläp geçjekdigini aýtdy. Myhmanlaryň garakçy-galtaman däldigi mese-mälim görnüp duranam bolsa, näme üçindir, çopan bilen çoluk gadyr açyp, «Geliň-geçiň» diýjege meňzänokdy. Olar, müýnli ýaly, ýüzlerini sortduryşyp durdy.

— Kimiň çopany borsuňyz?

— Ýalkap baýyň.

— Äh, şeý diýsene...

Soňky aýdylan söz edil gyjalat ýaly ýaňlandy. Hamala, baý husyt bolmanda, onuň çopany-çolugam gysyk bolar eken diýen many çykdy. Emma muny hiç kim gaty görmedi. Gaýtam ikisem goýunlary agyla salypdyr-da, germewajy ýapyp, ýüpüni daňyp-çöşüp, biderek ýere güýmenişen bolup dur. Iň bärkisi, «Hanha, guýynyň ýanynda goş bardyr, işimizi bolup bizem bararys, siz eglenmän düşüberiňem» diýenok. «Aý, diýmeseňiz diýmäň-le» diýip, üç atly guýa bakan özbaşdak sürüberdi. Barsalar, çolugyň garry düýesi janawar gäwüşini çalyp, lapbarylyp çöküp otyr. Guýynyň utunynyň ýanynda bili ýüpli iki sany çelek dur. Uzyn nowanyň iki gapdalyndaky suw dökülen çalpaw ýer tutuş torç edilip, goýnuň goşa

syňrak yzyndan doly. Goş-golamyň arasynda bolsa bir adam uzyn süýnüp, başyny gaýym basyrynyp, parahat uklap ýatyr. Jigitler guýynyň süýji suwundan atlaryny ýakyp, mytaralaryny dolduryp, bu ýüz berilmedik ýerden ugrajak bolup durka, ýaňky başyny basyrynyp ýatan pyýada agyr hassa ýaly hykgyldap, üstündäki ýapynjany serpdi. Ol dik oturyp, ýüzüni galdyranda, kowguçylar şir-peleň gören ýaly, ýaragyna ok sürenini duýman galdy. Olaryň alnynda oturan adam Goňruň galtamany Gulmuhammet ogly Gulalydy.

Çopan bilen çolugyň ýaňy jigitleri sowuk-sala garşylaýşynyň sebäbi indi aýan boldy. Olar Gulalynyň goşda ýatanyny bildirmek islän däldir. Emma gaçgagyň özi paş edilenine känbir parh goýmaýan ýalydy:

— Geçiberiň, oglanlar! Oturyp, dem-dynjyňyzy alyň. Ýadansyňyz – diýip, ol merdemsi hem parahat äheňde gepledi. — Men agyr ýaralandym. Sag pilçämiň aşagyndan giren gülle bukawlygymyň düýbünden çykdy. Ýagdaýym ebgär meniň. Şu ýere nädip özümi taşlanyma özüm haýran galyp otyryn...

Hakykatdanam, gaçgagyň egniniň üstünden aýlanyp salnan ýasy sargy ganjaryp durdy. Jigitler sessiz-üýnsüz atdan düşüp, keçe ýazyndy. Onýança çopan bilen

çolugam haýdaşyp geldi. Gulaly olara söwüş goýun soýmagy buýrup:

— Agaňyza ahyrky hyzmatyňyzy ediň, soňam maňlaýdakyny görübermeli bolarys – diýdi. — Bu oglanlardanam ýüzüňizi çytyjy bolmaň. Tozanly gije sazaga saralgy durkam, jigitleriň biri agzyma suw tutup berdi welin, yllaki Köwser suwumykan öýtdüm. Soň biri daňymy kesip gitdi. Görýäňmi, Allanyň rehimi ynsana erkini ýöredýär.

Daşaýak nahak töhmet ýapylan Gulala arassa göwünden täzeçe garap, onuň ýagşydan ýagşy ynsan keşbine öz ýanyndan kaýyl galyp oturdy. Merdana kişiniň agyr ýaraly bolup, yza çekip oturyşyna nebsi agyrýardy. Ol şu duýgy bilen garaňky düşmänkä ýaralynyň daňysyny täzeläp bermegi ýüregine düwdi hem torbasyndan däri-derman, sargy çykardy. Gaçgak jigidiň näme etjek bolýandygyny bilip, çaga ýaly begendi. «He-he, heý, äteňet!» diýip güldi. Ýarasyny çöşmäge ygtyýar berdi. Daşaýak ýasy guşak bilen daňlan ýarany açanda, okuň giren ýerinden beter çykan ýeriniň barmak sokaýmaly hoňkaryp durandygyny gördi. Deşigiň agzyna lagta gan ýygnanan ekeni. Jigit ýarany ýyljak çaý bilen ýuwup, hoňkaryp duran ýerine täzeden ykjam daňdy. Näçe agyrýanam bolsa ýüzüni

çytman oturan Gulaly:

— Ýedi pormy guýduň-ow! Derman dagy däldir – diýip begendi. — Inim, taňryýalkasyn! Hudaýdan gaýtsyn! Rehimdar ýüregiňe görä bagt tapasyň! Myratyňa ýetesiň!

Birsalymdan nahar-şoram ýetişip, gowrulan etden doly gara gazan ýaralynyň öňünde ornaşykly goýuldy. Çopanda artyk-süýşük gap-gaç bolýarmy näme?! Barysy şol gazanyň daşyna aýlanyp, gaçgagam, kowguçylaram, çopan bilen çolugam bile tagam iýdi. Alty adam gowrulan etiň hezilini alansoň, gazanyň düýbünde galan lödereli ýagdanam kaşyklap içdi. Giç agşama çeken gürrüňçilikden soň çopan bilen çoluk agylyň ýanyna ýatmaga gitdi. Gaçgak bilen jigitler bolsa goşda uklap galdy.

Ertesi daň atyp, jahan ýagtylanda, ýarasynyň agyrysyna çydaman oýanan Gulaly başyny galdyryp baksa, jigitler eýýäm zym uçan ýaly bolupdyr. Zalym ogullary daň atyp-atmanka ogrynça göterilen bolmaga çemeli. Ýene bir geň ýeri, olar Gulalynyň başujunda sahabyna gaýyş çekilen küti kitaby goýup gidipdir. Bu Uçmah ýaýlasynda şehit bolan hezreti Nurnepes piriň Kuranydy.

***

Çoluk oglan üç gün çöl söküp, ýolda-yzda görgi baryny görüp, agyr ýaralyny Ýalkap ýirjigiň öýünde düşürip gideli bäri, baý aýalynyň dert-aladasy köpelipdi. Syratly, edenli, gollary gujurly Begsoltan öýüniň duluny dolduryp ýatan pil ýaly pyýadanyň üstünde kökenegini gerip:

— Eziz doganymyň kyýamatlyk dogany Gulaly jan! Dähede neressäniň öleni azmy? Sen berin ölmäwergin! Ýaraňa derman bolýa diýseler, guşuň süýdünem taparys – diýýärdi.

Ýaňaklary lowurdap duran görmegeý gelin edýän işinden birjigem müýnürgemän, hakykatdan hem özüniň süýtdeş doganyna janköýerlik edýän ýaly, ýarala batyrgaý el urup, ony ýatan ýerinden galdyryp oturdýardy. Emaýlyk bilen sargysyny çöşläp, ýaradan gelýän iriňli jerhedi ýüzüni çytman arassalaýardy. Keseden garap duran adamsyna dözümli gepläp:

— Amanat ýaly bolup durma-da, gel, kömekleş-dä! Men arkasyndan aýrylsam ýykyljak ahyryn! – diýende, Ýalkap baý haýdap gelip ýapyşýardy. Onuň aýalynyň gepinden çykyp biljek gümany ýokdy. Aýalyna haý diýmelem bolanda, onuň dili baglanan ýalydy. Ýogsam,

ol öz aýalynyň gözüniň öňünde nämährem erkek kişiniň bilinden ýokarsyna ýalaňaçlap oturmagyna ömür razymydy. Begsoltan sülük ýaly barmaklary bilen galtamanyň gapak ýaly kükregine, digir ýaly çiginlerine, howut ýaly boýnuna galtaşanda, baý gabanjaňlykdan ýaňa guduza dönýärdi. Onuň göwnüne bolmasa, aýaly pälwan sypatly Gulalynyň gujurly bedenine guwanç hem söýgi bilen garaýan ýalydy. Şu pikir göwnüne gelende, baýyň hamyrsak lopbuş ýüzünde goşa monjuk ýaly bolup duran tos-togalajyk gözleri çerrelip hanasyndan çykaýjak bolýardy, selçeň mor sakgaly titir-titir edýärdi.

«Aýalyň saçy uzyn-da, akyly kelte» diýleni çyn eken. Ýogsam Begsoltan göz-görtele beýdip durman, baýyň hatyrasynam az-kem tutaýmaly ahyryn. Baý ony şu ýaşyna çenli eliniň aýasynda saklap geldi. Boý-syratyna, görk-görmegine guwanyp, senden öňňe maňa gerekmez diýip, üstüne aýalam almady. Dünýäde göwni islän zadyny tapyp berdi. Indem oňa eýle bolma, beýle bolma diýseň, ör-gökden geler. Sen meniň ak ýürekden edýän işime betgüman bolýaňmy diýer. Sen öz ýüregiňe osup, göwnüňe garalyk getirýäň diýer. Onsoň, aýal adama näbeletmi, onuňky dogry hasap ediler-de, senem gara ýürek, dargursak, was-was adam bolup galybererersiň. Aýdanyňa müň kerem puşeýman edersiň.

Aýtmasaňam, içiňe sal-da, jowran-da ýör. Ýalkap baýyň içine salmadan başga alajy ýokdy.

Mahal-mahal Gulalynyň ýarasynyň azary artyp, bütin bedeni ýanar ot içinde lowlaýardy. Okuň parran geçen ýerleri aýylganç şarpyldap, ony bar-bar bagyrybermäge uwundyrýardy. Emma ýaradar dişini berk gysyp, özüne buýrup, düýrügip-düwdek bolup saklanýardy. Şonda onuň çekýän azabyndan ýaňa ýüzi gara-ört bolup, maňlaýy sowuk der damjalary bilen örtülýärdi. Baý ony şunuň ýaly ebgär ýagdaýda gören mahaly birneme giňemänem duranokdy. «Bu işigaýdanyň öz derdi başyndan agdyk ahyryn. Aýala-gelne eli ýeter ýaly däl-ä» diýip, Ýalkap ýirjik akylyna aýlanjak ýaly edýärdi. Wah, hemişe şeýle bolsady! Emma adamyň isläni bolup durmy?!

Içiňi ýakaýyn diýen yaly, birden-birden Gulalynyň ýagdaýy allanäme gowulanybam duruberýär. Şonda Begsoltan düşegiň gyrasyna legeni süýşürip, ýaradaryň goluna özi kündükden suw akydýar. El-ýüzüni ýuwduryp, çaýyny üç öwran agdaryp goýýar. Häzir içjegini käseden käsä agdaryp sowadýar-da, eline tutdurýar. Wah, Begsoltan özüniň nikaly ärine bir gezegem şu zeýilli gadyrly hyzmat etmedi-dä! Näme, şunuň ýaly jana ýaramly hyzmaty Ýalkabyň göwni

islemeýändir öýdýämikä? Ol peläket bolsa, men Gulalyny diýýän-ä, özüne edilýän hezzet-hormatdan göwnühoş bolup ýylgyryp otyr. Begsoltanyň jandan syzdyryp aýdýan gürrüňine hä berýän manyda çalajadan başyny atýar. Arasynda agyr gabaklaryny galdyryp, onuň keýwanysyna owsunjy nazaryny aýlaýar. Dogrudanam, onuň nazarynda tabyn ediji, pagyş-para erediji bir jady bar. Gelin-gyzlar-a şu nazaryň astynda süňňüni saklabilmän sazanakläberýän bolmaly.

Ine, şu ýerde Ýalkap ýirjik türmede otyrka Jumamuhammet işandan eşiden zatlaryny göz öňüne getirdi. Asyl bu galtaman pürsýäniň ýurduna aşanda jelephanalardan çykman, üç-dört lolyny puluna tutýan bolsa näme! Meýlis gurap, şol lolularyň wejera oýnuna tomaşa edýämişin. Päliýamanyň biri, ýalaňaç heleý görmäge halys endik bolansoň, düzüwli ýere gelip, egni lybasly zenan maşgala garasa-da, ony ýalaňaç sypatda göräýýämiş. Barypýatan dinden çykan haramzada diýerler muňa! Şu bolşuna ýanyna Gurhan göterip, käwagt kitabyň gatyny açanam bolýar-a. Bu pygly ýaman Begsoltana seredende-de, ýaňky aýdylany ýaly, ony wejera sypatda gözüniň öňüne getirýän bolsa gerek. Wah, seni edäýmelisi belli welin... özümde gaýrat ýok-da! Ýogsam şeýdip, göz-görtele namysymy depeleder

ýörerdimmi?! Öýüniň dulunda aýgyr eşek saklaýan adama binamys diýmän, eýsem kime diýersiň?! Şu bolşuňdan-a öleniňem ýüz esse gowudyr!..

Ýalkap ýirjik lopbuş ýüzüni myrdar egşedip, mor sakgalyny saňňyldadyp, daşary çykdy-da, mähnet türkmen paltasy bilen adamyň bili ýaly ýogyn sazaklary parka-parka ýaryp başlady. Ol çüýräp pide bolan sazakdan gaharyny çykarjak bolýan ýalydy. Şol wagt onuň aýaly işikden boýnuny uzadyp, çaga käýinýän ýaly igençli gepledi:

— Gapyňda goşa talaban barka odun aýyrmak saňa galypmy? Gürpüldedip-parkyldadyp durma-da, goý ahyryn! Ingiňi beterletseň haýryňmy?

Wah, seni! Keseki adamyň ýanynda ingisini ýatladyp, baýy ýere sokdy oturyberdi heleý! Bir gapdal ingisiniň taýyň torbasy ýaly salparyp durmagyna baý owalam öz ýanyndan kiçelip özüni şikesli adam hasaplap ýördi ahyryn! Ýeri, indi hol öýüň dulunda güberilip oturan aýgyr eşek näme pikir eder? Ol şu gürrüňi eşidensoň, Begsoltana öňküsindenem bihaýa garamazmy? «Päheý, gelin-ä ärden kösenen eken-ow! Ingisi salparyp duran betbagtdanam munuň ýaly görnükli zenana ýanýoldaş bolarmy?!» diýip içini güldürmezmi? Betgümanlygyň

oduna jany örtenen baý paltasyny aýlap ýere urdy-da, ýüzünden gar ýagdyryp, öýüne girdi. Ol dula seretmezlik üçin, tärime tarap ters öwrülip, torba elini sokdy. Näme gözleýändigini özi hem bilmän, torbanyň düýbüni dörjeläp, kaşyk-susak ýaly zatlary şakyrdatdy. Şol wagt Begsoltan Gulalynyň täzeje syrylan tap-takyr kellesine iňňeden çykma ak gaýma jambörük geýdirmek üçin onuň üstüne egildi. Şonda keýwanynyň altyn şaýly, ujy düwmeli ýos-ýogyn örme saçy ýagyrnysyndan syrylyp düşdi-de, ýaralynyň dulugyna degip sallandy. Düwmeleriň şaňňyrdysyna Ýalkap ýirjik ýalt edip bakdy. Ol gözüniň gören zadyna ýüregi ýarylan ýaly bolup ziňkildäp gitdi: onuň göwnüne, Gulaly ullakan burnuny öwrüp, Begsoltanyň ýogyn saçyny nebsewürlik bilen ysgan ýaly göründi. Baý guduza dönüp, daşaryk ylgady-da, ederini bilmän, ters aýlandy. Gapyda ýatan agyr palta gözi düşüp, ony donunyň syýyna çolagada içerik girdi. Görse, aýaly eýýäm gapböwre geçipdir. Gulaly bolsa Kuranyň gatyny açyp, doga okamaga ürdüni beripdir. Galtamanyň täzeje jambörük geýen päkizeje kellesi, baýyň içini ýakmak üçin diýen ýaly, şeýle gelşikli görünýärdi. Üstesine-de, ol edil urmak üçin goýlan misilli, diýseň maýaç durdy. Ýalkap baý eglenmän, Gulalynyň arka tarapyna aýlandy-da, hasyr-

husur paltany çykaragada gapyl oturan adamyň dik depesinden bar güýji bilen inderdi. Paltanyň çüwdesi kelleçanagy parka ýaranda, Gurhanyň açyk sahypasyna ynsan gany paýrap döküldi. Muny gören Begsoltan ýüregi ýarylyp: «Hiý-waý!» etdi-de, dazlap daş çykdy. Ol öýüň gamşyna ýaplanyp, uly sesi bilen möňňürip aglady. Ol aglap-aglap içini boşadýança ýygnanjak milletem ýygnandy. Baýyň gapysynda üýşmeleň emele geldi. Ana, şonda Begsoltan köpçüligiň gözüniň öňünde adamsyna ýumrugyny salgap-salgap urdy:

— Sen bar-a, Ýalkap baý! Sen heleýçe ýok ekeniň! Seniň erkek däldigiňi başyňa bürenjek atynaňda-da bilipdim!

Şol wagt ilerki ýapgydyň ýüzünden bir bölek atly jigidiň oba eňip gelýäni göze ildi.

***

Başdan-aýak bu wakalaryň içinde bolan hem elli ýyldan soň bu zatlary bize gürrüň beren Sähet Iner Owgany Gulaly galtaman baradaky kyssanyň munuň bilenem tamamlanmaýandygyny aýdanda, biz geňirgenmänem durmadyk. Ýeri, ölenden soň oňa näme bolup biler diýenimizde, ýaşuly kinaýaly gülümsiräp: «Ölenden soň gözüni garga çokany»

diýen gepi eşitmänmidiniz diýdi. O nähili boldy diýip soranymyzda, ynha, şeýle gürrüň berdi.

Tötänlikde Gulalynyň ölüminiň üstünden baran jigitler onuň jesedini keçä dolap alyp geldiler hem Mädoraz dypowyň buýrugy bilen, bazar güni milletiň derwezeden geçýän ýerinde onuň ýüzüni açyp goýdular. Edil şeýdäýmeseň ýanbermez garakçynyň ölenine aňsat ynanjagam däldiler. Şura hökümetine pitjik atyp, seňrigini ýygran bolýanlar! Hany, siz ynanmabilseňiz indem bir ynanmaň-da! Hanha, Garagumuň gara döw ýaly Moýsepidi gözüňiziň alnynda läş bolup keserip ýatyr!..

Maslygy alyp gelen jigitleriň toparyna baştutanlyk edýän Meret sähne, näme üçindir, birki gün bäri göze ilenokdy. Kerwensaraýyň howlusynda ertirine-agşama nyzama durýan jigitler: «Nirä gitdikä-de, nirä gitdikä?» diýşip, biri-birinden soraýardy. Emma sähnäniň nirä gidenini bilýän ýokdy. Ýöne welin, üçülenji gün diýlende, zaňňaryň biri, niredendir bir ýerden zompa çykaýmazmy! Özem-aýt, peläket, han ogly ýaly, geýnebilenini geýnipdir, bezenebilenini bezenipdir. Aýagynda sagry ädik, egninde goşa gyrmyzdon, bilinde ýüpek guşak, başynda şempa telpek. Jigitler onuň bu bolup gelşine geň galyp: «Zaluwat, sen oljanyň

lomaýyna çaňňal uran ýaly-la! Bu serpaýy nireden aldyň?» diýip sorady. Meret sähne batnyksyz kikirdäp: «Wah, lomaýyna el uzatdym welin, arman, aldyrmady-da» diýip, özüniň nireden gelendigini habar berdi. Ol hilbir iş bitiren ýaly öwnüp gepledi: Gulaly görgüliniň çep penjesini çapyp alagada, ony bazarda jar çekdiren Aman serdara eltip berendigini hem baýrak goýlan bäş ýüz goýny ondan diländigini gürrüň berdi. Aman serdar merhumyň ok ýalap geçen nyşanly penjesini alypdyr-da: «Hoş gelipsiňiz, ýagşy ýigit! Ýöne, biz Gulaly galtamany kimiň öldürenini eýýäm eşitdik. Seni hem, yhlas edip geleniň üçin, boş goýbermeris» diýip, şu serpaýlary ýapypdyr.

Meret sähnäniň eden bu gabahat işi jigitleriň uçursyz gaharyny getirdi. Ýerli-ýerden sögünç baryny ýagdyryp, onuň üstüni paýyş söz bilen gömdüler. Änewlidir Daşaýak ýaly gyzmalary bolsa, ony urmadanam gaýtjak däldi.

— Sen, wenezzyna! – diýip, Daşaýak sähnäniň ýakasyndan towlap alypdy. — Bir ýeriňde gaýratyň bar bolsa, Alynyň ala meýdanynda atyşylyp ýatyrka, sen onuň ýazzy maňlaýyndan urup, elini kesip gaýtsaň bolmadymy? Nädersiň, şu wagt janyňy jähenneme iberägede, eneňi dula bakdyraýsam?! Bigaýrat

haramzada!

Hernä dypow wagtynda ýetişip, özüniň gowy görýän jigidini köpüň gazabyndan halas edäýdi. Ertesi ir bilen nyzama düzülende, ol onuň öwgüsinem ýetirdi:

— Meret Akmeret ganym duşmanyň penjesini çapyp almak bilen, özüniň synpy ýigrenjini örän güýçli aýan edipdir. Men onuň bu hereketini tüýs ýürekden gutlaýaryn. Çünki, ynkylabyň duşmanlaryny kül-peýekun etmekde synpy ýigrenç diýilýän zat iň kuwwatly ýaragdyr! Men hemme jigitlere Meret Akmeretden nemuna almagy maslahat berýärin...

Ine, şu ýerde Daşaýak oslagsyz ýerden orta çykdy-da:

— Meret Akmeretden nemuna almaly bolsa, men bir sagadam otrýadda durup bilmen! Alyň ýaragyňyzy! – diýip, dypow komandiriň eline tüpeňi bilen hataryny tutdurdy. Änewli bilen Siňrenem dessine ýaraglaryny tabşyrdy.

Ýene birsalymdan üç atly kerwensaraýyň howlusyndan sürüp çykdy hem şäherden saýlanyp, Ahal iline bakan giň çölüň içi bilen gönüläp ýola düşdi. Olar menzil aşyp, giç ikindinler uç-gyraksyz alalykdan barýarka, şol bir mahalky ýaly, asmanyň eteginde emele gelen ajaýyp salgymy gördi. Üçüsem haýran galyp, aňk

bolup, at başyny çekdi. Ine, görseň, bir-birinden haýbatly ak mermer köşkler, bir-birinden belent gök gümmezler, beýik-beýik minaralar geljegiň misilsiz keşbi ýaly howada howalanyp dur. Emma ýaşyp barýan Günüň mämişi şuglasy astynda bu husnubelent ymaratlaryň üstünden gara gan syrygyp duran ýaly. Köşkleriň düýbünde-de gan deňzi çaýkanyp ýatyr. Älhepus, bu nämäniň alamatyka?! Bu elheder aldyryjy mugjyzany gören atlylar gorkudan ýaňa nähilidir bir galpyldy syzyp: «Eý, Hudaýym! Ertirki gün biziň başymyzda ne belalar barka?!» diýip howpurgady.